**Türkmenistanyň Bilim ministrligi
Marynyň H. Derýaýew adyndaky
Mugallymçylyk mekdebi**

# Zähmeti okatmagyň usulyýeti

**Taýýarlan: M.H.Welmyradowa
G.A.Durdymämmedowa**

**2009 ý**

# Giriş

Beýik Galkynyş eýýamynda Türkmenistanyň Prezidenti Hormatly Gurbanguly Berdimuhamedow bilim ulgamyny kämilleşdirmek barada uly işleri amala aşyrýar. Bu işleriň esasy maksady ýaş nesle berilýän bilimiň hilini gowulandyrmak we ony ösen ýurtlaryň derejesine ýetirmekden ybaratdyr. Bu ýurt bähbitli özgertmeler ösüp gelýän ýaş neslimizi Watany, ene topragy söýmeklige, päk zähmet çekmeklige, halal zähmet bilen ýurdumyzy baýatmaklyga ugrukdyrýar.

Mugallym ýaş şahsyýetiň ruhy dünýäsini döredijidir. Ol jemgyýetiň ynamdar ýüzüdir. Sebäbi jemgyýet mugalllyma aýdyň geljegimiz bolan çagalary ynanýar. Bu ynsanperwer we kyn kär adamdan yzygiderli döredijilikli işlemekligi, irginsiz zähmeti, pikiri, ullakan ruhy sahylygy, çagalara bolan söýgini talap edýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýolbaşçylygynda rowaçlanýan Beýik Galkynyşlar zamanasynyň dünýä ülňüsine gabat gelýän bilim we ylym ulgamy häzirki zaman interaktiw usullaryna, täzeçe gurnalýan sapak görnüşlerine, ýokary düşünjelilik işjeňligine gönükdirilen bolmalydyr. Şeýle meseleleriň çözülmegi bu dersiň bilim ulgamyndaky ähmiýetini has-da artdyrýar.

Türkmenistan döwletiniň ähli ösüş ýollarynda jemgyýetçilik gatnaşyklarynda mugallymyň ornuna, ýokary taýýarlygyna, zähmet sapagyny okatmaklyga hem uly üns berilýär, döwrebaplaşdyrylýar.

Zähmet mugallymy mekdep okuwçylaryny durmuşa, döredijilikli zähmet işine taýýarlaýar, olarda zähmet başarnyklaryny we endiklerini kemala getirýär, zähmet, ahlak, gözellik terbiýesini amala aşyrýar, olary hünäre taýýarlaýar.

Mugallymyň taýýarlygy, onuň bilimi, işe gyzyklanmasy bu köp derejede okuw işini kämilleşdirmek meselesini üstünlikli çözmäge, ýurdumyzda ösýän ylmy-tehnikanyň talaplary, döwrebap ylmy ýörelgeleriniň we medeniýetiniň umumy derejesi bilen gabat gelmelidir.

Bu kitap „Zähmet okuwyny okatmagyň usulyýeti“ maksatnamasy boýunça ýazyldy. Bu işde zähmet okuwynyň okuw-terbiýeçilik işiniň mazmuny we usuly taraplary, mugallymyň işiniň ýollary we usullary, käbir sapaklaryň mysaly meýilnamalaşdyrylyşy görkezilýär.

Bu gollanmanyň maksady-zähmet okuwynyň umumy kanunçylygyny açyk görkezmekden ybaratdyr. Okatmagyň usulyny saýlap almaklyk birnäçe şertlere baglydyr. Ilkinji nobatda, okuw materialynyň mazmunyny, şeýle hem okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryny, işe taýýarlyklaryny göz öňünde tutup, sapaklary geçirmek üçin şert döretmelidir.

Belli bir şertlerde okuwçylar bilen alnyp barylýan sapaklary meýilnamalaşdyrmak we guramak boýunça okuw gollanmasyndaky umumy usuly maslahatlar döredijilikli ulanylmalydyr.

## Zähmet okuwynyň usuly, maksady we meseleleri

Usulyýetiň öz öňünde goýýan maksady, meseleleri we gözleg usullary

bar. Usulyýetiň obýekti okuw prosesi hasaplanýar. Zähmet terbiýesiniň ýörelgelerine esaslanyp, dersi öwrenmegiň maksadyny, onuň mekdep okuwçysynyň şahsyýetiniň hemmetaraplaýyn ösmegindäki ähmiýetini açyp görkezýär.

Öwretmek usulyýeti hemişe belli bir maksada gönükdirilendir. Onuň maksady okuwçylary diňe bir bilim, başarnyk, endikler bilen ýaraglandyrmak däl-de, eýsem olarda zähmete, hünäre bolan söýgini terbiýelemekdir.

Häzirki zaman bilim we terbiýe bermegiň usullarynda, zähmeti okatmagyň usulyýetinde okuw dersi üçin we onuň düzüliş ulgamynda ylmy materialy saýlap almaklyga belli bir ugur bilen çemeleşilýändigi bellenilýär.

Zähmeti okatmagyň usulyýeti-zähmet mugallymynyň taýýarlyk işlerindäki esaslaryň biridir. Ol pedagogikanyň, psihologiýanyň we häzirki zaman tehnikanyň, şeýle hem önümçilik tehnologiýanyň gazananlarynyň ylmy belgilerine esaslanýar. Zähmeti okatmagyň usulyýeti dersini psihologiýanyň, okuw prosesiniň guralyşynyň, önümçilik tehnologiýasynyň gurnalyşyny we ykdysadyýetiň umumy kanunçylygyny bilmezden özleşdirmek mümkin däldir.

Mugallymçylyk hünärine eýe bolmak üçin okuw-terbiýeçilik prosesini dolandyryp bilmekligi, her bir takyk ýagdaýlarda nähili usuldan peýdalanmaklygyň iň gowy netijäni berýändigini, haýsy görkezme esbaplardan peýdalanmaklygyň sapaga oňyn täsir edýändigini öwrenmek zerurdyr.

Mugallym hemişe özüniň ylmy-usuly derejesini kämilleşdirmäge çalyşmalydyr. Zähmet mugallymlarynyň aglabasy öz pedagogik ussatlygyny kämilleşdirmek maksady bilen gözleg geçirýärler. Bu gözleglerde usulyýetde we didaktikada kabul edilen usullardan peýdalanýarlar. Olar syn etmek, gözegçilik etmek usullaryndan, nazaryýet gözleglerinden peýdalanmaklyga çalyşýarlar hem-de göreldeli pedagoglaryň tejribelerinden irginsiz öwrenýärler.

Zähmeti okatmagyň usulyýeti boýunça gözlegleriň hemmesinde diýen ýaly diňe bir usul ulanylman, şol ýagdaýlara hemmetaraplaýyn seljerme berýän usullaryň birnäçe toplumy ulanylýar. Şu ýagdaýda öňde goýulýan meseläniň çözgüdiniň hem tapyljakdygy ikuçsuzdyr

Usul ilki bilen mekdep dersiniň mazmuny hem-de häzirki zaman ylym giňişligi bilen berk baglanyşyklydyr. Usul-bu ders hökmünde okuw prosesiniň kanunlaryna, aýratynlyklaryna seredyär. Pedagogikada usul iki topara bölünýar.Olar hususy we umumy usullardyr.

Hususy usul-belli bir dersiň usulyny öwrenmekligi göz öňünde tutýar.

Umumy usul-okuwyň umumy kanunlaryna didaktika arkaly seredýär. Okuw prosesiniň özara üç baglanyşygy bolýar.
1.Okuwyň mazmuny.
2.Mugallymyň işi-okatmak, öwretmek, terbiýelemek.
3.Okuwçynyň işi-okamak, öwrenmek, terbiýelenmek.

Usulyň esasy meselesi-bu görkezilen prosesleriň kanunlaryny yzarlamak we olaryň esasynda okuw dersine degişli taraplaryny, mazmunyny özleşdirmekden ybaratdyr. Zähmet okuwynyň usulyýeti okuw dersleriniň arasynda esasy dersleriň biri bolup durýar. Bu ders pedagogika, psihologiýa we häzirki zaman önümçiligiň tehnologiýasyna esaslanýar. Zähmet okuwynyň meselesi geljekki mugallymlaryň sapakda dürli serişdeleri, döwrebap usullary ulanmaklyga ugrukdyrmakdan we sapaklary ýokary netijeler bilen guramakdan ybaratdyr.

Zähmet okuwynyň meseleleri beýleki dersler bilen bilelikde çözülmelidir. Zähmet okuwy barada öz pikirlerini iňlis alymy Tomas Mor şeýle görkezýär: „ Hemme mekdep okuwçylary ekerançylyk bilen meşgul bolmaly. Amaly işleri meýdanda geçirmeli.“ Fransuz filosofy Žan Žak Russo zähmetiň terbiýeçilik taraplaryna uly üns berýär. Ol şeýle diýýär: „Okuwçylary haýsy hem bolsa bir hünäre ugrukdyrmaly, olaryň ýasan zatlary jemgyýete peýdaly bolmaly. Çaganyň elleri ussanyňky ýaly işlemeli, kellesi bolsa filosofyň kellesi ýaly bolmaly“.Iňlis pedagogy Robert Ouen zähmetiň şahsyýete hemmetaraplaýyn täsir etmegini öz

işlerinde belläp geçýär. Rus pedagogy K. D. Uşinskiý zähmetiň terbiýeçilik prosesinde uly ähmiýetiniň bardygyny öz işlerinde görkezýär we çagalaryň durmuş ýagdaýlaryny göz öňünde tutmaklygy ündeýär. „Zähmet ýeňil däldir. Ol oýun ýa-da güýmenje däldir. Her bir adam öz öňünde goýan maksadyna ýetjek bolsa, ol hernäçe agyr hem bolsa, ony doly ýerine ýetirmelidir. Eger-de adamyň öz hususy zähmeti bolmasa, şonda adam öz hakyky ýoluny ýitirýär. Onuň öňünde başga iki ýol açylýar. Birinjisi, durmuşda närazylyk we ýigrenç döredýär.Ikinjisi, meýletin ýol bolup, öz-özüni bildirmän ýok etmeklige ýetirýär. Şol iki ýol adamy ölüme sezewar edip biler. Çünki, erkin we hususy zähmet bu ýaşaýyşdyr“ diýip, aýdylan pikirler özüniň ähmiýetini ýitirmeýär.

Pedagogika didaktikanyň we terbiýe nazaryýetiniň umumy ýörelgeleri bilen usulyýeti ýaraglandyrýar. Medisina, fiziologiýa we psihologiýa ylymlary ýetginjekleriň beden aýratynlyklaryny hem-de psihologiýasyny hasaba almak bilen okuw prosesini gurmaga kömek edýär.

Bularyň hemmesi zähmet mugallymyna okuwçylaryň okuw we akyl ýetiriş işini işjeňleşdirmek maksady bilen okuw-terbiýeçilik prosesini kämilleşdirmäge mümkinçilik berýär.

Zähmet mugallymynyň öňünde Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň kanunlarynyň berjaý edilişi we ýurdumyzda okuw-terbiýeçilik prosesiniň kämilleşdirilmegi baradaky uly hem-de jogapkärçilikli meseleler ýatyr.

Zähmet okuwy beýleki dersler bilen bilelikde şahsyýetiň kemala gelmeginde, syýasy aňly-düşünjeliligiň terbiýelenmeginde, ýokary ahlak häsiýetleriň kemala gelmeginde möhüm orny eýeleýär.

Zähmeti okatmagyň usulyýeti dersiniň esasy meselesi geljekki mugallymlara okuwyň usullaryndan, tärlerinden, gurallaryndan nähili peýdalanmalydygyny öwretmekden ybaratdyr hem-de mekdep okuwçylarynyň sapak döwründe syýasy, zähmet, ahlak we gözellik terbiýeleriniň üstünlikli amala aşyrylmagy, olarda maksatnamanyň esasy bölümleri boýunça nazaryýet bilimleriniň esaslarynyň kämilleşmegi,

gurallar bilen işläp bilmekligi, kagyz, karton, mata, tebigy serişdeler bilen işlemegi başarmaklygy göz öňünde tutýar.

Zähmet okuwynyň meselelerini umumybilim berýän dersler bilen berk baglanyşyklylykda çözmeklik göz öňünde tutulýar.

Okuwçylar ylmy düşünjelere daýanyp, aňly-düşünjelilik bilen zähmet işini ýerine ýetirýärler, olaryň zähmeti öz gezeginde nazaryýet bilimlerini berkitmegiň serişdesi hasaplanylýar. Mekdep okuwçylarynyň şahsyýetiniň kemala gelmeginde we ösmeginde, zähmete döredijilikli gatnaşygy ýola goýmakda sapakdan we mekdepden daşary işler uly ähmiýete eýedir.

Zähmet okuwynyň meselelerini dört topara bölmek bolýar:

1. Okuwçylary köpugurly zähmete taýýarlamak;
2. Zähmet okuwynda okuwçylaryň psihologik proseslerini ösdürmek we berkitmek;
3. Zähmetde okuwçylary hemmetaraplaýyn ösdürmek we terbiýelemek;
4. Okuwçylary amaly taýdan taýýarlamak.

## Okuwçylary köpugurly zähmete taýýarlamak

Umumy terbiýeçilik ulgamynda ýaş nesli köp hünärlilige taýýarlamaklygy umumybilim berýän derslerde, okuw we okuwdan daşary jemgyýete peýdaly zähmet işlerinde, mekdepden boş wagtlarynda, maşgalada, ulular bilen aragatnaşyk saklananda göz öňünde tutmaly.

Bu ulgamda mekdep ugrukdyryjy, öňdebaryjy orny eýeleýär. Köpugurly zähmete taýýarlamakda bilimiň we endigiň mazmuny terbiýe bilen baglanyşyklydyr. Hünäre taýýarlamagyň maksady zähmetiň üsti bilen syn etmek, özbaşdak pikirlenmek, işi ýerine ýetirmek we okuwçylara dürli gurallar hem-de serişdeler bilen işlemekligi öwretmekdir.

Okuwçylar mekdebi tamamlanlaryndan soň önümçiligiň işgärleriniň hatarynda peýda bolýarlar. Şonuň üçin mugallym çagalara mekdepde ilkinji günden başlap, köpugurly zähmetiň esaslaryny hemmetaraplaýyn düşündirmelidir.

Ösüp gelýän ýaş nesliň hünäre taýýarlygynyň anyk durmuşy esaslary iri senagat önümçiliginde gurnalýar. Önümçiligiň islendik pudagynda umumybilim we politehniki okuwlar, şeýle hem jemgyýete peýdaly zähmet bilen hünärmenleri taýýarlamaklygyň sazlaşykly geçirilmegi örän zerurdyr.

Yaş nesliň köpugurly zähmete taýýarlygynyň şertleri hem iri senagat önümçiliginde düzgünleşdirilýär. Şol esasda zawodlara, fabriklere gezelençleri guramaklyga, tejribe işleriniň dürli görnüşlerini geçirmeklige uly üns berilmelidir.

Yaş nesli önümçilik zähmetine taýýarlamak işinde öňi bilen matematika, fizika, biologiýa we himiýa dersleri boýunça umumy hem-de tehniki bilimleri bermekligiň ähmiýeti uludyr. Bilim bermek bilen birlikde, politehniki başarnyk zähmet okuwynda iň möhüm orny tutýar. Syn etmek, enjamlara gözegçilik etmek, çyzuwlary we shemalary okamak, bejeriş işlerini geçirmek we ş.m. işler onuň wezipelerini düzýär.

Politehnizm-bu uly ulgam bolup, muňa tehnikanyň dürli bölümlerini öwrenmeklik girýär. K.Krupskaýa politehnizmiň esasy ýörelgelerini başlangyç synp okuwçylaryna ýönekeý mysallaryň kömegi bilen düşündirýär. Tikin tikmegi çagalara dürli görnüşde öwredip bolar. Olara göni sanjymlary ýa-da halkalary tikmekligi birnäçe sagatlap öwredip bolar. Bu hünär öwrenmekdir. Bu okuwy başgaça hem gurap bolar. Tikin işini serişdäni we gurallary öwrenmeklik bilen baglanyşdyryp guramak bolar. Şeýlelikde, çagalara düşnükli bolar ýaly önümçiligiň bir prosesinde her hili materiallary öndürmek üçin dürli gurallaryň gerekdigini düşündirmeli. Şonda o1ar inçe iňňe bilen ýuka matany tikip bolýandygyna, ýogyn iňňe bilen galyň matany tikip bolýandygyna, derini bolsa biz bilen tikip bolýandygyna, kagyzy tikip däl-de, ýelimläp bolýandygyna, agajy hem tikip däl-de, çüýläp bolýandygyna göz ýetirerler. Bu bolsa tikin tikmekligi, kagyz, agaç bilen işlemekligi öwrenmeklige politehniki taýdan çemeleşmekdir. Bu okuw köpugurly zähmet okuwydyr.

Politehnizmiň okuw ýörelgeleri bilen başlangyç synp okuwçylaryny tanyşdyrmak möhümdir. Olar şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Işe gerekli serişdeler.

2. Işe gerekli gurallar.

3. Zähmetde adamyň iş orny.

4. Işiň netijesi-taýýar önüm.

Başlangyç synplarda zähmet okuwy sapaklarynda mugallym okuwçylaryň zähmete gerekli serişdeler baradaky gözýetimini giňeltmeli. Çagalar özlerine tanyş bolan serişdeleri, ýagny, kagyzy, kartony, matany, plastilini, agajy iş üçin ulanýarlar. Şunuň bilen birlikde okuwçylar tebigy serişdeler: ýapraklar, saman, dürli tohumlar, toýun, hoz we ş.m. bilen hem işleýärler. Mugallym tebigy serişdeleriň fiziki we tehnologik häsiýetleri bilen okuwçylary tanyş edýär. Gürrüň, söhbetdeşlik, syn etmek, tejribe geçirmek, amaly işleri we gezelençleri geçirmek döwürlerinde okuwçylar kagyz we dokma senagaty, keramiki, çap ediş, gurluşyk önümçiligi barada umumy düşünje alýarlar. Serişdeleriň hilini we olar bilen işlemegiň usulyny öwretmek bilen birlikde okuwçylaryň köpugurly zähmet gözýetimi giňeýär hem-de olaryň özbaşdak zähmeti düşünjeli, oýlanyşykly we netijeli bolýar.

Mugallymyň esasy wezipesi- okuwçylary zähmet gurallary (gaýçy, pyçak, iňňe, atagzy we ş.m.) we olar bilen işlemegiň tärlerini yzygiderli görkezmekdir. El işlerine degişli zähmet gurallary bilen işlemegiň tärlerini öwretmek maşyn gurallarynyň esasy bazasy hökmünde seredilýär.

El, maşyn işleriniň gurallarynda şol bir ýörelgeler girizilen, şonuň üçin mugalym okuwçylaryň ünsüni bu ýörelgelere gönükdirmeli. Mysal üçin: el pyçagy we kesiji stanoklar, el gaýçysy we kesiji gurallar. Mugallym **politehnikanyň** esaslary we el zähmetiniň gurallary bilen okuwçylary tanyşdyranda, iň çylşyrymly maşynlaryň işine el zähmetiniň ýörelgeleriniň girizilendigini düşündirýär.

Modelirlemek prosesinde mugallym okuwçylary maşynyň gurluşy bilen tanyşdyrýar we birnäçe tebigy ylymlaryň kanunlarynyň üsti bilen düşündirýär.

Okuwçylary adam zähmeti bilen tanyşdyrmak esasy wezipeleriň biridir.

Mugallym okuwçylara käbir takyk mysallaryň üsti bilen islendik senagat önümini öndürmekligiň birnäçe etapdan duryandygyny görkezýär. Ilki bilen konstruktor ýasajak önüminiň çyzgysyny işleýär, tehnolog onuň taýýarlanyş yzygiderligini meýilnamalaşdyrýar, ondan soň tehniki resminamalar önümçiligiň gerekli sehlerine geçirilýär. Şol sehlerde işgärler çyzyklar bilen tanyş bolýarlar, önüm taýýarlamak üçin gerekli serişdeleri, gurallary, enjamlary saýlap alyp, soňra önümi taýýarlap çykarýarlar. Tehnologik prosesi barada gürrüň edilende, mugallym okuwçylaryň ünsüni taýýar önüme gönükdirýär, çünki işiň serişdesi, gurallary, adamyň işi– bularyň hemmesi taýýar önümde birikdirilendir.Okuwçylaryň bu işleri barada alan bilimleri dowamlylyk häsiýetine eýedir.

Garalan meseleler bilen bir hatarda mugallym okuwçylaryň zähmete taýýarlygynyň meselelerini çözýär. Zähmetiň hilini ýokarlandyrmak, serişdeleri tygşytlamak, gurallary aýap saklamak, zähmet medeniýetini ýokary galdyrmak ýaly meselelere garaýar.

### Okuwçylary zähmete psihologik taýdan taýýarlamak

Psihologik taýýarlyk- bu okuwçylarda zähmete söýgini kemala getirmek, zähmet endiklerini we başarnyklaryny ösdürmek diýmekdir. Okuwçylary önümçilik zähmetine psihologik taýdan taýýarlamagyň aňyrsynda önümçilik hünärine bolan gyzyklanmany kemala getirmeklik, zähmet prosesinde okuwçylaryň zähmet endiklerini ösdürmek, zähmet başarnyklary üstünlikli ele almaklary üçin şert döretmeklik ýatyr.

Zähmetde psihologik taýýarlyk birnäçe prosesleri ösdürmekligi we kämilleşdirmekligi göz öňünde tutýar. Çagalary zähmete psihologik taýdan taýýarlamakda duýgy arkaly öwrenmekligiň, hereket edişiň, ünsüň, pikirlenmegiň, emosiýanyň, erkiň ösüşine we kämilleşdirilmegine seredilýär. Olar görüş, duýuş, üns, psihomotorika, pikirleniş, emosiýa ýaly proseslerdir. Zähmet sapaklarynda bu prosesleri ösdürmeklik uly ähmiýete eýedir.

Zähmetde iň möhüm prosesleriň biri görüş prosesi bolup durýar. Häzirki

zaman awtomatika önümçiliginde her bir işgär priborlaryň görkezijisini öz wagtynda we takyk görmekligi başarmalydyr hem-de gerekli çäreleri ýerine ýetirmelidir. Görüş prosesi eýýäm başlangyç synplarda terbiýelenip başlanýar. Gönükme görnüşinde okuwçylara işi çalt we takyk ýerine ýetirmek, suraty dogry kabul edip almak, çyzgyny çyzmak, ölçegleri dogry almak ýaly ýumuşlary ýerine ýetirmeklik tabşyrylýar. Zähmet prosesi işgärleriň görüş duýgularynyň ösen bolmagyny talap edýär.

Zähmet sapaklarynda görüş proseslerini ösdürmek üçin reňkli kagyzdan, matadan ýelimlemek işlerini geçirmeli, tebigy serişdeler bilen işlemekligi öwretmeli. Zähmet prosesinde iň möhüm ähmiýetleriň biri-de predmetleriň ölçeglerini, görnüşlerini, böleklerini tapmaklygy başarmakdyr.

Önümçilik zähmetinde eşidiş prosesi hem uly orny tutýar. Sürüji motoryň üýtgeşik sesini eşidip maşynyň kemçiligini tapyp biler, ussa stanogyň sesinden onuň işleýşini kesgitläp biler.

Zähmet sapaklarynda eşidiş prosesini çagalarda her bir ýerine ýetirýän ýumuşlarynyň üsti bilen terbiýeläp bolar. Kagyz ýa-da kartony gyrkmak bilen olaryň eşidiş duýgularyny barlamak bolar. Gyrkylýan wagty kagyzlaryň haýsysynyň sesiniň haýal ýa-da gaty çykýandygyny okuwçy eşidiş prosesi esasynda kesgitleýär.

Önümçilik zähmetinde deri duýgusy hem uly ähmiýete eýedir. Agaç ussasy deri duýgulary arkaly agajyň tekizligini kesgitleýär. Kiçi ýaşly mekdep okuwçylarynda kagyz, karton, mata, tebigy serişdeler, toýun bilen işlänlerinde deriniň duýmaklygy terbiýelenýär. Çagalar kagyzy, matany, agajy elläp, onuň hilini kesgitläp bilerler. Okuwçylar bilen bu işlerde şeýle oýunlary geçirmek ähmiýetlidir. Mysal üçin, haltajyga birnäçe oýunjaklary salyp, okuwçylar olary elläp atlaryny aýdýarlar. Şol haltajyga okuwçylar „Täsin haltajyk“ diýip at dakýarlar.

Dürli önümçilik operasiýalary beýniň işlemeginde myşsalaryň hereket etmegi esasynda amala aşyrylýar. Adamyň iş hereketlerini öwrenýän ylma psihomotorika diýilýär. Häzirki döwrüň tehniki enjamlary bilen işleýän her bir işgär belli bir signallara çalt hereket etmekligi we gerekli hereketleri

ýerine ýetirmekligi başarmalydyr. Çagalar görkezme esbaplar, tehniki çyzyklar, suratlar bilen işlänlerinde, olarda  signallary çalt duýmaklyk başarnygy kemala gelýär. Kyn mesele ýüze çykan ýagdaýynda okuwçylar meseläni özbaşdak çözmekligi başarmaly. Zähmet sapaklarynda okuwçylara döredijilikli ýumuşlar berlende, olarda düşbülik, syzgyrlyk ukyplaryny terbiýelemeli we gerekli hereketleri ýerine ýetirmek endiklerini kemala getirmeli.

Önümçilik zähmetinde her bir işgärden ünsüni doly jemläp bilmeklik talap edilýär. Demir ussasyndan çyzgyny okaýan wagtynda hem-de stanogyň işini barlanda, uly ünslülik talap edilýär, sürüjiniň awtoulagda ösen ünsüniň bolmagy möhümdir.

Häzirki zaman önümçilikde işgärleriň ösen pikirleniş duýgusynyň bolmagy zerurdyr. Her bir işgäriň pikiri tehnologik düşünje esasynda kämilleşýär. Başlangyç synplarda okuw zähmeti pikiriň ösmeginde oňyn täsir edýän serişde hasaplanýar. Dürli serişdeler bilen işlemek, konstruirleme işleri pikiriň ösmegine uly ýardam edýär. Okuwçylar konstruirleme döwründe iş üçin haýsy serişdeleri we gurallary taýýarlamagyň zerurdygyny, iş ýerini nähili guramalydygyny, amaly ýumuşlary haýsy yzygiderlikde alyp barmalydygyny çözýärler. Bu işlerde çagalar öz ýerine ýetiren işlerine we alan netijelerine gözegçilik edýärler, ol işlere seljerme berýärler, işiň netijesini meýilnamada görkezilenler bilen deňeşdirip görýärler, şeýle hem öz işlerine baha berýärler.

Zähmetde emosiýa hem uly orny tutýar. Zähmet okuwy sapaklaryny kiçi ýaşly çagalara şatlyk getirer ýaly, zähmete, zähmet çekýän adamlara söýgini terbiýelär ýaly, zähmete meýletin gatnaşar ýaly edip guramak zerurdyr. Çagalaryň zähmetsöýerligiň ösmegine hem-de olaryň zähmete meýletin gatnaşmaklaryna iş otaglarynyň görnüşi, iş ýerleriniň arassa we tertipli bolmagy, serişdeleriň we gurallaryň gowy hilli bolmagy uly täsir edýär.

Okuwçylaryň zähmete psihologik taýýarlygy – bu örän çylşyrymly hem--de köptaraply düşünjedir. Ol özünde diňe bir psihologik duýgulary

jemlemän, eýsem okuwçylaryň terbiýeçilik taraplaryny hem göz öňünde tutýar. Mugallym kiçi ýaşly mekdep okuwçylaryna jemgyýetiň, Watanyň bähbidi üçin meýletin zähmet çekmekligiň özi Türkmenistanyň her bir raýatynyň borjy hem-de işidigini düşündirmeklige çalyşmalydyr. Bu işleriň netijesinde adamda gowy ahlak häsiýetler ösýär hem-de kämilleşýär.

## Zahmet sapaklarynda okuwçylaryň hemmetaraplaýyn ösüşini gazanmak.

Başlangyç synplarda zähmet sapaklary zähmet okuwynyň birinji basgançagydyr. Önümçiligiň talaplaryna görä mekdep okuwçylaryny hemmetaraplaýyn ösdürmek zähmet okuwynyň esasy wezipesidir. Okuwçylaryň beden taýdan berk, ahlak taýdan arassa bolmagyny gazanmak möhümdir, olary akyl we estetiki düşünjelilik, ykdysady we ekologik terbiýesi boýunça terbiýelemek, ata Watana ak ýürekden zähmet çekmek duýgularyna baý bolmaklaryny gazanmak zähmet mugallymynyň öňunde durýan esasy meselelerdir.

**Beden terbiýesi.** Zähmet sapaklarynda iş edýän wagty okuwçylaryň myşsalary hereket edýär, gan aýlanyşygy oňatlaşýar, süňk sistemasy berkeýär. Çaga güyçýeterli zähmet çekende, uludan dem alýar, onuň ýüregi we öýkenleri bar güýji bilen işleýär, çaganyň bütin bedeni kisloroda baýlaşýar. Şeýlelikde, kelle beýnide we bedende hereketsizlik ýagdaýlary ýok edilyär. Fiziologlaryň gelen netijesine görä, zähmet sapaklary ene dili we matematika sapaklary bilen çalşyrylyp okadylsa, has ähmiýetli boljakdygy, zahmet sapaklaryndan soň okuwçylaryň akyl işlerini netijeli ýerine ýetirjekdikleri bellenilýär.

**Akyl terbiýesi.** Politehniki mazmuna bay bolan zähmet şahsyýetiň ösüşiniň işjeň serişdesidir. Zähmet sapaklarynda ýumuşlar berlende, okuwçylar ilki bilen pikirlenmeli, ondan soňra işe başlamaly. Okuwçy işiň netijesini aýdyň göz öňüne getirmeli, zähmet prosesini meýilnamalaşdyrmaly, iş ýeriniň ornaşdyrylmagyny pikirlenmeli,

tehnologik işleriniň yzygiderligini düzmeli we öz işine başlamaly. Belli bolşy ýaly, pikirlenmek dil üsti bilen amala aşýar. Zähmetde çaganyň pikirlenmesi bilen birlikde sözleýiş dili hem ösýär. Iş prosesinde çaganyň serişdeler, gurallar, tehnologik prosesler baradaky düşünjeleri ösýär. Zähmet sapaklarynda mugallymyň esasy meselesi okuwçylara bilim bermekden, döredijilikli işleri tabşyrmakdan we olaryň özbaşdaklygyny ösdürmekden ybaratdyr.

**Estetika terbiýesi.** Zähmetde estetik terbiýe dürli serişdeler bilen amala aşyrylýar. Mugallym daş-töwerekdäki gözellikleriň, iş otagynyň, serişdeleriň, gurallaryň hem çagalary terbiýeleýändigini berk bilmelidir. K.D.Uşinskiniň aýdyşyna görä, her bir okuw predmetinde gözellik elementleri bardyr, mugallymyň meselesi şol elementleri okuwçylaryň aňyna ýetirmekden ybaratdyr. Mekdebiň meselesi - okuwçylarda hakykata gözellik garaýyşlaryny kemala getirmek we gözelligiň kanunlaryna laýyklykda okuwçylary terbiýelemekdir.

Gözegçilik geçirmegiň netijesi boýunça dürli reňkler kiçi ýaşly okuwçylara emossional täsir edýär. Serişdeleriň esasy bölegi - kagyz, mata, tebigy serişdelerden ybaratdyr. Mugallym okuwçylary esasy reňkleriň spektri bilen tanyşdyrmaly we reňkleriň adama edýän täsiri barada düşündirmeli.

Reňkler çaganyň keýpini galdyryp hem gaçyryp biler. Çal reňk edil erbet howa ýaly çagalary ýadadýar. Açyk reňkler çagalary şatlandyrýar. Gara we ak reňkler predmetleri takyk görkezýär.

Estetiki duýgulary terbiýelemek üçin mugallym birnäçe çäreleri geçirmeli: ýazyjylaryň, şahyrlaryň, suratkeşleriň döredijilikleri bilen okuwçylary tanyşdyrmaly. Mugallym mekdebiň daş-töwereginiň owadandygyny, synp otaglarynyň bezelişini görkezmeli.

Okuwçylarda estetiki duýgularyny terbiýelemek üçin esasy orny görkezme esbaplar tutyar. Mugallym zähmet sapaklaryny, synpdan daşary işleri meýilnamalaşdyranda hemme ýasalan önümleriň estetik talaplara laýyk bolmagyny gazanmalydyr. Sapakda gözellik terbiýe boýunça

geçirilýän işler yzygiderli we maksada gönükdirilen bolmalydyr.

**Ahlak terbiýesi.** Zähmet sapaklarynda mugallym çagada zähmete bolan söýgini, höwesi, gözýetimi kemala getirmelidir. Zähmet adamyň durmuşyndaky bagtyň çeşmesidigini düşündirmelidir. Ahlak terbiýe şahsyýetde ýönekeý we çylşyrymly ahlak häsiýetleri kemala getirmek bilen amala aşyrylýar. Yönekeý ahlak häsiýete umumy ýaşaýşyň ýönekeýje düzgünlerine mylaýymlyk, hoşniýetlilik, ululara kömek bermeklige taýyarlyk, kiçileri söýmek, ululara ýer bermeklik we ş.m. mahsusdyr. Çylşyrymly ahlak häsiýetlerine raýat, zähmet we maşgala borçlaryny ak ýürekden ýerine ýetirmeklik talaby degişlidir.

Mugallymyň hoşniýetli äheňi, täsirli sözleýşi onuň mekdep okuwçylaryny zähmete gyzyklandyrmagy başarmagyna, olaryň ýerine ýetirýän işleriniň möhüm hem zerurdygyny görkezip bilmegine kömek edýär. Zähmet tertibini aňlamaklygy kemala getirmeklige we zähmetde jogapkärçiligi terbiýelemäge alyp barýar. Başlangyç synplarda zähmetde oňyn häsiýetleri ösdürmeklik üç ugurda alnyp barylýar: 1) sapak wagtynda-işjeň okuw prosesinde; 2) synpdan daşary işlerde; 3)mekdep we maşgala bilen bilelikdäki işlerde geçirilýär.

Zähmete söýgi, esasan hem, synpdan daşary işlerde: gezelençler guralanda, ýowaralr geçirilende we başgalarda aýdyň ýüze çykýar.

**Ykdysady we ekologiýa terbiýesi**. „Ekologiýa“ nemes dilinden alnan söz bolup, „eko“ - öý, ýaşaýan ýerim, „logos“ - ylym, taglymat diýmegi aňladýar. Yagny, ekologiýa - ýaşaýan ýerimi öwrenýärin diýmekdir. Ekologiýa bu adamlaryň we jandarlaryň ýaşaýyş şertini öwrenýän ylymdyr.

Okuwçylaryň ykdysady we ekologiýa terbiýesi birnäçe ugurlarda alnyp barylýar:

1. Döwletiň ykdysady ýagdaýlary bilen okuwçylary tanyşdyrmak;
2. Ykdysadyýetiň esaslaryny öwretmek;
3. Döwlet harytlaryny tygşytly ulanmaklygy terbiýelemek;
4. 0kuwçylarda ekologiýa medeniýetliligi we gurşap alýan tebigaty goramaklygy teriýelemek.

Ykdysadyýetiň takyk esaslaryny okatmak, ýagny, hojalyk hasaplaýşy barada düşünjeleri kemala getirmekden, önümçilik zähmetiniň döwlete berýän girdejileri, daýhan birleşikleriniň ykdysadyýet çäreleri baradaky düşünjeleri kemala getirmekden, okuwçylary döwletiň emlägini yhlas bilen saklamaklygy terbiýelemekden we işi döredijilikli, netijeli ýerine ýetirmekligi öwretmekden ybaratdyr.

Zähmet sapaklarynda mugallym okuwçylara serişdeleri tygşytly peýdalanmagy, gurallary aýawly saklamagy öwredýär. Mugallym önümçiligiň ykdysady ýagdaýy barada okuwçylar bilen gürrüň geçirmelidir, önümçilige gezelençleri guramalydyr, göreldeli işgärler bilen okuwçylary tanyşdyrmaly we olaryň ykdysadyýeti ösdürmekde uly goşant goşandyklary barada düşünje bermeli.

Okuwçylar tebigy serişdeler bolan ýapraklar, saman, dürli tohumlar, toýun, hoz we ş.m. bilen hem işlemelidirler. Şeýlelikde, mugallym tebigy seişdeleriň fiziki we tehnologik häsiýetleri bilen okuwçylary tanyşdyrýar. Gürrüň, söhbetdeşlik, syn etmek, tejribe geçirmek, amaly iş we gezelenç geçirmek döwründe okuwçylar kagyz we dokma senagaty, keramiki, çap ediş, gurluşyk önümçiligi barada umumy düşünje alýarlar. Serişdeleriň hilini we olar bilen işlemegiň usulyny öwretmek bilen birlikde, okuwçylaryň politehniki gözýetimi giňelýär we olaryň zähmeti düşünjeli, oýlanyşykly, netijeli bolýar.

## Zähmetde okuwçylary amaly taýdan taýýarlamak

Amaly taýýarlyk okuwçylaryň köpugurly zähmet barada umumy düşünjelerini osdürýär. Zähmet okuwynda işiň netijesi önüm bolup durýar. Tabşyrylan işi ýerine ýetirmeklikde okuwçylar 6 sany funksiýany bilmelidirler:

1. Işiň netijesini aýdyň göz öňüne getirmekligi;
2. Taýýar önümi proektirlemekligi (konstruktorçylyk funksiýasy);
3. Işiň meýilnamasyny düzmekligi (psihologik funksiýasy);

4. Iş ýerini ornaşdyrmaklygy (guramaçylyk funksiýasy);
5.Hasaplaýyş (ölçeg, birleşdirmek) işlerini geçirmekligi (tehnologik funksiýasy);
6. Zähmetde öz-özüňi barlamaklygy (psihologik funksiýasy).

Bu funksiýalaryň hemmesi hem uly önümçilige degişlidir. Şonuň üçin mugallymyň maksady okuwçylaryň zähmet başarnyklaryny we endiklerini ösdürmekdir. Başlangyç synp mugallymy okuwçylary zähmetde terbiýeläp ýetişdirmelidir. Mugallym okuwçylara önümçilik barada gürrüň berende, önümçiligiň ähmiýeti barada ýönekeý dilde düşündirmelidir. Çagalarda zähmete söýgi döretmek, zähmetkeş adamlara, olaryň işlerine hormat goýmaklygy terbiýelemek mugallymyň esasy wezipesidir.

Tehnologik prosesleri (ölçemek, seplemek, gyrkmak, birleşdirmek) sapak wagty ösdürmeli. Amaly taýýarlykda maşgalanyň orny hem uludyr.

Zähmet okuwy we terbiýesi diýen meseleleri amala aşyrmak üçin ýokary hilli mugallymlary taýýarlamaklyk mekdebiň öňünde durýan esasy wezipeleriň biridir. Taýýarlyk döwri mugallymyň bilimleriniň we endikleriniň möçberi kesgitlenilýär.

**Başlangyç synp mugallymy**

| T/b | Bilmeli | Başarmaly |
|---|---|---|
| 1 | Häzirki zaman industrial önümçiligi we okuwçylary önümçilik zähmetine taýýarlamagyň esasy meselelerini | Okuwçylary häzirki zaman önümçilik bilen tanyşdyrmaklygy (ýaş aýratynlyklaryny göz öňünde tutmaly) we olary önümçilik zähmetine taýýarlamaklygy |
| 2 | Kagyz, dokma, agaç işleýän, oba hojalyk önümçiliginiň esaslaryny | Gürrüň, syn etmek, gezelençler döwründe okuwçylary şu agzalan önümçilik görnüşleri bilen tanyşdyrmaklygy |
| 3 | Kagyzyň, matanyň, agajyň, tebigy | Syn etmek, tejribe, gözleg işleri |

| | | |
|---|---|---|
| | serişdeleriň fiziki, mehaniki we tehnologik düzümini | geçirilýän wagty agzalan serişdeleriň düzümi bilen okuwçylary tanyşdyrmaklygy |
| 4 | Tehniki suratlary, eskizleri, çyzyklary, instruksiýa we tehnologik kartalary | Çyzgy boýunça işlemek, suratlary, eskizleri, çyzgylary instruksiýa we tehnologik kartalary taýýarlamaklygy hem-de tehniki resminamalar bilen okuwçylary tanyşdyrmaklygy |
| 5 | Zähmet gurallarynyň gurnalyşyny (gaýçy, pyçak, sirkul we ş.m.) | Sol gurallar bilen işläp bilmekligi |
| 6 | Tehnologik prosesleri: bellemek, eplemek, gyrkmak, birleşdirmek | Bu prosesleri ýerine yetirmegi we okuwçylara öwretmegi |
| 7 | Sanitariýa-şahsy arassaçylyk, antropometriýanyň, ergonomikanyň, zähmet medeniýetiniň, tehniki howpsuzlygyň esasy talaplaryny | Bu talaplaryň hemmesini berjaý etmegi |
| 8 | Okuwçylary umumy hünäre taýýarlamaklygyň psihologik, didaktiki esaslaryny | Zähmet okuwynda psihologiýanyň,didaktikanyň kanunlaryna daýanmagy, işiň dürli usullaryndan peýdalanmagy |
| 9 | Başlangyç synplarda zähmet okuwynyň usulyýetini | Sapak wagty işiň dürli tärlerini we görnüşlerini ulanmaklygy |
| 10 | Zähmet sapaklarynyň beýleki dersler bilen arabaglanyşygyny | Zähmet sapaklarynyň beýleki dersler bilen arabaglanyşygyny ýola goýmagy |
| 11 | Zähmet okuwynda synpdan daşary işleriň dürli görnüşlerini | Synpdan daşary işleri geçirmekligi |
| 12 | Dürli görnüşde görkezme esbaplary | Dürli görnüşdäki görkezme esbaplary taýýarlamaklygy |

| | | |
|---|---|---|
| 13 | Giň ýaýran işçiler hünäri bilen tanyş etmekligi | Işçiler hünäri barada çagalara düşünje bermegi (çagalarda zähmete söýgini, ulynyň işine hormat goýmagy terbiýelemegi) |

**Ýumuşlar:**

1.Politehniki bilimiň mazmunyny düşündiriň.

2.Okuwçylary zähmete politehniki taýdan taýýarlamak diýip nämä düşünýärsiňiz?

3.Okuwçylary önümçilik zähmetine psihologik taýdan taýýarlamagyň esasy meselelerini sanap beriň.

4.Zähmet okuwy prosesinde okuwçylary hemmetaraplaýyn ösdürmegiň esasy meselelerini düşündiriň.

5.Politehniki bilimiň we endikleriň mazmunyny düşündiriň.

6.Amaly taýýarlygyň esasy funksiýalaryny düzüň.

## Zähmet okuwynyň mazmuny.
## Zähmet okuwynyň maksatnamasy we onuň bolümleri.

Okuw dersiniň mazmuny tassyklanan okuw maksatnama bilen kesgitlenilýär. Okuw maksatnamasy-bu döwlet resminamasydyr. Mugallym okuw maksatnama daýanyp, okuw ýylynyň, çärýeklerine, okuw hepdesinin, aýratyn bir sapagynyň bilimlerini we endiklerini kesgitleýär. Okuw ýylynyň çärýegine, okuw hepdesine düzülýän meýilnama kalendar-tematik meýilnama diýilýär. Tematik meýilnamada temanyň ady, sagat sany, geçmeli wagty, sapaga gerekli esbaplar hem-de serişdeler we sapaklaryň görnüşleri görkezilýär. Şu meýilnama esasynda her sapagyň meýilnamasy düzülýär. Okuw maksatnamanyň mazmunyny her ýyl üýtgedip, onda ylymda, tehnikada gazanylan üstünlikleri, girizilýän üýtgeşmeleri, ýurdumyzda bolup geçýän syýasy wakalary görkezmek bolar.

Okuw maksatnamada zähmetiň görnüşi anyk we maksadalaýyk

kesgitlenilýär. Her bir zähmetiň görnüşi boýunça politehniki bilimler we endikler görkezilýär. Zähmetiň görnüşi bölümlerde görkezilendir: tehniki howpsuzlygy goramak, tehnologik maglumatlar, söhbetdeşlikler, amaly işler, gezelençler we synpdan daşary işler. Okuw maksatnamada zähmetiň her bir görnüşi kiçi ýaşly mekdep okuwçylary üçin güýçýeterli bolmalydygy aýdyňlaşdyrylýar. Bu resminamada zähmet başarnyklarynyň kemala gelmegine, işi meýilnamalaşdyrmaklyga, iş ornuny guramaklyga, serişdeleri tygşytlamaklyga, öz zähmetiň netijesini barlamaklyga, zähmet sapaklarynyň matematika, tebigaty öwreniş, şekillendiriş sungaty dersler bilen arabaglanyşygyna, eskizleriň, çyzgylaryň, tehnologik kartalaryň hasabyna uly üns berilýär. 1-nji synplarda okuwçylar nusga esasynda özbaşdak iş taýýarlaýarlar, 2-3-nji synplarda eskizleri, çyzgylary, tehnologik kartalary hem-de söz bilen beýan etmek esasynda iş taýýarlaýarlar. Çagalar çyzgyjyň, şablonyň, sirkulyň kömegi bilen dürli materiallary ölçemäni, çyzgylary, eskizleri, tehnologik kartalary okamagy öwrenýärler. Zähmet okuwynyň maksatnamasy şu aşakdaky bolümlerden ybaratdyr:

1.Oba hojalyk zähmeti;

2.Gural zähmeti;

3.Tehniki zähmet;

4.Hojalyk-durmuş zähmeti.

Geçiriljek gezelençleriň temalary, önümçilik baradaky gürrüňler, öňdebaryjy işgärler bilen duşuşyklary guramak, çaganyň maşgaladaky zähmet terbiýesi barada ata-eneler bilen ýygnak geçirmek, ýol hereketiniň düzgünlerine degişli esbaplary taýýarlamaklyk, olara degişli oýunlar guramak maksatnamada aýdyň görkezilendir. Okuw maksatnamasynda zähmet kabinetiniň guralyşy, iş ýerleriniň abzallaşdyrylyşy, gerekli serişdeler, gurallar bilen üpjün edilişi takyk görkezilýär.

Geçirilmeli terbiýeçilik çäreler okuw maksatnamasynda görkezilendir. Okuwçylaryň döredijiligini we gözellik duýgularyny hemmetaraplaýyn ösdürmeklige uly orun berilýär.

Okuw maksatnamasynda okuwçylaryň zähmet işlerini bahalandyrmagyň esasy ölçegleri talabalaýyk bellenilýär. Diýmek, zähmet okuwynyň maksatnamasy zähmet mugallymy üçin uly ähmiýetli gollanmadyr.

### Köpugurly zähmeti öwretmekde bilimleriň we endikleriň mazmuny

Her bir zähmet işiniň görnüşi 4 bölekden ybaratdyr:

1.Zähmetiň serişdesi.

2.Zähmetiň gurallary.

3.Zähmetde adamyň işi- zähmet operasiýalary.

4.Işiň netijesi- taýýar önüm.

Bu elementler önümçilik zähmetinde amal edilýär. Başlangyç synplarda köpugurly bilimleri we endikleri kemala getirmek zähmet endikleriniň mazmunynyň esasyna girizilendir.

Politehnikanyň talap edişine görä, hemme okuwçylar serişdeler, gurallar, iş operasiýalary we önümler barada bilim almalydyrlar hem-de alan bilimlerini amaly işlerinde ulanyp bilmegi başarmalydyrlar.

Politehniki bilimleriň we endikleriň mazmunyna şu aşakdakylar degişlidir:

| Politehniki bilimler | Politehniki endikler |
|---|---|
| 1.Zähmet serişdeleri barada (kagyz, karton, agaç, demir, plastelin, toýun, mata, plastmas) we olaryň fiziki düzümleri barada düşünje almak. | 1.Iş prosesinde tejribe geçirmek we syn etmek bilen birlikde sol agzalan serişdeler bilen işlemek. |
| 2.Iş gurallary (gaýçynyň gurluşy, pyçak, iňňe, çekiç we ş.m.) we maşynlaryň hereket edişi barada bilim almak. | 2.Okuwçylara bu gurallaryň hemmesi bilen işläp bilmekligi öwretmek. |
| 3.Adamlaryň çekýän zähmeti barada okuwçylara düşünje bermek.Işi konstruirlemek, meýilnamasyny düzmek, | 3.Şol agzalan prosesleri okuwçylara öwretmek: işi konstruirlemek, işiň meýilnamasyny düzmek, işi ornaşdyrmak |

| | |
|---|---|
| iş ýerini gurnamak we dürli iş operasiýalaryny ýerine ýetirmekligi düşündirmek. | we ş.m. |
| 4.Işiň netijesi barada okuwçylara bilim bermek.Mysal üçin: kagyzdan eplemek usulynda näme taýýarlap bolýandygyny, dürli matalardan nämeleri tikip bolýandygyny, umuman, hemme serişdelerden nämeleri taýýarlap bolýandygyny düşündirmek. | 4.Kagyzdan, matadan, tebigy serişdelerden dürli zatlary taýýarlamagy öwretmeli.Eplemek, gyrkmak, birleşdirmek, ölçemek usullaryny ulanmak bilen taýýarlanylan önümleriň hereket edişini barlap görmek. |

## Zähmet sapaklarynyň beýleki dersler bilen arabaglanyşygy

Zähmet sapagy çylşyrymly dersleriň biridir. Bu ders okuwçylaryň nazaryýetde alan bilimlerini amaly işlerinde ulanmaklaryna mümkinçilik berýär. Iş prosesinde okuwçylaryň öňünde kyn meseleler ýüze çykýar.Şol meseleleri çözmek üçin okuwçylar nazaryýetde alan bilimlerini iş prosesinde ulanmaly bolýarlar . Mugallym 5-8 synplarda öwrenilýän ylmyň esaslarynyň elementlerini (taryh, fizika, himiýa, biologiýa dersleri boýunça) okuwçylara sada dilde beýan etmelidir. Şeýlelikde, mugallym zähmet okuwynyň beýleki (matematika, ene dili, tebigaty öwreniş we şekillendiriş) dersler bilen arabaglanşygyny berkitmelidir. Bu bolsa okuwçylardan matematika, ene dili, tebigaty öwreniş , şekillendiriş sungaty derslerini çuň özleşdirmeklerini talap edýär.

Mysal üçin, zähmet sapaklarynda gäminiň modelini ýasamak üçin mugallym okuwçylara fizikadan mehanikanyň, gidrawlikanyň, dinamikanyň kanunlaryny düşündirmeli bolýar, matemikadan ölçeg, hasap işlerini görkezýär, çyzuw dersinden gäminiň çyzgysyny çyzyp görkezýär, taryhdan gäminiň gadym döwürlerden bäri ulanylýandygyny, onuň görnüşlerini suratlaryň üsti bilen görkezýär, himiýadan serişdeleriň hilini düşündirýär.

Şeýlelikde, häzirki döwrüň talaplaryna görä okuwçylaryň hünär taýýarlyklaryny ösdürmek üçin mugallymyň öňünde iň wajyp meseleler ýüze çykýar.

Mugallym zähmet sapagynyň matematika bilen arabaglanşygyny okuwçylaryň hasaplaýyş, ölçeg we grafiki endiklerini tejribede ulanyp bilmeklerini gazanmak bilen amala aşyrýar, olary geometrik materiallary bilen, ýagny, uzynlygyň, göwrümiň ölçegleri bilen tanyşdyrýar. Zähmet sapaklarynda matematika dersi üçin görkezme esbaplary taýýarladýarlar,

meseleleri düzdürýärler we olary çözmeklige gönükdirýärler.

Zähmet sapagynyň ene dili bilen arabaglanşygyny amala aşyrmak üçin mugallym okuwçylaryň täze terminleriň aýdylyşyny we dogry ýazylyşyny berjaý etmeklerini gazanmaklyga, olaryň söz baýlyklaryny, ululary ň önümçilik işi baradaky bilimlerini ýerlikli peýdalanmaklyga, düşündiriş okuwynda alan bilimlerini peýdalanyp bilmeklerini gazanmaklyga çalyşýar.

Zähmet okuwynyň tebigaty öwreniş dersi bilen arabaglanyşygyny mugallym okuwçylara tanyş bolan şemal, suw, toýun, agaçlar, çäge we ş.m zatlar baradaky maglumatlary dürli önümleriň taýýarlanyş işinde ulanmak ýoly bilen amala aşyrýar. Zähmet sapaklarynda mugallym tebigy serişdelerden dürli önümleri taýýarlamagyň tärlerini görkezýär. Toýundan tamdyryň, çäýnegiň, käsäniň ýasalyşyny, samandan we guradylan ýapraklardan dürli ýelimleme işlerini ýerine ýetirmekligi görkezýär.

Zähmet okuwynyň şekillendiriş sungaty bilen arabaglanyşygyny mugallym sapaklaryň ähli görnüşlerinde, ýelimleme işleri taýýarlanylanda, esasanam, dürli serişdeleriň çeperçilik bejerilişinde amala aşyrylýar.

Şeýlelikde, zähmet, bir tarapdan, okuwçylara nazaryýet bilimlerini amaly işde ulanyp bilmäge mümkinçilik berýär, ikinji tarapdan bolsa, olara ylmyň esaslaryny has çuň öwrenmäge itergi berýär.

## Zähmet okuwynyň mazmunyny kesgitleýän esaslar

Başlangyç synplarda zähmet okuwynyň maksatnamasy okuwçylara zerur bolan köpugurly zähmet bilimleriniň amaly işleri ýerine ýetirmek bilen aýrylmaz baglanyşyklylykda özleşdirilmegini göz öňünde tutýar we sapagyň 80 göterimini amaly işlere sarp edýär. Jemgyýete peýdaly işleri ýerine ýetirenlerinde, okuwçylaryň zähmet endikleri ösýär. Okuwçylaryň önümçilikde ulanylýan serişdeler baradaky bilimleri artýar, gurallar bilen işlemegiň düzgünleri zähmet sapaklarynda özleşdirilýär. Zähmet sapaklarynda okuwçylar sapaga gerekli görkezme esbaplary taýýarlaýarlar, çagalar baglary üçin dürli oýunjaklary ýasaýarlar we ş.m. Bu işleriň hemmesi, bir tarapdan, okuw zähmetiniň ähmiýetini artdyrýar, ikinji tarapdan, okuw zähmetini önümçilik zähmetine ýakynlaşdyrýar.

Mugallym zähmet okuwynyň mazmunyny kesgitlände, birnäçe prinsiplerini göz öňünde tutmaly: politehnizm prinsipi, zähmetiň terbiýeleýjilik we ösdürijilik prinsipi, ylmylyk prinsipi, nazaryýet bilen amaly işiň baglanyşyklylyk prinsipi, yzygiderlilik we üznüksizlik prinsipi, işjeňlik we aňlamak prinsipi, görkezip okatmak prinsipi, güýçýeterlilik prinsipi, bilimleri we endikleri berkitmek prinsipleri.

**1.Politehnizm prinsipi.** Politehnizm prinsipi okuwçylardan takyk okuw materialy boýunça häzirki zaman önümçilik baradaky düşünjeleri we endiklerini bilmekligi talap edýär. Bu düşünjeleri we endikleri okuwçylar öz işlerinde peýdalanyp bilmekligi başarmalydyrlar. Jemgyýete peýdaly işleri taýýarlan wagty okuwçylarda oňyn häsiýetler terbiýelenýär, ýagny,

jogapkärçilik, tertiplilik, birek-birege kömek bermek ýaly häsiýetler kemala gelýär.
**2.**Zähmetiň obýekitini saýlap alanda, mugallym şahsyýetiň **terbiýeleýjilik we ösdürijilik** taraplaryny göz öňünde tutmaly.Başlangyç synp okuwçylary zähmetiň esaslaryny ele alýarlar. Okuwçylaryň öz ýasan zatlarynyň hemmesi jemgyýete peýdaly bolmalydygyny we gerekli ýerlerde: mekdeplerde, çagalar baglarynda ulanylmalydygyny bilmekleri zerurdyr. Okuwçylaryň öz elleri bilen ýasan zatlarynyň terbiýeleýjilik ähmiýeti örän uludyr. Olar arkaly okuwçylarda jogapkärçilik, tertiplilik, birek-birege kömek etmek, aýawlylyk ýaly häsiýetler terbiýelenýär. Maksatnama laýyklykda okuwçylaryň tabşyrylýan ýumuşlary köpçülikleýin bolup ýerine ýetirmeklirini terbiýelemeli. Şol maksada görä tebigy serişdelerden maket taýýarlamagy, toplumlary, didaktiki serişdeleri, kölege teatry üçin işleri ýerine ýetirmekligi öwretmeli.
**3.** Başlangyç synplarda zähmet sapaklarynda **ylmylyk** prinsipine esaslanmak has ähmiýetlidir. Zähmet sapaklarynda ylmyň gazanan üstünliklerini okuwçylara belli bir derejede ýetirmeklik göz öňünde tutulýar. Çagalaryň durmuş tejribesiniň ýeterlik däldigi sebäpli, olar häzirki zaman önümçiligini çuňlaşdyryp, ylmy düşünjeleri kemala getirip bilenoklar. Şonuň üçin mugallym ylmyň gazanan üstünliklerini ýönekeý, sada dilde okuwçylara düşündirýär. Modelirlemek işlerinde mugallym maşynlar, gämiler, uçarlar barada okuwçylaryň ylmy düşünjelerini kemala getirýär. Maşynlaryň hereket edişi, gämileriň suwda ýüzüşi, uçarlaryň howada uçuşy barada düşünje berýär. Zähmet okuwynda mugallym ylmyň nyşan belgilerine esaslanyp serişdeleriň, gurallaryň, enjamlaryň dogry atlaryny okuwçylara aýdýar.
**4.**Mugallym okuwyň mazmunyny kesgitlände, **nazaryýet bilen amaly işleriň baglanyşygyny** göz öňünde tutmaly. Bu baglanyşyk iki taraplaýyn häsiýetlendirilýär. Bir tarapdan, çagalar matematikadan, tebigaty öwreniş, şekillendiriş derslerinden alan bilimlerini amaly işlerde ulanýarlar we serişdeler, gurallar, tehniki resminamalar barada zähmet sapaklarynda alan bilimleri gerek bolýar. Ikinji tarapy, okuwçylaryň öňünde kyn mesele işlemäge hödürlenende, olar nazaryýet bilimlerini ösdürmäge çalyşýarlar. Birinji ýagdaýda nazaryýet bilimleri amaly endiklerde amala aşyrylýar. Ikinji ýagdaýda amaly endikler nazaryýet bilimlerini ösdürmekligi talap edýär.
**5.**Maksatnamada her bir okuw ýyly boýunça taýýarlanylýan önümleriň görnüşleri berilýär. Mugallymyň esasy maksady zähmet okuwynyň temalaryny **yzygiderli we üznüksiz** alyp barmakdyr. Her bir sapakda okuwçylar öňki alan bilimlerini we endiklerini ulanmaly hem-de şol bir wagtyň özünde täze bilimleri ele almalydyrlar. Maksatnamada ilki okuwçylar kagyz bilen tanyş bolýarlar, soňra kagyzdan dürli predmetleri ýasamagy öwrenýärler we çeper bezeg işlerini geçirýärler.Soňra okuwçylar mata we beýleki serişdeler bilen işlemekligi öwrenýärler. Kagyzy eplemek, eplemek we gyrkmak, eplemek we ýelimlemek işlerini geçirmekligi öwrenýärler. Mugallym bu ýasan zatlarynyň jemgyýete peýdalydygyny

okuwçylara düşündirmelidir.

**6. Bilimleri we endikleri berkitmek prinsipi**. Zähmet sapagynda alynýan bilimler çuň we berk bolmalydyr. Çünki, okuwçylaryň öň alan bilimleri geljekde ýokary synplarda gerek bolýar. Bu prinsipi berkitmek üçin ýokarda agzalan prinsipleri amala aşyrmalydyr.

**7. Işjeňlik we aňlamak prinsipi.** Zähmet sapaklaryny okuwçylaryň bilimleri we endikleri işjeňlik hem-de aňlamak bilen ele alar ýaly, çagalaryň döredijilik pikirleri we özbaşdaklygy öser ýaly edip guramak zerurdyr. Bu ýörelgäni amala aşyrmak üçin okuwçylara tehnologik kartalar bilen işlemekligi öwretmeli we topar boýunça ýumuşlar bermeli . Toparlar boýunça berilýän ýumuşlarda her bir okuwçy öz güýjünden çylşyrymly işleri ýerine ýetirmekde peýdalanmaga çalyşýarlar. Şonda okuwçy öz işini meýilnamalaşdyrýar, işi gurnaýar, gerekli serişdeleri, gurallary saýlap alýar, tehnologik proseslere gözegçilik edýär.

8.**Görkezip okatmak prinsipi**. Zähmet okuwy sapaklarynda okuwçylaryň alan bilimleri we başarnyklary berk bolmalydyr, çünki, uly synplarda şol bilimler kämilleşýär. Bilim almaklyk ýokardaky agzalan prinsipleriň kömegi bilen amala aşyrylýar. Bilimleri we endikleri özleşdirmekde esasy orny görkezme esbaplar tutýar. Pedagoglaryň köpüsi başlangyç synplarda görkezme esbaplylyk prinsipi öňdebaryjy prinsiplere degişlidir diýip belleýärler. Görkezme esbaplar okuwçylaryň ünsüni artdyrýar, okaýan dersine höwes döredýar. Zähmet sapagynda zähmet operisiýalaryna degişli, işiň tärlerini görkezýän tablissalary, önümiň nusgasyny, modelleri we maketleri, suratlary, shemalary, tablissalary we ş.m dürli görkezme esbaplary ulanmaly bolýar. Hakyky we şekillendiriş görkezme esbaplary bar. Hakyky görkezme esbaplara dürli gurallar, serişdeler, taýýar önümler degişlidir. Şekillendiriş görkezme esbaplara- çyzyklar, tablissalar, suratlar, tehnologik kartalar degişlidir.

9.**Güýçýeterlilik prinsipi**. Bu prinsip maksatnamanyň talaplaryna baglydyr. Birinjiden, okalýan ders mazmuny we möçberi boýunça zähmet ýumuşlary we usullary çaganyň bilim derejesine laýyk bolmaly. Okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryny göz önünde tutmaly. Ikinjiden, güýçýeterlik prinsipi yzygiderli we üznüksizlik prinsipi bilen baglanyşykly bolmalydyr, ýagny, aňsat işlerden kyn işlere geçmeklik netijelidir. Üçünji, çagalaryň indiwidual aýratynlyklaryny göz öňünde tutmaly. Güýçýeterlik

prinsipini amala aşyrmak üçin sapakda dürli görkezme esbaplardan, tablissalardan, çyzyklardan, albomlardan, tehniki suratlardan peýdalanmak ähmiýetlidir.

Ýokarda agzalan prinsipleri zähmet sapaklarynda mugallym ugrukdyryjy ýörelgesi bilen birlikde bilimiň meselelerini kompleksleýin çözmekligi amala aşyrmaly. Okuwçylaryň sapaga gyzyklanmasyny kemala getirmeli, bilimleri özleşdirmeklik, sözleýiş endigi, görkezip okatmak, amaly, gözleg usullary we okuwyň tärleri umumy baglanyşykly görnüşde amala aşyrylmaly.

## Mekdep, maşgala we jemgyýetçilik edaralar bilen aragatnaşyk saklamak

Mugallym okuwçylary zähmete taýýarlamak bilen bir wagtda olary hünäre ugrukdyrmak işlerini hem amala aşyrýar. Onuň esasy maksady 1-nji synpdan başlap, mekdep okuwçylarynda beden(fiziki) zähmetine oňyn gatnaşyklary kemala getirmekden, zähmet çekýän adamlaryň işine hormat goýmaklyga, öz zähmeti bilen daş-töwerekdäkilere şatlyk getirmeklige we şondan özleriniň lezzet almaklaryna gönükdirmekden ybaratdyr. Başgaça aýdanymyzda, okuwçylarda belli bir durmuş ýagdaýyny kemala getirmek zerurdyr.

Kiçi ýaşly mekdep okuwçylarynda zähmete oňyn gatnaşygy döretmeklik şu aşakdaky esasy ugurlar boýunça amala aşyrylýar:

1 .Okuw prosesinde (sapak döwründe).

2.Synpdan daşary işlerde.

3.Ene-atalar we jemgyýetçilik edaralar bilen iş geçirilende.

Okuwçylar uly höwes bilen öz ene-atalarynyň zähmet işleri barada maglumat toplaýarlar.Toplanan maglumatlar esasynda bolsa dilden we ýazmaça hekaýa düzýärler, olaryň işleri barada düzme ýazýarlar, albom we diwar gazetlerini döredýärler.

Çagalar uly höwes bilen kagyzdan, kartondan, samandan we dürli serişdelerden çagalar baglary üçin esbapdyr şekiljikleri ýasaýarlar.

Okuwçylarda zähmete gowy gatnaşygy kemala getirmek sapakdan daşary işlerde hem amala aşyrylýar. Okuwçylar mekdebiň okuw-tejribe meýdançalarynda ekilýän ekinlere ideg etmekligi öz gözegçiligine alýarlar. Mugallym mekdebiň okuw-tejribe meýdançalaryna, edaralara, gurluşyklara guralýan gezelençlere uly üns berýär. Bu gezelençler bolsa çagalarda köpçülikleýin bolup zähmet çekmek, birek-birege kömek bermek ýaly häsiýetleri kemala getirmeklige gönükdirýär.

Okuwçylary önümçilik zähmetine taýýarlamak wezipesini ene-atalar we jemgyýetçilik edaralar bilen ýakyn aragatnaşykda amala aşyrmak bolar. Ene-atalar mekdebiň, mugallymlaryň abraýyny ýokary galdyrmaklyga, çagalarda zähmete hormaty we söýgini terbiýelemäge, olary jemgyýete peýdaly işlere taýýarlamaklyga, tertip-düzgüni öwretmeklige, biziň jemgyýetimiziň durmuşy kadalaryny berjaý etmekligi taýýarlamaklyga öz goşantlaryny goşmalydyrlar.

Okuwçylary önümçilik zähmetine taýýarlamak wezipesi bilen halk hojalygynyň dürli pudaklarynda işleýän adamlar meşgullanýarlar. Halk hojalygynyň dürli pudaklary bilen tanyşdyrmaklyk ýerli kärhanalara gezelençleri guramak bilen amala aşyrylýar. Öňde goýlan meseleleri çözmeklige dürli hünärli adamlar kömek etmelidirler, ýöne bu ýerde mekdep we mugallym esasy orny tutýar. Mekdep, ene-atalar, jemgyýetçilik edaralaryň işgärleri okuwçylara hünär saýlamaklyga kömek etmelidirler.

Mekdeplerde ýörite usuly merkezleri açmaly we dürli hünärli işgärleri, ýagny, psihologlary, lukmanlary, inźenerleri we ş.m. gatnaşdyrmaly. O1aryň okuwçylaryň önünde öz zähmet işleri barada çykyş etmeklerini guramak, kino ýazgylaryny görkezmek has-da ähmiýetlidir. Bu döredilen merkezler bolsa okuwçylara hünär saýlamaga kömek berer.

**Ýumuşlar:**

1.Zähmet okuwynyň maksatnamasynyň gurluşyny, mazmunyny we aýratynlyklaryny häsiýetlendiriň.

2.Zähmet okuwynyň mazmunyny kesgitleýän ýörelgeleri sanap beriň.

3.Politehniki bilimleriň we endikleriň esasy toparlaryny atlandyryň.

4.Zähmet okuwynyň beýleki dersler bilen arabaglanyşygyny mysallaryň üsti bilen görkeziň.

5.Mekdep we jemgyýetçilik edaralar bilen baglanyşygyň esasy ugurlaryny görkeziň.

## Zähmet okuwynyň maddy üpjünçilik bazasy. Zähmet okuwy otagy we onuň enjamlaşdyrylyşy

Kiçi ýaşly mekdep okuwçylarynyň zähmete politehniki taýýarlygy okuw ulgamynyň, terbiýäniň, ösüşiň esasy bölegi bolup durýandygy zähmet okuwy boýunça maksatnamada görkezilendir. Politehniki zähmete taýýarlyk prosesinde çagalaryň zähmet tejribesi giňelýär, önümçilik baradaky bilimleri we ýönekeý zähmet gurallary bilen işlemek endikleri kemala gelýär, olaryň akyl, beden, gözellik, ahlak düşünjeleri ösýär.

Kagyz bilen işlemek, mata, taýýar agaç, plastmas, tebigy serişdeler we dürli gurallary, gerekli serişdeleri ulanmaklyk (gaýçy, iňňe, pyçak we ş.m.) maksatnamada görkezilendir. Maksatnamanyň talaplaryny doly möçberde synp otaglarynda ýerine ýetirip bolanok. Şonuň üçin mekdeplerde ýörite zähmet okuwy boýunça otaglary döretmeli. Otaglaryň enjamlaryny hem başlangyç synp okuwçylarynyň ýaş aýratynlyklaryna görä saýlap almaly.

Ýörite guralan zähmet otagynda, politehniki taýýarlyk amala aşyrylýar we sanitar-gigiýeniki hem-de pedagogik talaplar göz öňünde tutulýar. Otagda okuw gurallaryny saklamak üçin şert döredilen bolmaly, okuwçylaryň ýerine ýetiren işleriniň hilini ýokarlandyrmaklyga çalyşmaly, döredijilik işleriniň sergisini guramaklyk gowy netijeleri berýär. Otagda ýörite enjamlaryň we gurallaryň saklanylmagy okuwçylaryň zähmete politehniki taýdan taýýarlygyna mümkinçilik döredýär we okuw zähmetiniň görkezmeleriniň talaplaryny ösdürýär. Zähmet okuwy otagynda seişdeleri tygşytly peýdalanmaklyga mümkinçilik döredilýär.

Iş otagy döredilen wagty sanitar-gigiýenanyň we gözellik terbiýäniň talaplaryny göz öňünde tutmaly. Otagyň we enjamlaryň

reňklenilişi talabalaýyk bolmaly. Otagyň penjireleri gün düşýän tarapyna bakýan bolsa, diwarlaryň reňki açyk ýaşyl bolmaly, partalaryň reňki açyk gök bolmaly, pol bilen synp tagtanyň reňki goýy ýaşyl bolmaly. Eger-de otagyň penjireleri gün düşmeýän tarapyna bakýan bolsa, diwarlaryň reňki açyk sary bolmaly, partalaryň reňki açyk ýaşyl bolmaly, poluň we synp tagtanyň reňki mele bolmaly. Iki ýagdaýda-da patalogyň reňki ak bolmaly, tutularyň hem reňki ak bolmaly.

Zähmet okuwy otagynda şu aşakdaky enjamlar bolmaly. Çep burçda gurallar üçin şkaf bolmaly. Merkezi diwarda mugallymyň iş ýeri 20 sm beýiklikde bolmaly. Poldan 1 metr ýokarda synp tagtasy ýerleşen bolmaly. Onuň ölçegi 1,20sm x 3m. Synp tagtanyň aşagynda çyzuw gurallaryny goýmak üçin ýörite ýer bellenilýär. Sanitar burçy sag tarapda ýerleşýär. El ýuwulýan rakowina we derman gutusy bolmalydyr. 20sm beýiklikde mugallymyň iki iş stoly ýerleşýär - biri gurallar üçin, beýlekisi usuly edebiýatlar, görkezme esbaplar üçin.

Otagyň esasy meýdany okuwçylaryň iş ýerleri üçin goýberilendir.

Zähmet okuwy otagynda öňden taýýarlanylan we mugallym bilen okuwçylaryň öz ýasan görkezme esbaplary bolmalydyr.

Okuw-görkezme esbaplaryny taýýarlan wagty mugallym şu aşakdaky talaplary göz önünde tutmaly:

1. Islendik görkezme esbaplar pedagogik, didaktik we usuly maksatlary öwrenmeklige berk jogap bermelidir. Okuwyň bilim berijilik, terbiýeleýjilik we ösdürijilik taraplaryna dogry gabat gelmelidir.
2. Görkezme esbaplar dogry, ykjam, artykmaç zatlardan halas bolmalydyr.
3. Görkezme esbaplaryň her bir bölekleri gowy görünýän we belli bir reňkde bolmalydyr.
4. Görkezme esbaplar çeperçilik we tehniki gözelligiň talaplaryna laýyk gelmelidir.

Okuw görkezme esbaplaryny iki topara bölmek bolýar. Olar

hakyky we şekillendirlen esbaplardyr. Hakyky görkezme esbaplara gural enjamlary, kagyz we kartonyň, matanyň, sapaklaryň, dürli serişdeleriň we ş.m. nusgalary degişlidir. Şekillendiriş görkezme esbaplara plakatlar, tablissalar, suratlar, görkezme tehnologik kartalar, tehniki suratlar, diafilmler we ş.m. degişlidir.

Görkezme esbaplary toplamak üçin mekdep müdirligi we ata-eneler kömek etmeli. Kagyzy, gaty kagyzy, renkleri satyn almak bolýar. Matalary, sapaklary almak üçin ene-atalar kömek etmeli. Tebigy serişdeleri okuwçylar gezelenç wagty ýygnamaly.



①



②





Kiçi ýaşly mekdep okuwçylaryň iş ýerleri sanitar - gigiýenanyň talaplaryna laýyk bolmaly. Iş ýerleri seresaplylyk düzgünlerine laýyk bolmaly. Gurallar stoluň üstünde seresaply we erkin bolmaly. Iş ýerlerini çagalaryň boýlaryna görä saýlap almaly. Çagalaryň boýuna laýyk gelýän iş ýerleriniň we enjamlarynyň amatly ýerleşişiniň meseleleri bilen ergonomika ylmy meşgullanýar. Ylmyň meselesi-ýokary öndürijilikli zähmete, ýagny, adamyň zähmet prosesindäki mümkinçiliklerine şertler döretmeklige gönükdirilendir. Şol bir wagtda adamyň iş başarnyklaryna, saglygyna, güýjüne zerur şertleri döredýär.

Okuwçylaryň iş ýerleri ergonomikanyň talaplaryna gabat gelmelidir. Okuwçy erkin bolmalydyr. Stoluň başynda okuwçy oturanda ýa-da turanda onuň kellesi azajyk öňe eglen bolmaly. Çaganyň egni stoluň gabadyna parallel bolmaly, oturan ýagdaýynda iki tirsegi stoluň üstünde bolmaly, aýaklary tagtanyň üstünde durmaly. Okuwçylar bilen stoluň aralygy 35 sm bolmaly.

Antropometrik ölçegleriň netijelerine esaslanyp, stoluň we oturgyçlaryň ölçegleri kesgitlenendir. Zähmet sapaklary üçin iş orny bir okuwçy üçin niýetlenendir.**Antropometriýa**-adam bedeniniň bölekleriniň ölçeglerini kesgitleýän ylymdyr.

| Okuwçylaryň boýlarynyň ölçegleri | | Oturgyçlaryň öçegleri | | | Stoluň öçegleri | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | Poldan beýikligi | Ini | Uzynlygy | Poldan beýikligi | Ini | Uzynly gy |
| 1 | 1.10-1.19sm | 48 sm | 30 | 30 | 60 | 50 | 60 |
| 2 | 1.20-1.29sm | 51 | 30 | 30 | 73 | 50 | 60 |
| 3 | 1.30-1.39sm | 54 | 30 | 30 | 78 | 50 | 60 |

Birinji sapakda mugallym okuwçylaryň boýlaryna görä iş ýerlerini saýlap alýar we okuwçylary berkidýär. Her bir işiň görnüşine görä mugallym iş ýerlerini ornaşdyrýar we gerekli serişdeleri, gurallary saýlap alýar.

## Zähmet okuwynyň otagyndaky içki düzgünler

Zähmet sapagynda okuwçylar hereket ediş endiklerini we başarnyklaryny gazanyarlar. Hereket edilýän wagty çagalaryň süňk we myşsa sistemasy berkeýär, dem alyş, ýürek sistemalarynyň işi has hem aňsatlaşýar.

Mälim bolşy ýaly, beýleki derslerden soň zähmet sapagyna geçmeklik bilen okuwçylaryň işjeňligi artýar.

Zähmet otagynyň ýörite içki düzgünleri bar:

1. Jaň kakylmazdan öň, okuwçylar otaga gelmeli (5 minut öňünden).
2. Otaga mugallymyň gözegçiliginde tertipli girmeli.
3. Nobatçy jaňdan öň synpa gelmeli we iş ýerlerini taýýarlamaly.
4. Iş başlamazdan öň okuwçylar ellerini ýuwmaly.
5. Hemme okuwçylar öz berkidilen ýerlerinde oturmaly.
6. Iş ýerlerini arassa saklamaly.
7. Tehniki howpsuzlygy we sanitar-gigiýena düzgünlerini, talaplaryny

berjaý etmeli.

8. Enjamlary we gurallary seresaplylyk bilen ulanmaly.

9. Okuwçylar arakesme wagty otagdan çykmaly.

10. Iş gutarandan soň, iş ýerlerini arassalamaly.

## Nobatçy üçin düzgünler:

**Sapakdan öň:**

1. Otagy sapaga taýýarlamaly, hek bilen üpjün etmeli, tagtany arassalamaly.

2. Okuwçylaryň arassaçylyk ýagdaýyna seretmeli.

3. Amaly işler üçin mugallymdan gerekli esbaplary almaly.

**Iş wagty:**

1.Iş ýeriniň arassaçylygyna seretmeli.

**Sapakdan soň:**

l. Otagyň howasyny çalyşmaly.

2. Görkezme esbaplary mugallyma tabşyrmaly.

Bu düzgünler bilen okuwçylary tanyş etmek üçin otagda esbaplary asmaly.

Is ýerini ornaşdyrmaklyga degişli esbaplary asmaly:

1. Işi soňuna çenli pikirlenmeli, onuň meýilnamasyny düzmeli, suratlary, eskizleri taýýarlap goýmaly.

2. Iş ýerini taýýarlamaly we gerekli gurallary saýlap almaly, olaryň işleýişlerini barlamaly. Stoluň üstünde gurallary dogry ýerleşdirmeli: sag eliň bilen işlenilýän gurallary sag tarapda goýmaly, çep eliň bilen işlenilýän gurallary bolsa, çep tarapda goýmaly.

3. Gurallary, serişdeleri tygşytly ulanmaly.

4. Işiň hiline gözegçilik etmeli, ölçeg we barlag gurallaryny ulanmaly.

5. Okuwçy işleýän wagty iş ýerini arassa saklamaly.

6. Işi gutarandan soň, gurallary we serişdeleri öz ýerinde goýmaly.

## Zähmet otagyndan edilýän gigiýeniki talaplar

Zähmet sapaklarynda okuwçylar hereket ediş endiklerini we başarnyklaryny ele alyarlar. Hereket ediş ýagdaýy okuwçylaryň süňk we myşsa sistemasyny berkidýär. Dem alyş we ýürek sistemasynyň işini kadalaşdyrýar, madda çalşygyny güýçlendirýär. Zähmet sapagy beýleki dersler bilen çalşylanda, okuwçylaryň işjeňligi artýar. Zähmet okuwynyň okuwçylaryň beden taýdan ösüşine oňyn täsir etmekligi üçin gigiýenanyň we gün tertibiniň dogry guralmagyny gazanmak zerurdyr. Okuwcylaryň iş operasiýalaryny we iş arasynda dynç almaklaryny olaryň ýaş aýratynlyklaryna görä guramaly. Şeýlelikde, işiň görnüşini ýagdaýa görä çalyşmaly we üznüksizligi 10 minutdan köp bolmaly däldir. Eger-de 10 minutdan köp bolsa, onda işiň arasynda düşündiriş gecirmeli. Bu işleriň ähmiýeti okuwçylary sapakda işjeňleşdirýär, saglyklaryny berkidýär we zähmet okuwynyň hilini ýokarlandyrýar. Zähmet sapaklarynda arassaçylyk şertlerini döretmeklik, esasan, daşky sreda: mikroklimata, otagyň howasyna, ýagtylyga, sese, iş ýeriniň ornaşdyrylyşyna bagly bolup durýar.

**Arassaçylyk boýunça talaplar**:

l. Okuwcylaryň iş ýerleri arassa bolmaly.

2. Otagyň içi ýagty we arassa bolmaly.

3. Yagtylyk çep tarapdan düşmeli.

4. Okuwçylar berkidilen ýerlerinde oturmaly.

5. 1şi başlamazdan öň okuwçylar ellerini ýuwmaly, is gutarandan soň bolsa ellerini sabyn bilen ýuwmaly.

6. Arakesmede otagyň howasyny çalyşmaly.

7. Zähmet otagynda lukmançylyk apteçkasy bolmaly.

8. Otagyň temperaturasy 18-20° bolmaly. Eger-de ondan ýokary bolsa penjiräniň fortoçkasyny açmaly.

9. Tehniki howpsuzlygyň düzgünlerini berjaý etmeli.

l0. Okuwçynyň parta bilen gözüniň arasy 35-20 sm bolmaly.

ll. Sapak gutarandan soň otagyň içini ýuwmaly we howasyny çalyşmaly.

12. Saglygy goramak üçin sanitar-gigiýeniki talaplary berjaý etmeli.

Ýumuşlar.

1. Günüň düşýän we düşmeýän tarapynda ýerleşýän zähmet otagyny reňklemek üçin haýsy reňkli gammalary saýlamalydygyny aýdyň.
2. Okuwçylaryň iş ornuny guramaklygyň ergonomiki talaplaryny sanaň.
3. Ýeketäkleýin we umumylykda ulanylýan iş gurallarynyň toparlaryny sanaň.
4. Zähmet okuwy otagynda görkezme esbaplaryň, edebiýatlaryň we tehniki resminamalaryň ýerleşişiniň meýilnamasyny düzüň.

## Zähmet okuwynyň usullary.
## Başlangyç synplarda zähmet sapagynda ulanylýan işjeň usullar

Zähmet şertlerinde esasy mazmun tehniki döredijilikde, oňa täzelikleri girizmekde we önümçilik bilen baglanyşdyrmakdaýüze çykýar. Bularyň hemmesi zähmet okuwynyň mekdepde ulanylýan usullarynyň täze görnüşleriniň durmuş bilen baglylygyny üpjün edýär. Zähmet okuwynyň täze görnüşini mesele–analitik ulgamy kesgitleýär.

Zähmeti okatmagyň usulyýetinde okuwyň üç tapgyry netijeliligi bilen tapawutlanýar. Birinji etapda aýratyn ýagdaýlara seredilýär we olary ýerine ýetirmek üçin ýumuşlar yzygiderli geçirilýär. Ikinji meselä tutuşlygyna garalýar, olarda ýumuşlar tabşyrylýar. Üçünji etapda bolsa, ähli tehniki proses öwrenilýär we ony alyp barmak boýunça ýumuşlar ýerine ýetirilýär. Bu usulyýet okuwa kyn meseleleýin elementleri goşýar, okuwçylaryň akyl we beden taýdan ukyplylygyny işjeň ýagdaýda ösdürýär, olarda politehniki bilimleri we endikleri kemala getirýär.

Umumy didaktiki kanuna eýerip, zähmeti okatmagyň usulýetiniň özüne mahsus bolan taraplary bar. Bu taraplar mekdep okuwçylarynyň işiniň aýratynlyklaryny, öwrenilýän tehniki prosesiň we zähmet hereketiniň häsiýetini, politehniki pikirlenmäniň ösüşini, tehniki ukyplylygy, politehniki başarnygynyň kemala gelmesini özünde jemleýär.

Häzirki zaman didaktikada usullaryň kesgitlenilişinde we toparlara bölünilişinde dürli çemeleşmeler bar. Olar maglumat çeşmesini we okuwçylaryň döredijilik işini dolandyrmakdaky görnüşlerini kesgitleýän ýörelgelerden we interaktiw usullardan ybaratdyr.

Başlangyç synplarda zähmet okuwynyň hilini gowulandyrmak maksady bilen dürli usullardan peýdalanmak zerurdyr. Umumy didaktikanyň usullary üç topara bölünýär:

I. Maglumat çeşmesini kesgitleýän usullar:

1. Dilden sözleýiş usuly.
   a) Gürrüň.
   b) Düşündiriş.
   ç) Söhbetdeşlik.
   d) Instruktaź.

2. Görkezip okatmak usuly.
3. Amaly usul.

II. Okuwçylaryň işiniň görnüşini kesgitleýän usullar:

1. Gözleg usuly.
2. Bölekleýin gözleg usuly.
3. Kyn mesele usuly.
4. Reproduktiw usuly.

III. Okuwçylaryň döredijilik işlerini kesgitleýän usullar:

1. Ewristiki gürrüň usuly.
2. Algoritm usuly.
3. Maksatnamalaşdyrylan usul.

Didaktikanyň kanunlaryna daýanyp, zähmet okuwynyň usullarynyň öz aýratynlyklary bar. Zähmet sapaklaryny gyzykly geçirmek üçin mugallym dürli usullary saýlap almaly.
Sapakda oýun elementlerini, problema ýagdaýlaryny, döredijilikli tabşyryklary geçirmeklik okuwçylaryň zähmete bolan gyzyklanmasyny artdyrýar. Zähmet sapaklarynda usullary goşup ulanyp bolýar. Bu hili ulanylýan usullar okuw prosesini ýokary derejä göterýär.

## Maglumat çeşmesini kesgitleýän usullar

Bu usulyň üç görnüşi bar: dilden sözleýiş, görkezip okatmak we amaly usullar. Zähmet okuwynda dilden sözleýiş usuly giňden ýaýrandyr. 1.**Dilden sözleýiş usuly:**
a) gürrüň ,
b) düşündiriş,
ç) söhbetdeşlik,
d) instruktaž
usullaryndan ybaratdyr.
**Gürrüň**- okuwçylara täze bilim bermekden ybaratdyr. Gürrüň gysga we düşnükli bolmalydyr. Gürrüň induktiw, deduktiw we genetik ýörelgelerinden durýar. Induktiw ýörelgelerinde mugallym okuwçylary tehnikanyň takyk obýektleri bilen tanyşdyrýar we kem-käsleýin jemlemäge geçýär. Deduktiw ýörelgelerinde mugallym okuwçylary täze düşünjeler bilen tanyş edýär we takyk mysallarda görkezýär. Genetik ýörelgelerinde mugallym obýektiň gelip çykyşy, taryhy barada düşünje berýär.

Gürrüň okuwçylaryň öň alan bilimlerine esaslanylýar, nazaryýetde alan bilimlerini amaly işlerde ulanmaklyga ugrukdyrylýar. Sapakda gürrüňe örän az wagt berilýär. Şonuň üçin ol gysga we düşnükli, sapagyň maksadyna we meselelerine laýyk bolmalydyr. Mugallym temany beýan edende, görkezme esbaplardan peýdalanmaly, täze terminleri dogry aýtmaly we synp tagtasyna ýazmaly.

Gürrüň şeýle didaktiki talaplary doly ýerine ýetirmeli: berilýän gürrüň başlangyç synp okuwçylary üçin dogry, düşnükli dilde, anyk bolmaly, pikirleniş yzygiderlilikde we olaryň güýçýeterliginde bolmaly.

**Düşündiriş-** az sözlülik bilen beýan edilýär. Işe taýýarlyk döwründe mugallym yzygiderli düşündiriş geçirýär. Iş ýerini ornaşdyrmaklygy, meýilnamasyny we çyzgysyny düzmekligi hem-de yzygiderliligini belleýär. Düşündiriş wagty mugallym çig mallaryň häsiýetleri, enjamlaryň gurluşy barada, zähmet operasiýalary barada düşünje berýär.

**Söhbetdeşlik-** pikir alyşmak görnüşinde geçirilýär. Diýmek, okuwçylara täze bilim bermek işinde sorag-jogap **alyşmak.** Mugallym ýolbaşçylygynda okuw maglumatlaryny düşündirýär we nazaryýet bilen amaly işleriň arabaglanyşygy kesgitleýär. Söhbetdeşlik sapagyň dürli döwürlerinde geçirilýär. Sapagyň başynda geçirilen söhbetdeşlik geçen tema bilen baglanyşykly bolmaly, öňki sapaklarda alan bilimlerini ýola goýmaga, iş üçin zerur bolan serişdeleri we gurallary kesgitlemeklige, zähmet prosesiniň yzygiderliligini göz öňünde tutmaklyga kömek edýär. Söhbetdeşlik okuwçylaryň aňyny işjeňleşdirýär we görkezme esbaplaryň üsti bilen hem geçirilip bilner. Amaly iş geçirilen wagty mugallym iş prosesi barada goşmaça maglumat berýär. Amaly iş gutarandan soň, jemleýji söhbetdeşlik geçirilýär. Onuň esasy maksady okuwçylary söhbetdeşlige çekmek, edilen işleri bahalandyrmak we işiň netijesini görkezmekdir.

Ylaýta-da, ewristika usulynda söhbetdeşligiň hyzmaty okuwçylaryň pikirleniş işini ýokary derejede işjeňleşdirmeklige, okuw meselelerini özbaşdak çözmeklige ýardam berýär. Eger-de hakyky zatlaryň suraty we şekili görkezilse, söhbetdeşlik hem edil gürrüň ýaly ynandyryjy bolar.

Amaly iş döwründe söhbetdeşligiň dowamynda mesele ýüze çykyp biler. Bu ýagdaýda mugallym zähmet işi barada goşmaça maglumatlary okuwçylaryň aňyna ýetirip biler. Amaly işden soň mugallym jemleýji söhbetdeşlik geçirip biler. Söhbetdeşligiň dowamynda mugallym okuwçylar bilen maslahatlaşýar. Şeýlelikde, olar öz işleriniň netijesini: kemçiligini we üstünligini ýüze çykaryp bilerler.

Önümçilige guralan gezelençden soň, söhbetdeşlik geçirmek bilim berijilik we terbiýeleýjilik ähmiýete eýedir.

1. **Instruktaź** – sözleýiş usulynda geçirilýär. Instruktaž geçirilende, onuň usulyny düşündirmeli. Onuň üç görnüşi bar: giriş, yzygiderli we gutarnykly **Giriş** instruktaźy sapagyň başynda geçirilýär. Mugallym okuwçylara öňde goýlan meseleler barada düşünje berýär. Işe gerekli esbaplary saýlap almaklygy, serişdeleri tygşytly ulanmagy öwredýär. **Yzygiderli** instruktaž sapagyň dowamynda geçirilýär. Mygallym okuwçylara işde goýberilen kemçilikleri görkezýär we olary düzetmegiň usulyny tapmaklyga gönükdirýär. **Gutarnykly** instruktaž işlere seljerme bermekden we şol işleri bahalandyrmakdan ybaratdyr .

2 **Görkezip okatmak usuly –** bu usul okuwçylaryň pikirleniş prosesini işjeňleşdirýär we okuw materiallaryny berk özleşdirmäge kömek edýär. Görkezip okatmak okuwçylara obýektde has umumy we mahsus zatlary tapmaklyga kömek edýär. Görkezme esbaplar takyk we ynandyryjy bolmalydyr. Mugallym köplenç halatda görkezip okatmaklygy düşündiriş bilen utgaşdyryp alyp barmalydyr. Görkezme esbaplar hakyky we

şekillendiriş esbaplary diýen iki topara bölünýär. **Hakyky** görkezme esbaplar: serişdeler, gurallar taýýar önümiň nusgasy we ş.m. bolup biler. Hakyky görkezme esbaplar görkezilende, okuwçylarda zähmet işlerine höwes döreýär we olaryň döredijilik gözlegleri, teklipleri artýar. **Şekillendiriş** esbaplaryna: maket, model, tablissalar, suratlar, çyzyklar, diafilmler, tehnologik kartalar we ş.m. degişlidir. Zähmet sapaklarynda şekilendiriş görkezme esbaplaryny ýazuw üsti bilen düşündirmeklik giňden ýaýrandyr.

Önümiň nusgasyny synlamak netijesinde çagalar işi nämeden başlamalydygyny, haýsy serişdelerden bu işi ýasap boljakdygyny, haýsy gurallaryň kömegi bilen amala aşyryp boljakdygyny özleri gurnaýarlar. Zähmet okuwy sapaklarynda görkezip okatmaklygy ewristik gürrüň bilen utgaşdyryp alyp barmaklyk has-da ähmiýetlidir.

Iki görnüşdäki görkezme esbaplar hem okuw terbiýeçilik proseslere we okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryna laýyk bolmalydyr.

**3. Amaly usul.** Zähmet sapaklarynda okuwçylar umumy politehniki endikler bilen tanyş bolýarlar: işi proektirlemek, zähmet prosesiniň meýilnamasyny düzmek, iş ýerini ornaşdyrmak, dürli operasiýalary ýerine ýetirmek we ş.m.

**Başarnyk-** bu bilimleriň amaly taýdan ulanylyşydyr. Bilim başarnyk derejesi bilen deň däldir. Mysal üçin: okuwçy gaýçy bilen nähili gyrkmalydygyny bilýär, ýöne gaýçy bilen işläp bilenok. Şeýlelikde, bilimi başarnyga öwürmek üçin goşmaça instruktažlary we maşklary geçirmeli. Okuw prosesinde başarnynyklygy okuwçy esasan mygallymdan öwrenýär, ýöne onuň öz höwesi bolmalydyr. Zähmete politehniki taýýarlyk prosesinde başlangyç synp okuwçylarynda üç esasy başarnygyň toparlary kemala gelýär:

1. Politehniki başarnyk- ölçemek, hasaplamak, tehnologiýa.
2. Umumy zähmet başarnygy- guramaçylyk, konstruktorçylyk.
3. Ýörite zähmet başarnygy- kagyzy, matany, kartony, dürli serişdeleri işläp taýýarlamak.

Başarnyklygy kemala getirmek işinde okuwçylaryň amaly işleri bilen baglanyşdyrmaly.Şonuň üçin başarnyklygy kemala getirmegiň usulyna okuwçylaryň işleriniň görnüşlerini girizmeli.

### Okuwçylaryň döredijilik işlerini kesgitleýän usullar

Ýokarda agzalan okuwyň usullaryna çagalaryň bilesigelijilikli işlerini dolandyrmakda ulanylýan serişde hökmünde garamak bolýar.Okuw prosesinde okuwçylaryň öwrenýän döwründe olaryň işlerini barlamak we gözegçilik etmek maksady bilen amatly we netijeli usullardan peýdalanmaly.

Okuwçylaryň döredijilik işlerini dolandyrmakdaky kesgitleýji usullary ewristik gürrüňiň kömegi bilen berilýän ugrukdyryjy maslahatlar,

algoritmiň kömegi bilen bagly ugrukdyryjy usullar we maksatnamalaşdyrylan usullardiýen üç topara bölmek bolýar.

Okuw döwründe ewristik (giňişleýin) gürrüň usul hökmünde sorag-jogap görnüşinde mugallym tarapyndan amala aşyrylýar.Şunuň ýaly gürrüň, birinjiden, okuwçylaryň nazaryýetde alan bilimlerini amaly işlerde ulanmaklyga ugrukdyrýar, ikinjiden, - okuwçylar belli bir meseläni özbaşdak çözmeklige çalyşýarlar, üçünjiden, - takyk ýagdaýlary bahalandyrmagy başarmaly.

Ugrukdyryjy **algoritm** usuly meseläni çalt we gysga ýol bilen çözmekligi kesgitleýär hem-de okuwça umumy işleriň maksadyny görkezýär, logiki yzygiderlikde işi ýerine ýetirmekligi talap edýär.Algoritm usuly doly ýerine ýetirilende, okuwçy meseläni hökman dogry çözmekligi başarar. Ewristik gürrüňi algoritmiň okadyjy usullaryny okuwçylaryň bilesigeliji işlerini maksatnamalaşdyrylan usul bilen baglanyşdyrmaly.

**Maksatnamalaşdyrylan** usul özbaşdak okuw hasap edilýär. Mugallymyň maglumat bermegini we olary okuwçylaryň özleşdirmeklerini maksatnamalaşdyrylan görkezme esbaplar özüne çekýär we okuwçylardan has işjeňligi talap edýär. Okuwda öňe gitmek üçin okuwçy soraglara jogap bermeklige, meseläni çözmeklige we amaly işleri ýerine ýetirmeklige çalyşmaly bolýarlar.Her bir maksatnamalaşdyrylan okuw materialy maglumaty we soragly-ýumuşy özüne çekýär, okuwçy bolsa jogabyny gözläp tapmaly bolýarlar.

Amerikaly alymlar B.Skinner we N.Krauder öz işlerinde maksatnamalaşdyrylan usuly şeýle görkezýärler. B.Skinneriň maksatnamalaşdyrylan usuly göni çyzyk görnüşinde yzygiderli ýerleşen. N.Krauderiň görkezýän usulynda maglumatlar we soraglar köp şahaly agaç görnüşinde ýerleşen bolýar. B.Skinneriň ulgamy boýunça okuwçylar berlen ýumuşlary çalt ýerine ýetirýärler, çünki berlen ýumuşlar agajyň her bir şahasynda (gol görnüşinde) ýerleşýär.Şonuň üçin okuwçylar jogaplary köp gözlemeli bolýarlar.Bu maksatnamalaşdyrylan usul ýörelgesi boýunça düzülen esbap sahypalary çalşyrylan kitaby ýadyňa salýar.Okuwçy haçan-da tabşyrylan maglumatyň esasyny we dogry jogabyny tapsa, şonda gerekli sahypa düşýär.Göni çyzyk görnüşinde ýerleşen jogaby okuwçy düzýär, döredýär,çylşyrymly görnüşinde okuwçy birnäçe jogaplardan dogrusyny saýlap alýar.

B.Skinneriň we N.Krauderiň maksatnamalaşdyrylan ulgamlary biziň mekdeplerimizde öz ornuny tapmady.

Zähmet okuwy sapaklarynda çyzykly-wariant maksatnamasy täzeden işlenilendir. Bu bolsa okuwyň synp-sapak ulgamyny bozmazdan, okuw prosesine aýratynlykda seretmäge mümkinçilik berýär.Zähmet okuwynda maglumatlar bir tema boýunça üç wariantda berilýär. Birinji wariantda zähmet okuwynyň maksatnamasyna laýyklykda berilýär. Ikinji we üçünji wariantlarda belli bir tema boýunça maksatnama goşmaça okuw materialy girizilýär.Okuwçylaryň işi maksatnamanyň birinji warianty boýunça başlaýar, ondan soň ikinji we üçünji wariantlara geçýärler. Okuwçylar tegelegi sektorlar boýunça taýýarlanlarynda, ilki bilen iki sektorly tegelegi

taýýarlaýarlar, eger-de olaryň wagty galan bolsa, olar dört sektorly tegelegi ýasamaga girişýärler. Bu işlerden soň hem wagt galsa, onda okuwçylar üç sektorly we ş.m. tegelekleri taýýarlamaga başlaýarlar.

Şeýlelikde, çyzyk- wariantly maksatnama okuw prosesine aýratynlykda seretmek bilen sapagyň gurluşyny bozmaýar hem-de her bir okuwça öz güýjüne we başarnygyna görä işlemeklige mümkinçilik berýär.

Häzirki döwürde maksatnamalaşdyrylan usul kompýuterleriň kömegi bilen amala aşyrylýar.

## Okuwçylaryn işleriniň görnüşlerini kesgitleýän usullar

Okuwçylaryň işleriniň görnüşleri boýunça usullar reproduktiw (gaýtadan döretmek), bölek gözleg, problema (kyn mesele) we gözleg usullary diýen birnäçe toparlara bölünýärler.

**Reproduktiw usul**- başarjaňlylygy kemala getirmeklige, maglumaty ýatda saklamaklyga we gaýtadan döretmeklige ýardam edýär. Sözleýiş usulyny, demonstrasiýa usuly bilen bilelikde düşündiriş - illýustrasiýa usullary diýip häsiýetlendirmek bolar. Bu usullar, esasan, söz üsti, hakyky obýektleri görkezmek üsti we grafiki şekillendirmek arkaly bilelikde mälim edilýär. Düşündiriş - illýustrasiýa usulynda berilýän bilimler gowy netije bermeli, çünki okuwçylar maglumaty ýatda saklaýarlar we ony gaýtadan işleýärler. Bilimleriň hilini ýokary derejä galdyrmak bilen bilelikde okuwçylaryň işlerinin usulyny hem tapmaly. Şonuň üçin zähmet sapaklarynda ugrukdyryjy maslahatlara - tärleri düşündirmeklige uly üns bermeli. Amaly işler ýerine ýetirilýän wagty, reproduktiw iş okuwçylara gönükme görnüşinde berilýär. Kagyzy göni çyzyk boýunça gyrkmak üçin 10 gönükme geçirmeli, ýöne kitaby çyzgyç we pyçak bilen kesmek üçin 100 sany gönükme geçirmeli.

Başlangyç synp okuwçylary bir işiň üstünde köp işlänlerinde ýadaýarlar, şonuň üçin her gezek berlen ýumuşlara täzelikleri girizmeli. 2-nji synpyň okuwçylaryna eplemek usulynda tohum üçin haltajyk, gaýyjak, güljagaz we başgada birnäçe zatlary ýasamagy öwretmeli. Bu usulda kagyzy gyrkmagyň birnäçe görnüşlerini tabşyrmak bolar.

**Bölek gözleg usuly** - ewristik gürrüňden durýar. Bu usulyň mazmuny:

okuwçylaryň öňünde goýulýan meseleleri doly çözmeklige mümkinçilik berýär.Cünki, birnäçe soraglary olar özbaşdak çözmeli. Okuwçylaryň özbaşdaklygyny, döredijilik inisiatiwasyny ösdürmek üçin mugallym birnäçe tärleri ulanmaly bolyar. Birinji döwürde mugallym okuwçylary tehnologik karta bilen işlemekligi ugrukduryar.Tehnologik kartada işin yzygiderligi doly görkezilýär, ýöne bu ýerde birnäçe ýumuşlar hem göz öňbne tutulmaly.Okuwçylar şol görkezilen ýumuşlary özbaşdak çözmeli bolyarlar.Bu ýumuşlardaky oýlandyryjyýalňyşlary kem-kemden köpeltmeli. Şonda okuwçylar ýumuşlary düzedýärler, höwesli ýerine ýetirýärler. Depderler üçin gap ýasan wagty okuwçylar birnäçe iş proseslerini gözläp tapmaly bolýarlar. Şonuň bilen birlikde aşakdaky meseleleri çözüp, näçe sany bölek taýýarlamalydygyny, gabyň beýikligini, inini, uzynlygyny okuwçylar özleri kesgitleýärler. Bölek gözleg iş geçirilen wagtynda, okuwçylar taýýar önüm barada düşünje alýarlar, işiň yzygiderligini düzýärler, iň soňunda tehnologik prosesleri ýerine ýetirýärler.

**Kyn mesele (problema) usuly**. Okuwcylaryň öňünde goýulýan meseleler döredijilik işlerinde çözülmelidir. Bu usul okuwçylaryň ylmy-logiki pikirlerini artdyrýar. Kyn mesele usulynyň elementlerini zähmet sapaklarynda 2-nji we 3-nji synplarda girizilmeli. Mugallym okuwçylar bilen tejribe geçirýär: Suwly stakanyň içine bir bölejik folga kagyzyny taşlap, okuwçylara syn etdirýär. Folga stakanyň düýbüne çökýär. Mugallym okuwçylardan folga stakanyň düýbüne çökmeginiň sebäbini soraýar. Folgadan mugallym gutujyk ýasap ýene şol suwly stakanyň içine salýar. Gutujyk suwuň ýüzünde çökmän durýar. Şunuň ýaly ýagdaýlarda okuwçylaryň öňünde mesele ýüze çykýar. Mugallym bu meseläni çözmeklige kömek etmeli. Mugallym gutujygyň içinde howa barlygy sebäpli suwuň ýüzünde durýar, ýöne bolejik kagyz suwdan agyrlygy üçin suwda çökýär diýip okuwçylara düşündirýär. Bulardan başga-da mysallary getirmek bolar: gäminiň suwda ýüzmegi, uçaryň asmanda uçmagy we ş.m. Kyn mesele ýagdaýlaryny çözmek üçin mugallym düşündiriş, gürrüň,

görkezme esbaplylyk(demonstrasiýa) usullaryndan peýdalanýar.

**Gözleg usuly** okuwçylaryň döredijilik işleriniň iň ýokary basgançagydyr diýip hasap etmek bolar. Gozleg usuly okuwçylaryň bilimini, başarnyklygyny kemala getiryar. Bu usuly ulanmaklyk okuwçylary ylmy gözlege ýakynlaşdyrýar. Mälim bolşy ýaly, ylymda gözleg usuly mazmuny boýunça okuwyň gözleg usulyndan tapawutlanyar.Ylymda barlag geçiriji jemgyýet üçin täze prosesleri açýar: okuw prosesinde bolsa okuwçy şol prosesleri diňe özüne çekip alyar. Mugallym okuwçylaryň öňünde özbaşdak gözleg geçirmek üçin mesele goýýar. Zähmet sapaklarynda döredijilik işlerine ýol açmak üçin gözleg usuly ulanylýar.

Kagyzyň alamatlaryny kesgitlemek üçin mugallym okuwçylara tablissany çyzmaklygy tabşyrýar.Mysal üçin: Haýsy kagyzy saýlap almaly? Okuwçylar kagyzyň alamatlaryny kesgitläp, tablissany doldurýarlar.

| Alamaty | Yazuw kagyzy | Gazet | Kalka kagyzy | Surat kagyzy |
|---|---|---|---|---|
| Reňklemek | Hawa | - | + | + |
| Gatylygy | Hawa | - | + | + |
| Berkligi | Yok | - | + | + |
| Galyňlygy | Yok | - | - | + |

Tablissany ýazandan soň okuwçylar netije çykarmaly.Diýmek, gaýyjagy ýasamak üçin iň amatly kagyz- surat kagyzydyr.

Syn etmegiň hem-de tejribe geçirmegiň netijesinde okuwçylar özbaşdak umumy netije çykarýarlar.

## Okatmaklygyň interaktiw usuly

Ýurdumyzda bilim ulgamyny üýtgedip, ony döwrüň talaplaryna laýyklykda täzeçe gurmak meselesine uly üns berilýär. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow özüniň aýgytly

dünýägaraýşyny – „Döwlet adam üçindir“ diýen şygaryny durmuşa geçirmek bilen, ýurtda amala aşyryljak özgertmeleriň ugruny anyk belledi.

Bilim ulgamynda hem düýpli özgerişikler amala aşyrylýar. Milli bilim ulgamyndaky özgertmeleriň möhüm ugurlarynyň biri hem halkara tejribesini çüňňür özleşdirmekden, ýurdumyzyň we dünýä ylmynyň soňky gazananlaryny, täze öňdebaryjy tehnologiýalary hem-de usulnamalary (metodika) öwrenmekden hem ony okuw prosesine girizmekden ybaratdyr.

Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan başy başlanan giň gerimli bilim özgertmeleriniň aktuallygy we döwrebaplygy bu ulgamyň durmuşyň depginine eýermelidigi, jemgyýetçilik, ylmy we medeni progresiň netijelerini hasaba almalydygy bilen şertlenendir. Şonuň üçinem belli bir wagtyň dowamynda bilimde üýtgeşmeler, üstüni ýetirmeler, täzelenen konsepsiýalaryň (esasy ýörelgeleriň) kämilleşdirilmegi we döredilmegi hökmany bolup durýar. Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan okuw prosesini kämilleşdirmekde daşary ýurt tejribesiniň öwrenilmegi geçirilýän özgertmäniň esasy maksatlarynyň birini kesgitlemäge, ýagny Türkmenistanyň bilim ojaklarynda multimediýa tehnologiýalaryny we okatmagyň interaktiw usullaryny girizmek arkaly, ýurdumyzyň bilim ulgamynda dünýä derejesine ýetmäge mümkinçilik berdi. Okatmagyň bu häzirki zaman usullary häzir dünýäniň bilim tejribesinde giňden ulanylyp, ýokary netijeleri berýär.

**Multimediýa** – iňlisçeden terjime edilende, maglumatlaryň we okatmagyň dürli görnüşli serişdeleriniň bir wagtda ulanylmagy diýmekdir. Okuwçylara bilim bermegiň häzirki zaman serişdeleriniň esaslarynyň biri kompýuter bolup durýar. Ulanylmaga berlen täze mekdepleriň okuw otaglary gaýragoýulmasyz kompýuter tehnikasy, sensor ekranly interaktiw mekdep tagtasy, sapaklara öňünden taýýarlanmaga niýetlenen geçiriji planşet, okuwçylaryň bilimi özleşdirişini barlamak üçin birlaý pultlar hem-de ähli ulgamy dolandyrmaga niýetlenen kompýuter bilen doly üpjün edilendir.

„Interaktiw“ sözi „interakt“ diýen işlis sözünden gelip çykyp, ol „özara

baglanyşmak, özara gatnaşykda bolmak, bir-birege täsir etmek“ ýaly terjime edilýär. Interaktiw okuw diýlende, okuwçynyň töwerekdäki okuwa dahylly zatlar hem-de adamlar (mugallym, synpdaşlary, kompýuter we ş.m.) bilen işjeň aragatnaşykda bolýan okuwyna düşünmeli. Interaktiw okuwda sapaklar okuwçylaryň bary akyl ýetiriş prosesine başbitin berler ýaly ýagdaýda bolup, okuw materiallaryny özleşdirmegine şahsy goşandyny goşar ýaly derejede geçirilmelidir. Interaktiw okuwyň (metodika taýdan) netijeliligi, ilkinji nobatda, mugallymyň ussatlygyna baglydyr. Hut mugallym oňaýly ýagdaýy döretmek arkaly, okuwçylar bilen aýratynlykda, iki-ikiden we toparlaýyn işleri gurnamak ýoly bilen sapagyň maksadyna ýetmegini gazanmalydyr. Munuň üçin sapaklarda dürli hili döredijilikli ýumuşlar, görkezme esbaplary, köpdürli oýunlar ulanylýar, ýazmaça we dilden materiallar, kompýuter we beýleki maglumat çeşmeleri bilen işjeň ýagdaýda iş geçirilýär. Şeýle şertlerde okuwçylar özleriniň akyl taýdan gor baýlygyna eýediklerini duýýarlar, şeýlelikde, okuw prosesi has netijeli bolýar. Interaktiw okuw ýalňyz çykyş edýäniň agalyk etmegini we ýeke-täk pikiri aradan aýyrýar. Häzirki zaman mugallymçylyk tejribesinde okatmagyň interaktiw görnüşiniň, esasan, okuwçylaryň alan täze maglumatlaryna akyl ýetirmegine, işjeň pikirlenmegine, bilimi esasly özleşdirmegine ýardam berýän usullary ulanylýar. Bu usullar okuwçylarda bar bolan bilimleriň ulanylmagyna, alnan täze maglumatlara gyzyklanma oýarmaga, berilýän bilimlere olaryň şahsy çemeleşişini emele getirmäge gönükdirilendir.

Eýsem, okatmagyn interaktiw usuly - okuwçylaryň geçilýän temalara akyl ýetirip bilmeginde her bir okuwçyny sapaga höweslendirip bilýän ýollardyr. Bu usulyň ähmiýeti mugallym öziniň guraýan her bir okuw-terbiýeçilik çäresiniň okuwçylaryň isleg-arzuwlaryna laýyk bolmagyny, olary sapaga işjeň gatnaşdyrmaklygy gazanmakdan ybaratdyr. Munuň üçin okuw- terbiýeçilik işleriniň dürli guramaçylyk görnüşlerinden, usullaryndan döredijilikli peýdalanmaga çalyşmalydyr. Tejribäniň görkezişi ýaly, şol bir görnüşde okuw-terbiýeçilik işleriniň guralmagy,

okuwçynyň okamaga, bilim almaga bolan islegine özüniň zyýanly täsirini ýetirýär. Şonuň üçin okatmagyň interaktiw usullarynyň okuwçynyň sapaga bolan höwesini artdyrmakda uly ähmiýeti bardyr.

Şeýlelikde, döwletimiziň orta, ýörite we ýokary okuw mekdeplerinde okuwyň häzirki zaman usullarynyň ulanylmagy başy başlanan milli bilim ulgamyndaky özgertmäniň üstünlikli durmuşa geçirilmegine mümkinçilik berýär. Bu özgertme tutuş türkmen jemgyýetçiliginiň, ilkinji nobatda bolsa, bilim ulgamynyň işgärleriniň gyzgyn goldawyna eýe boldy. Şonuň üçinem her bir mugallym ýaş nesle – beýik türkmen milletiniň akyl-paýhas goruna bilim, terbiýe bermekde özüniň ýokary jogapkärçiligini duýmaga borçludyr.

Ýumuşlar.

1. Okuw prosesine kesgitleme beriň.
2. Maglumat çeşmelerini kesgitleýän usullary häsiýetlendiriň.
3. Dilden sözleýiş usulyny häsiýetlendiriň.
4. Interaktiw usulynyň ähmiýetini düşündiriň.

## Zämet okuwy sapagy.

## Zähmet sapagynyň ayratynlyklary we görnüsleri

**Sapak**-okuw-terbiýecilik prosesiniň esasy görnüsi bolup durýar. Eger-de sapakda çagalaryň okuw, terbiýeçilik we ösüş meseleleri kompleksleyin çözülýän bolsa, şol sapaklar pedagogik maksadyna ýetdigi diýip hasap edilýär. Häzirki döwrüň talaplaryna laýyk sapaklary geçirmek üçin ýokarda agzalan usullary, tärleri saýlap almaly.

Beýleki derslere garanyňda, baslangyç synplarda zähmet okuwy sapaklarynyň öz aýratynlyklary bar:

1.Sapagyň esasy wagty amaly islere berilýär.

2.Zähmet sapaklarynda tehniki howpsuzlyk düzgünlerini berjaý etmeli.

3.Zähmet sapaklarynda taýýarlanan zatlar we predmetler jemgyýete peýdaly bolmalydyr (ýasalan zatlary mekdep möçberindäki sergide görkezmek, çagalar baglarynda sowgat gowşurmak we ş.m. maksatlar bilen peýdalanylýar ).

4.Sapakda ýasalan zatlar belli bir didaktiki maksada gönükdirilen bolmaly.

5.Zähmet sapaklarynda okuwçyda oňyn häsiýetler terbiýelenyär: Watana söýgi, ulynyň işine hormat goýmak, zähmeti söýmek, birek-birege kömek

etmek, tertiplilik, kollektiwde işlemek, gozellik duýgularyny ösdürmek we ş.m.

6.Zähmet sapagynda dürli usullardan peýdalanmak.

7.Zähmet sapagynda öý işi berilmeýär, sebäbi okuwçylar amaly işde işi 30 minutyň dowamynda doly ýerine ýetirmeli.

8.Zähmet sapagynda 2-lik baha goýulmaýar, sebäbi ýarym sagadyň dowamynda okuwçy 3-lige ýeter ýaly işi ýerine ýetirip biler.

**Zähmet sapagynyň görnüsleri.** Zähmet sapagynyň görnüşleri dürli kriteriýalar boýunça kesgitlenilýär.Käbir usulýyetçiler sapagyň görnüşlerini seýle kesgitleýäler: birinji topar usulyýetçileri mazmunyna görä-kagyz, mata, tebigy serişdeler bilen işlemek we tehniki modelirlemek işlerini geçirmek; ikinji topardaky usulyýetçiler-sapaklary geçiriş usuly diýip atlandyrýarlar. Mysal üçin: gezelenç sapaklary, kino sapaklary, özbasdak iş sapaklary; üçünji topardaky usulyýetçiler-sapagyň görnüşlerini okuwyň maksady diýip atlandyrýarlar. Mysal üçin: politehniki bilimleri we zähmet endiklerini kemala getirmek, bilimleri we endikleri berkitmek, garyşyk sapaklar.

Sapaklaryň gornüşlerini kesgitlemeklik haysy hem bolsa bir alamatlaryň esasynda guralýar.

Häzirki döwürde sapaklaryň görnüşlerini kesgitlemek üçin usulyýetçiler dürli alamatlary göz öňüne tutup, olaryň häsiýetlendirilmekligi arkaly gurluş birligini almaly bolýarlar. Munuň ýaly çemeleşme sapaklary aýry-aýry seredilmän, iki topara bolünýär: ýönekeý we çylşyrymly.**Ýönekeý sapaklar** birnäçe meňzeş elementleri özünde jemleýär we belli bir didaktiki maksady ýerine ýetirmekligi talap edýär. Mysal üçin: kagyzyň hilini öwrenmek, kagyzy eplemek endiklerini kemala getrmek, kagyzy gyrkmak endiklerini berkitmek we ş.m. **Garyşyk sapaklar** birnäçe meňzeş däl elementlerden durýar we birnäçe didaktiki maksatlary ýerine ýetirmekligi talap edýär.

Garyşyk sapaklara bu aşakdakylary mysal getirmek bolar: kagyzlaryň hilini öwrenmek we kagyz bilen işlemek endiklerini kemala getirmek sapaklary, kagyzyň ýüzünde bellikleri etmekligi öwretmek sapaklary we kagyzy eplemek, gyrkmak, birleşdirmek endiklerini berkitmek sapaklary. Birinji ýagdaýda mugallym okuwçylaryň öwrenijilik işlerine ýolbaşçylyk edýär: gürrüň edýär, düşündirýär, instruktaž geçirýär. Ikinji ýagdaýda mugallym okuwçylaryň öwrenijilik işlerine ýolbaşçylyk edip, şol işlere kyn meseleleri goşýar, okuwçylaryň özbaşdak işlerine syn we gözegçilik edýär.

## Zähmet sapagynyň gurluşy

Zähmet sapagynyň gurluş maksady, mazmuny, çagalaryň ösüş derejesi we mekdebiň okuw-üpjünçilik bazasy bilen kesgitlenilýär. Her bir takyk ýagdaýda mugallym sapagyň gerekli gurluşyny saýlap alýar, çünki ol gurluş okuwçylaryň öňünde okuw-terbiýeçilik meselelerini netijeli çözýär.

Mekdep tejribesinde giňden ýaýran sapagyň gurluşy bäş etapdan durýar: 1.Guramaçylyk döwri; 2.Täze temany beýan etmek; 3.Amaly iş; 4. Ýerine ýetirilen işlere seljerme bermek; 5.Sapagy jemlemek.

Guramaçylyk döwrüne 3 minut wagt berilýär. Täze temany beýan etmek we meýilnamalaşdyrmaklyga 5 minut wagt berilýär.Amaly işlere we goşmaça düşündirişe 30 minut wagt berilýär.Okuwçylaryň ýerine ýetiren işlerine seljerme bermek üçin 4 minut wagt berilýär.Sapagy jemlemäge 3 minut wagt berilýär.

Politehniki ugurda geçirilen sapak birnäçe elementleri özünde jemleýär:

1.Işi soňuna çenli proektirlemek we iş prosesini meýilnamalaşdyrmak (konstruktorçylyk funksiýasy)

2.Iş ýerini ornaşdyrmak(kömekçi funksiýalar)

3.Ölçeg, hasap, bejeriş, birleşdirme operasiýalaryny ýerine ýetirmek(tehnologik funksiýalar)

4.Öz işini hasaba almak we barlamak(psihologik we tehnologik funksiýalary)

Sapagyň gurluşy ýiti bolmaly. Sapaklary gurşap alýan şertlere görä üýtgedip bolýar. Mysal üçin, çylşyrymly işler 2 sagada bellenen: birinji sapakda okuwçylar işe taýýarlyk görýärler we işi ýerine ýetirýärler, ikinji sapakda proektirlemek we meýilnamalaşdyrmak elementleri ýok.

## Sapagyň gurluşynyň doly düşündirilişi

I. **Guramaçylyk döwri** okuwçylaryň sapaga taýýarlygyny barlamakdan başlanýar. Eger-de birnäçe okuwçylarda serişde ýetmese, mugallym olary gerekli serişdeler bilen üpjin etmeli. Okuwçylaryň sapaga doly taýýarlygyny barlandan soň, mugallym sapaga başlamaly.

II. **Zähmet sapagynyň täze temasy** söhbetdeşlik, instruktaž, görkezme usullary boýunça geçirilýär. Nusga görkezilen wagty mugallym okuwçylar bilen sorag-jogap alyşýar: „Bu iş näme üçin göwnüňize ýarady?“ we ş.m. Söhbetdeşlikden soň mugallym sapagyň maksadyny belleýär. Gürrüň geçirilen wagty okuwçylar gerekli möçberde serişdeleri saýlap alýarlar, haýsy gurallary ulanmaly, haýsy yzygiderlikde işi ýerine ýetirmeli, öz işini nähili barlamaly. Täze temany beýan etmeklik gysga instruksiýa bilen jemlenýär: özbaşdak işlemegiň düzgüni, tehnologik resminamalaryň ulanylyşy.

III. **Amaly iş** sapagyň esasy wagtyny tutýar. Amaly iş döwründe okuwçylar esasan özbaşdak işleýärler. Işiň netijesi hem okuwçylaryň özbaşdaklygyna bagly. Ýöne özbaşdak işler mugallymy okuw prosesinden daşlaşdyrmaýar. Mugallym her bir okuwçynyň işine gözegçilik edýär we kömek berýär, gerekli ýerinde goşmaça instruktaž geçýär. Instruktaž döwründe mugallym okuwçylaryň goýberen ýalňyşlaryny görkezýär we olary düzetmegiň ýollaryny belleýär. Şol wagtda mugallym okuwçynyň işini ýerinie ýetirenok-da, eýsem okuwçyny şol ýalňyşlary düzetmäge ugrukdyrýar. Mugallymyň maksady–okuwçynyň goýberjek ýalňyşynyň öňüni almakdyr.

Sapakda okuwçylaryň amaly işiniň derejesi örän giňdir: ol işiň netijesini konstruktirlemegiň dürli işlerini özüne çekýär, olar iş prosesini meýilnamalaşdyrmaklygy, iş ýerini ornaşdyrmaklygy, tehnologik operasiýalary ýerine ýetirmekligi, öz-özüni barlamagklygy amala aşyrmalydyrlar. Munuň ýaly giňişleýin işler geçirilende okuwçylaryň hemmesi üçin ýumuşlar gyzykly we güýçýeterli bolsa, şol sapaklar maksadyna ýetdi diýip hasap etmeli. Her bir soňky amaly ýumuşlar özüne köne elementleri we täze nätanyş elementleri goşýan bolsa, şol sapaklar üstünlikli hasaplanylýar.

IV. **Ýerine ýetirilen işlere seljerme bermek** sapagyň soňunda geçirilýär. Jemlemek esasanam okuwçylaryň eden işlerini bahalandyrmakdan ybarat. Eger-de berlen ýumuş doly ýerine ýetirilmese, mugallym umumy häsiýetde seljerme berýär.Taýýarlanan işlere seljerme bermekde, okuwçylary işjeň gatnaşdyrmaly, işiň üstünliklerini we kemçiliklerini görkezmeli. Işleri jemlemekde mugallym okuwçylaryň iş ýerlerinde taýýarlan zatlaryna seljerme bermeli. Şol ýagdaýda okuwçylara baha düşündirilýär, okuwçy şonda pes ýa-da ýokary ball goýulýandygyny aňlaýar.

V. **Sapagy jemlemek.** Sapagy jemlemek üçin mugallym okuwçylar bilen sorag-jogap alyşýar:

- Sapakda nähili täzelikleri eşitdiler?
- Haýsy serişdeler bilen işlediler?
- Taýýarlan işlerini nirelerde ulanmak bolýar?

Berilýän soraglary giriş gürrüňi boýunça düzmeli.Sapagyň soňunda mugallym nobatçy bilen okuwçylaryň iş ýerlerini barlaýar we işleri bahalandyrýar.

**Okuwçylaryň işlerini bahalandyrmak üçin şu aşakdaky kriteriýalary göz öňünde tutmaly.**

1) Önümiň takyk taýýarlanylyşyny; 2) Wagtyň möçberini; 3) Okuwçynyň bilimini; 4) Zähmet tärlerini dogry ýerine ýetirmekligi; 5) Iş ýeriniň ornaşdyrylyşyny; 6) Tehniki howpsuzlygyň düzgünleriniň berjaý edilişini.

Ýokardaky hemme talaplar ýerine ýetirilse, bäşlik baha goýulýar. Eger-de iş wagty doly sarp edilmese, howpsuzlyk düzgünlerinde we iş ýerinde, jogap berlende az-kem ýalňyş göýberilen bolsa, şol ýagdaýda dötlük baha goýulýar. Sanalylan kriteriýalardan, möçberden wajyp üýtgetme bolýan bolsa – üçlük baha goýulýar. Zähmet sapaklarynda başlangyç synplarda ikilik baha goýulmaýar. (Okuwçylara işi gowy ýerine ýetirmänligini görkezmeli). Seredilen kriteriýalary görelde diýip hasap etmeli. Eger-de okuwçy işi takyk ýerine ýetiren bolsa, ýagny 4–lük okuw materialyny 5-lige bilýän bolsa, galan işleri „3“ ýerine ýetirse, şol ýagdaýda „4-lük “ baha goýulýar.

## Mugallymyň zähmet sapagyna taýýarlygy

Zähmet sapaklarynda gowy netije gazanmaklyk esasan mugallymyň sapaga taýýarlygyna bagly bolup durýar.Mugallym sapaga taýýarlyk gören wagtynda şulary göz öňünde tutmalydyr:

1. Sapagyň gurluşuny pikirlenmeli;
2. Dürli usullardan peýdalanmaklygy;
3. Gerekli serişdeleri, gurallary, tehnologik kartalary, görkezme esbaplary taýýarlamaly.

Mugallymyň sapaga taýýarlygyny iki etaba bölmek bolýar:

1. Öňden taýýarlyk.
2. Yzygiderli taýýarlyk.

**1.Öňden taýýarlyk**-görülende mugallym sapaga gerekli serişdeleriň hilini öwrenýär (kagyzyň,kartonyň,matanyň we dürli serişdeleriň).Şol serişdeleriň önümçiligi bilen mugallym tanyş bolmaly, ýönekeý gurallar bilen işlemegi başarmaly.Mugallym okuwçylara öwretjek zähmet operasiýalaryny ilki özi öwrenmeli,soňra okuwçylara sapakda we synpdan daşary işlerde öwretmeli.Öňden taýýarlygyň iň wajyp meselesi zähmet okuwynyň maksatnamasyny doly öwrenmekden ybaratdyr.

Hemme temalar umumy görnüşde berlen, ýöne sapaga gerekli temalary mugallym özi düzýär.Sapakda haýsy usullary, tärleri ulanmalydygyny, haýsy serişdeler bilen işlemelidigini özi çözýär.Maksatnamanyň esasynda mugallym ýasaljak önümleriň sanawyny belleýär we sapaklaryň kalendar-tematik meýilnamasyny düzýär.Her tema boýunça birnäçe wariantlar düzülse,okuwçylaryň ellerinde goşmaça okuw materialynyň bolmagy örän zerurdyr.Öňden taýýarlyk belli bir wagt üçin gerekli gurallary,serişdeleri saýlap almaklyk bilen tamamlanýar**.**

**2.Yzygiderli taýýarlykda** mugallym sapak üçin belli bir temanyň üstünde işleýär.Sapagyň temasynyň adyny taýýarlajak predmeti boýunça atlandyrmaly däl-de, eýsem bilimleri we endikleri kemala getirmek mazmuny boýunça bellemeli.Mysal üçin:"Kagyzlaryň hilleri bilen tanyşdyrmak", „Kagyzy eplemek"we ş.m.

Maksatnamanyň „Sapagyň meseleleri we maksady" bölüminde mugallym bilim berijilik, ösdürijilik, terbiýeleýjilik maksatlaryny belleýär we okuw-terbiýeçilik prosesini kompleksleýin amala aşyrýar.Şondan soň mugallym taýýar önümi kesgitleýär, sapagyň meýilnamasyny düzýär hem-de sapaga gerekli esbaplary saýlap alýar.

## Zähmet okuwy sapaklaryny meýilnamalaşdyrmak.

Her synp üçin kalendar meýilnama işläp taýýarlanylanda mugallym umumy bilim ulgamynyň esasy talaplaryna daýanmaly we bilimiň mazmunyny kämilleşdirmek üçin aşakdaky talaplary göz öňünde tutmaly:

1.Ylmyň gazananlaryny okuw prosesinde ornaşdyrmaklygy, ýurdumyzda alnyp barylýan ykdysady, syýasy meselelerini hem göz öňünde tutmak;

2.Zähmet terbiýesini, okuwy, umumy mekdeplerde hünäre ugrukdyryjy işlerini düýbünden gowulandyrmaklyga, bilimiň mazmunyny we hilini gowulandyrmaklyga, politehniki ugurlaryny güýçlendirmeklige, amaly we laboratoriýa sapaklaryny geçirmeklige uly üns bermeli, himiýanyň, fizikanyň, biologiýanyň we beýleki ylymlaryň kanunlarynyň tehnologik ulanylyşyny görkezmeli;

3.Her synp we ders boýunça endikleriň we başarnyklaryň möçberini kesgitlemeli, ony okuwçylaryň ele almaklaryny gazanmaly.

Başlangyç synplarda zähmet okuwy boýunça okuwçylar dürli serişdeler bilen işlemegiň elementar tärlerini ele alýarlar:oba hojalyk ekinlerini ösdürmek, okuw-görkezme esbaplaryny taýýarlamak, dürli oýunjaklary, gerekli predmetleri ýasamak we ş.m. Ine şu basgançakda okuwçylar hünär barada düşünje alýarlar.

Başlangyç synplarda bir ýyllyk meýilnamada okuwçylaryň bilimini we endiklerini kompleksleýin düzmeli.

Usuly gatnaşyklarda zähmet okuwy sapaklarynyň dürli watiantlaryny meýilnamalaşdyrmak bolýar.Mugallym birinji sapakdan başlap tehniki we oba hojalyk zähmeti boýunça okuwçylaryň maksatnamadaky kompleksleýin bilimi we başarnygy ele almaklygy öňe sürmeli, çünki bu sapak politehniki ähmiýetlidir.Her bir sapak öz guralyşyna görä usullara örän baý bolmalydyr.

Zähmet okuwy sapaklaryna taýýarlykda meýilnamalaşdyrmak esasy orny tutýar. Mugallym taýýar önüm barada, gurallar barada, işiň netijesi barada, politehniki bilimler we endikler barada takyk düşünje bermelidir.

Sapakda ulanyljak her bir usullara, nazary we amaly meselelere kalendar-tematik meýilnama düzülende mugallym tarapyndan seredilmelidir.

**Kalendar-tematik meýilnamanyň mysaly nusgasy**

| T/ № | Taýýar önüm | Gerekli serişdeler | Gerekli gurallar | Politehniki bilim | Politehniki endik |
|---|---|---|---|---|---|
| 1. | Bezeg nagyşlary | Mata, sapak | Iňňe, gaýçy, oýmak | Keşde, tikin barada okuwçylara düşünje bermek | Tikinçilik endiklerini ösdürmek |
| 2. | Uçar ýasamak | Kagyz | Gaýçy, ýelim,galam, çyzgyç | Model baradaky bilimlerini berkitmek,gerekli kagyz baradaky düşünjelerini artdyrmak. | Gyrkmak, eplemek, ýelimlemek endiklerini berkitmek. |

**Zähmet okuwy sapaklarynda tehniki resminamalar we olar bilen işlemegiň usullary**

Zähmet sapaklarynda we önümçilikde önümler grafiki şekillendiriş boýunça taýýarlanylýar.Grafiki şekiller çyzyklardan, ştrihlerden, nokatlardan ybaratdyr.Grafiki şekilleriň öz aýratynlyklary bar.Olar predmet barada näbelli maglumat berýär ýa-da hereket ediş usulyny görkezýär.

Çeperçilik surat-predmeti hakyky görnüşinde suratlandyrýar.Predmetiň görnüşi, möçberi ýagtylygyň kömegi bilen şekillendirilýär.Predmetiň ölçegi proporsiýalary göz çaky boýunça görünýär, tomaşaçylardan predmet daşlaşdygyça, onuň detallary kiçi görnüşde görünýär. Çeperçilik suraty predmet barada doly we takyk düşünje berenok.

Tehniki surat-predmetiň parallel çyzyklary boýunça üç tarapyny grafiki şekillendirýär.Tehniki surat predmetiň gurluşy, görnüşi, proporsiýalary barada takyk maglumat berýär.Tehniki suratda görünmeýän taraplary görkezmek bolýar.Eger-de tehniki surata ölçegler goşulsa, onda predmeti ýasamak bolýar.

Önümleriň köpüsi çyzyk boýunça taýýarlanylýar.Çyzykda predmetiň şekili proeksiýanyň düzgünleri boýunça ýerine ýetirilýär.Çyzykda proeksiýalary görnüşler diýip atlandyrylýar: frontal-predmetiň, önümiň görnüşi; gorizontal-ýokardan görnüşi; profil-predmetiň gapdal taraplarynyň görnüşi.Çyzyk-bu resminama bolup, predmeti birnäçe proeksiýalarda, görnüşlerde suratlandyrýar.Çyzyk predmetiň görnüşi, möçberi, ölçegleri barada doly düşünje berýär.

Hemme çyzyklar döwlet standarty boýunça taýýarlanylýar. Döwlet standarty hemme edaralary, hususy işgärleri belli bir kadalary saklamaklyga borçludyrlar.Çyzyklar çyzuw gurallary boýunça ýerine ýetirilýär. Mekdeplerde, önümçilikde çyzyk bilen birlikde eskizler hem ulanylýar.Predmetiň şekillendirilişi göniçyzyk proeksiýanyň düzgünleri boýunça ýerine ýetirilse, oňa eskiz diýilýär.Eskizleri kagyzyň ýüzünde, synp tagtasynda çalt ýerine ýetirmek bolýar.Tehniki surat, çyzyk, eskiz döwlet standartynyň kesgitlemesi boýunça göni çyzyklardan ybaratdyr.

Ýogyn tekiz çyzyk-esasy diýip hasaplanylýar.Bu çyzyk predmetiň görünýän konturlaryny şekillendirmek üçin ulanylýar.Onuň ýogunlygy 0,5mm–den 1,4mm çenli.

Ştrih çyzygy-predmetiň görünmeýän taraplaryny şekillendirmek üçin ulanylýar.Bu çyzyk bölek-bölek ştrihlerden ybarat, olaryň uzynlygy 2mm-den 8 mm çenli, ştrihleriň aralygy 1mm-den 2 mm çenli. Ýogunlygy 2-3 esse esasy çyzykdan inçe bolýar.

Üznüksiz inçe çyzyk- predmetiň ölçeglerini görkezmek üçin ulanylýar.Inçe çyzyklar esasy çyzygyň daşynda çyzylýar.Predmetiň diametrini bellemek üçin bu belgi goýulýar **Ø**. Predmetiň ýogynlygy **S**-belgisi bilen bellenilýär, uzynlyk bolsa **L** – belgisi bilen bellenilýär.

Ştrihpunktir çyzygyň iki nokatlysy–eplemek üçin taraplaryny görkezýär.

Inçe çyzyklar parallel görnüşinde ýelimi çöwre tarapyndan çalmaklygy aňladýar.

Ştrih çyzyklar parallel görnüşinde ýelimi ýüzki tarapyndan çalmaklygy aňladýar.

Zähmet okuwynyň sapaklaryny 1-3 synplarda nusga boýunça geçirmek bolýar, ýagny çyzyklar, tehniki suratlar, eskizler, tehnologik kartalar boýunça geçirmek bolýar.

Nusga boýunça işlemek. Başlangyç synplarda okuwyň birinji etabynda nusga boýunça işlemek we oňa seljerme bermek ýaly işler giňden ýaýrandyr.Seljerme bermegi dilden, ýazuw üsti bilen beýan etmek bolýar.Esasan seljerme dil üsti bilen we grafiki şekilleriň kömegi bilen beýan edilýär.Mugallym okuwçylara uly masştabda ýerine ýetirlen nusgany görkezýär we olara sorag berýär: Geometrik figuralardan näme ýasalýar? Bu predmeti nirelerde ulanmak bolýar?(Kitap üçin zakladka) Näçe bolekden durýar? Bu predmet haýsy geometrik figuralardan ybarat?(kwadratlardan, üçburçluklardan). Nagşy düzmek üçin haýsy geometrik figuralary almaly? Nagşyň böleklerini ýelimlemek üçin haýsy reňkleri ulanmak bolýar? Nagşyň böleklerini gyrkmak, ölçemek üçin haýsy gurallar gerek?(Gaýçy, çyzgyç). Mugallym okuwçylara kwadraty almagyň usulyny görkezýär. Depderde üç sany kwadraty çyzýar, her bir kwadrat 6-öýjükden durýar.Ikinji kwadraty diagonal boýunça iki bölege bölmeli, üçünji kwadraty 4 bölege bölmeli.Okuwçylar gyrkyp alan kwadratlaryny, üçburçluklaryny şablon hökmünde ulanyp bilerler.Ondan soň çyzgyjyň kömegi bilen 5/16 sm ölçegde göniburçlugy alýarlar we gyrkylan geometrik figuralary üstüne ýelmeýärler.Mugallym okuwçylara kagyzy tygşytly peýdalanmagy görkezýär.

Çyzgy boýunça işleri geçirmek. Okuwçylary söhbetdeşlik döwründe çyzgyny okamaklygy öwretmeli. Mugallym konwertiň uly masştabdaky açyk görnüşini okuwçylara görkezýär we okuwçylara sorag berýär:

- Suratyň ýokarky we aşaky böleginde näme görkezilen?(ýokarky-konwertiň suraty, aşaky-çyzyk).
- Çyzykda we suratda konwertiň böleklerini görkeziň?(Çyzygyň ýokarky böleginde konwertiň öňdäki tarapy, aşakda-yzky tarapy, çepde, sagda we ýokarky zolaklar)
- Haýsy geometrik figurada konwertiň özi ?(Göniburçluk).
- Gapdal we ýokarky zolaklar näme üçin gerek? (gapdal zolaklar ýelimlemek üçin, ýokarky bolsa konwerti ýapmak üçin). Konwertiň umumy ölçegleri haýsylar?(17/20 sm).

  Ýumuşlar.

  1. Konwertiň tarapynyň ölçegleri haýsylar? (90/130mm).
  2. Konwertiň yzky tarapynyň ölçeglerini kesgitläň(110-170mm).
  3. Sag we çep gapdallaryň zolaklaryny ölçäň(20/90mm).
  4. Ýokarky zolagyň ölçegini kesgitläň(20/130mm).

Ýumuş berlenden soň mugallym okuwçylara çyzyk boýunça ýene-

de soraglary berýär:

- Konwertiň konturlary haýsy çyzyk bilen bellenen?(ýogyn çyzyk).
- Konwertiň birleşdirilýän taraplary haýsy çyzyklar bilen bellenen?(Ştrihpunktir).
- Haýsy yzygiderlilikde işi ýerine ýetirmeli?(ölçemek, gyrkmak, eplemek, ýelimlemek).

Gyzgy boýunça düşündiriş geçenden soň okuwçylar işi ýerini ýetirip başlaýarlar.

## Tehniki surat boýunça işleri geçirmek

Mugallym okuwçylara ýyldyzyň şekilini tehniki surat boýunça taýýarlamagy aýdyp berýär. Tehniki suratdaky işiň yzygiderligini mugallaym okuwçylara görkezýär.Uly masştabdaky ýyldyzyň tehniki suratyny görkezýär we olara sorag berýär:

- Ýokarky suratda näme görkezilen?(Ýyldyz)
- Ýyldyz haýsy serişdeden ýasalan?(Gyzyl reňkli kagyzdan)
- Ýyldyz tekiz görnüşindemi ýa-da göwrümlimi?(Göwrümli)
- Tehniki suratyň birinjisinde näme şekillendirilen?(Ýyldyzy ýasamak üçin kwadrat kagyz)
- Ikinji suratda haýsy operasiýalar görkezilen?(Kwadrat kagyzy diagonal boýunça eplemek).
- Üçünji tehniki suratda haýsy operasiýa görkezilen?(Iki gapdal burçlary ýokaryk eplemek)
- Dördünji suratda haýsy operasiýa görkezilen?(Sag burçuny ýene-de bir gezek eplemek)
- Bäşinji suratda haýsy operasiýa görkezilen?(Çep burçuny ýene-de eplemek we ýokarky üçburçlugy gyrkmak).
- Tehniki suratyň altynjy operasiýasy nämäni aňladýar?(Eplenen taraplaryny açyp ýyldyz emele getirmeli)

Işiň soňunda mugallym önümiň taýýar görnüşini görkezýär.

## Eskizler boýunça işlemek

Mugallym okuwçylara eskiz boýunça ýelimlemek işlerini geçirmegi düşündirýär.Eskizler çyzykdan tapawutlanýar.Eskizlerde operasiýalaryň yzygiderligi: gyrkmak, eplemek, ýelimlemek ýaly görnüşleri görkezilen.

Mugallym eskiziň uly masştabyny görkezýär we söhbetdeşlik geçirýär:

- Ýokarky suratda näme görkezilen?(Gaýygyň şekili)
- Haýsy geometrik figuralardan gaýyjak düzülen?(Esasan Δ-dan gaýygyň korpusy , baýdajyk we ýelkeni).
- Gaýygyň detallary nähili reňkde?(Korpus-gyzyl we gök reňkde, baýdak-gyzyl, ýelken-ak reňkde)
- Birinji şekilde näme görkezilen?(Gaýyk üçin kagyz)

- Ikinji eskizde näme şekillendirilen?(Kwadratyň ortarasy, gyrkylýan we eplenýän taraplary).
- Üçünji kwadratda näme görkezilen?(Ýelimlemek belgileri, eplenýän we gyrkylýan çyzyklar).
- Üçünji şekile seredip näme ýasap bolar?(Ýelimlemek belgilerini birleşdirip, ýokardaky üçburçluklary bir-biri bilen birleşdirmeli. Ýelkeniň ýokarky bölegine baýdajygy ýelimlemeli)

  Okuwçylara özbaşdak işi ýerine ýetirmek üçin ýumuş berilýär-gaýygyň ýüzünde bezeg işini ýerine ýetirmek.

## Tehnologik karta boýunça işlemek.Kagyzdan stakan ýasamak

Mugallym okuwçylara ýazuw kagyzdan tehnologik karta boýunça stakanyň şekilini ýasamagyň yzygiderliligini düşündirýär.Tehnologik kartada taýýar önümiň görnüşi, gerekli serişdeler, gurallar,taýýarlanylyşynyň tärleri yzygiderli görkezilen.Mugallym tehnologik kartanyň uly masştabdaky görnüşi boýunça okuwçylar bilen sorag-jogap alyşýar:

- Tehnologik kartanyň çep burçunda näme görkezilen?(Stakanyň taýýar görnüşi)
- Tehnologik kartanyň ikinji suraty nämäni aňladýar?(Stakany ýasamak üçin kagyz suratlandyrylan).
- Üçünji suratda näme suratlandyrylan?(Gerekli gurallar)
- Dördünji suratda näme görkezilen?(Gerekli goşmaça gurallar)
- Aşaky suratlarda näme görkezilen?(Aşaky suratda esasy operasiýalar, işiň tärleri suratlandyrylan).

Stakany ýasamak üçin aşakdaky operasiýalary ýerine ýetirmeli:

1) Kwadrat kagyzy taýýarlamaly ( 20sm-den her tarapy);
2) Kwadraty diagonal boýunça eplemek;
3) Çep burçuny eplemek;
4) Sag burçuny eplemek;
5) Ýokarky burçuny eplemek;
6) Ikinji ýokarky burçuny yzky tarapyna eplemek.

Umuman mugallym tehnologik kartadaky suratlar boýunça sorag-jogap alyşýar.Ondan soň okuwçylar tehnologik karta boýunça özbaşdak işi ýerine ýetirýärler.

## Zähmet sapaklarynda howpsuzlyk düzgünleri.

Zähmet sapaklarynda okuwçylar ýiti gurallar bilen işleýärler.Şonuň üçin hem tehniki howpsuzlyk düzgünlerini berjaý etmeli.Birinji sapakdan başlap, okuwçylary howpsuzlyk düzgünleri bilen tanyşdyrmaly we her sapakda ol düzgünleri berjaý etmeli.

Tehniki howsuzlygyň düzgünlerini iki topara bölmek bolýar:

1)Umumy (dürli işleriň görnüşine degişli) howpsuzlygyň düzgüni; 2)Gaýçy bilen işlemegiň düzgüni; 3)Iňňe bilen işlemegiň düzgünleri.

**Umumy howpsuzlygyň düzgünleri:**

1.Mugallymyň rugsady boýunça işe başlamaly.Iş wagty ünsüňi başga zada bölmeli däl.

2.Gurallaryň işleýiş usuly nätanyş bolsa, onda onuň bilen işlemeli däl.

3.Gerekli gurallardan ýerlikli peýdalanmagy başarmaly.

4.Düzüw bolmadyk we kütek gurallar bilen işlemeli däl.

5.Iş wagty gurallary mugallymyň görkezişi ýaly saklamaly.

6.Gurallary belli bir ýerde saklamaly.

7.Iş ýerini arassa saklamaly.

8.Gurallary, serişdeleri iş ýerinde tertipläp goýmaly.

9.Iş wagty gürrüň etmeli däl.

10.Işi üns berip ýerine ýetirmeli.

**Gaýçy bilen işlemegiň düzgünleri:**

1.Tegelek uçly gaýçyny ulanmaly.Gaýçyny ýörite gaplarda saklamaly.

2.Iş wagty kesime üns berip seretmeli.

3.Kütek gaýçy bilen işlemeli däl.

4.Gaýçynyň uçlaryny ýokary bakdyryp saklamaly däl.

5.Gaýçyny açyk görnüşinde saklamaly däl.

6.Iş wagty ýoldaşyňa päsgel bermeli däl.

7.Gaýçyny ýapyk görnüşinde uzatmaly.

8.Ýöräp barýarkaň gaýçyny ulanmaly däl.

**Iňňe bilen işlemegiň düzgünleri:**

1.Iňňeleri eşigiňe we matanyň ýüzüne dürtmeli däl.Iňňäni hiç haçan agzyňa almaly däl.

2.Iş gutarandan soň iňňeleri ýörite iňňe gaplarda saklamaly.

3.Iňňeleriň hilini işden öň we işden soň barlamaly.

4.Tikin işleri wagtynda oýmak ulanmaly.

5.Iňňäni iňňebagjyk hökmünde ulanmaly däl.

Seresapsyzlyk ýagdaýynda mugallym çaga kömek etmeli we lukmana görkezmeli.

Synpyň sanitar burçunda dermanlar bolmaly: ýod, bint, walerian damjalary we ş.m.

Ýumuşlar.

1. Zähmet okuwy sapagynyň aýratynlyklaryny kesgitläň we görnüşlerini häsiýetlendiriň.
2. Sapakda ulanylýan tehniki resminamalaryň esasy görnüşlerini häsiýetlendiriň.

3. Zähmet sapagynyň gurluşyny düşündiriň.
4. Zähmet sapagynyň mysaly meýilnamasyny ýazyň.
5. Mugallymyň sapaga öňden we yzygiderli taýýarlygyna nämeler girýär?
6. Sapagyň meýilnamasynyň esasy bölümlerini sanaň we sapagyň döwürlerini görkeziň.
7. Bir tema boýunça sapagyň konspektini düzüň.

## Başlangyç synplarda zähmet okuwy boýunça guralýan gezelençler

Başlangyç synp okuwçylaryny häzirki zaman önümçilik bilen tanyşdyrmak maksady bilen mugallym gezelençleri guramaklygy göz öňünde tutýar.Mysal üçin: üçünji synpyň okuwçylary kitap ýasamak prosesiniň kyndygyny ýatdan bilýärler, ýöne çaphana baryp, maşynlaryň kömegi bilen kitap kesmek prosesine syn etmekleri welin has-da täsirlidir.

Önümçilikde geçirilýän gezelençleriň ähmiýeti örän uludyr.

Okuwçylar önümçilik bilen tanyşýarlar.Bu döwürde olarda zähmete we zähmetkeş adamlara bolan söýgi terbiýelenýär.Okuwçylar gözegçilik edýän pursatlarynda iş prosesini has takyk görýärler.Bu önümçilikde işleýän işgärleriň işlerine üns berýärler, haýsy gurallar bilen işleýändiklerine, haýsy serişdeleri ulanýandyklaryna syn edýärler, iş ýeriniň gurnalyşyna üns berýärler, olaryň işde nähili üstünlik gazanýandyklaryna göz ýetirýärler.Gözegçilik döwründe okuwçylarda şol hünäre höwes döreýär we şolar ýaly işlemeklige gönükdirýär.

Önümçilikde geçirilýän gezelençler mekdep bilen durmuşyň arasynda arabaglanyşygy berkitmäge ukyplydyr, ýagny okuwçy ulularyň işine mugallymyň gürrüňi ýa-da kitap boýunça däl-de, eýsem iş prosesinde hut öz gözleri bilen görüp tanyşýarlar.Gezelenç geçirilýän döwründe okuwçylar öňdebaryjy işgärler bilen tanyşýarlar, olar bilen gürrüňdeşlik geçirmegiň uly terbiýeçilik ähmiýetiniň bardygyna düşünýärler.

Önümçilikde guralýan gezelençleriň möhüm meseleleriniň biri-de okuwçylaryň hut önümçilik bilen, dürli serişdeleriň bejeriliş tehnologiýasy bilen tanyşmaklarydyr.

Kiçi ýaşly okuwçylar ýaş aýratynlyklaryna görä çylşyrymly iş proseslerine düşünmeýärler, gezelençlerde bolsa olar hemme iş proseslerine aýdyň göz ýetirýärler.

Zähmet okuwy boýunça maksatnama esasynda başlangyç synplarda gezelençleri geçirmegiň ýerleri şeýle tertipde görkezilen:

I synpda-mekdebiň kitaphanasyna, köçe-ýol hereketine gözegçilik etmeklige, bag-bakja ösümliklerine gözegçilik etmeklige.

II synpda- gurluşyga, oba hojalyk maşynlarynyň garažlaryna, ekin meýdanyna.

III synpda-tikinçilik sehlerine, fabriklere, çaphanalara, zawodlara, ussahanalara, aeroportlara.

Gezelenç geçirilýän wagty kynçylyklar hem ýüze çykýar, çünki

okuwçylaryň görýän zatlary örän çylşyrymly, şeýlelikde iş prosesiniň hemme pudaklaryny öwrenip bolanok.Gezelençde gowy üstünlik we netije gazanmak üçin mugallym gowy pikirlenip, takyk soraglary hem-de gezelenjiň meýilnamasyny düzmeli bolýar.Meýilnama aşakdaky soraglaryň mysaly sanawyny goşmaly:

1. Guramaçylyk döwri;
2. Geçirilýän gezelençleriň terbiýeleýjilik, bilim berijilik, ösdürijilik taraplaryny göz öňünde tutmaly;
3. Önümçilikde iş proseslериniň ýerlerini bellemeli.

Gezelenç geçirilýän wagty dürli usullardan, tärlerden peýdalanmak bolýar. Mugallymyň öz berýän gürrüňinden, şeýle hem kärhananyň işgärleriniň gürrüňinden, düşündirişinden, söhbetdeşliginden peýdalanmak has ähmiýetlidir.Gezelenç döwri okuwçylar önümçilik barada gerekli maglumatlary toplaýarlar, surat çekýärler, serişdelerden nusga ýygnaýarlar.Toplan serişdelerinden gyzykly işleri, albomlary döredýärler.Şeýlelikde, okuwçylar olary mekdep sergisinde görkezip bilerler.

## Gezelenji geçirmek üçin taýýarlyk görmek

Önümçilikde geçirilýän gezelençler okuwçylary iş prosesi bilen tanyşdyrmagyň iň gowy görkezme serişdesi bolup durýar.Gezelenji netijeli geçirmek üçin mugallym öňünden taýýarlyk görmeli.Önümçiligi öwrenmeklik köp wagty sarp edýär, şonuň üçin mekdebiň töweregindäki önümçiligiň, önümçilik edaralarynyň her bir mugallym üçin paýlanylan kesgitli iş meýdançalary bilen hemme mugallymlar tanyş bolmaly.Önümçilige guraljak gezelenjiň ýöredilişi, geçirilişi mugallymlaryň geňeşinde ýa-da usuly birleşmäniň maslahatynda diňlenilmeli.Şunuň ýaly önümçilik bilen tanyşmaklygy gysga wagtda gutarmak bolýar.Önümçilik barada toplanan maglumatlar mugallymlar üçin gowy gollanma bolup durýar.

Gezelenjiň obýektini saýlap almaklyk birnäçe faktorlardan durýar.

1. Gezelenjiň mazmuny maksatnamanyň talaplaryna laýyk bolmaly, politehnizmiň ýörelgelerini göz öňünde tutmaly.Başlangyç synp okuwçylaryny iýmit önümçiligi bilen, mata we kagyz senagaty bilen, gurluşyk senagaty bilen, durmuş hem-de medeni edaralar bilen tanyşdyrmaly.
2. Gezelenji geçirmek üçin önümçilikde şert döretmeli.Okuwçylara täze enjamlar bilen enjamlaşdyrylan sehleri görkezmeli.Bu işleriň terbiýeleýjilik häsiýetlerini ýüze çykarmaly.
3. Önümçiligiň iş prosesi okuwçylara örän düşnükli bolmaly.Okuwçylary iş prosesiniň esasy pudaklary bilen yzygiderli tanyşdyrmaly.
4. Gezelenç mekdepden uzakda bolmaly däl.Eger-de okuwçylary daşa äkitmeli bolsa, mekdep ýol polisiýasyna duýdurmaly we olaryň gözegçiliginde okuwçylary äkidip getirmeli.

Obýekt saýlap alnandan soň mugallym ýene-de bir gezek önümçilige baryp, gezelenjiň mazmunyny we birnäçe ýüze çykjak soraglary düşünişip gaýtmaly.

Önümçilikde mugallym gezelenjiň geçiriljek wagtyny belleýär, müdirlik bilen gezelenjiň guralyşy baradaky meselelerine seredýärler.

Okuwçylar uly höwes bilen önümçiligiň işgärleriniň gürrüňini diňleýärler, hormat tagtasyndaky suratlary görýärler, öňdebaryjy işgärleriň gazanan üstünlikleri bilen tanyşýarlar.Mugallym önümçilikde gezelenji geçirmek üçin bir işgäri belleýär we onuň bilen maslahatlaşyp, okuwçylaryň öňünde düşündiriş geçmegini haýyş edýär.Gezelenjiň wagty bir sagat dowam etmeli we çagalar ýadamaly däldir.Her bir göreldeli işgär özüniň işi barada gysgaça gürrüň bermeli, gürrüň hem okuwçylara düşnükli, takyk bolmalydyr.Önümçiligiň işgäri gürrüň berende mugallym hem kömek etmeli, çünki okuwçylarda soraglar ýüze çykyp biler, mugallym olara jogap bermeli bolar.

Gezelenje taýýarlygyň ýene-de bir döwri-meýilnamany düzmek.Her bir gezelenç üçin ýörite meýilnama düzülýär, sebäbi gezelenji geçirmeklik mugallymyň taýýarlygyna bagly bolup durýar.Şoňa görä-de, ýerli şertleri göz öňünde tutmaly hem-de synpyň taýýarlygyna seretmeli.

**Meýilnamanyň mazmuny:**

1.Okuwçylary gezelenje taýýarlamak.Öňünden gürrüň geçirmek;

2.Önümçilikde giriş gürrüňini geçirmek;

3.Önümçilik bilen tanyşmagyň tertibi: mugallymyň gürrüňi, okuwçylaryň syn etmegi, kärhananyň işgärleriniň düşündirişi;

4.Esbaplary ýygnamak;

5.Önümçiligiň öňdebaryjy işgärleri bilen duşuşmak we gürrüň geçirmek;

6.Gezelenjiň geçirilýän ýerinde gysga jemleýji gürrüňini geçirmek.

Gezelenje taýýarlyk işi iki ugurda alnyp barylýar: mazmuny boýunça hem-de guramaçylyk soraglary boýunça.Öňden taýýarlykda mugallym gezelenjiň maksadyny belleýär, ýagny nirä barmalydygyny we nämelere gözegçilik etmelidigini belleýär.Gürrüň geçirilýän wagty üçünji synpyň okuwçylaryna özbaşdak soraglary düzdürmek bolar.Mugallym okuwçylara gezelenjiň sapak ýaly geçirilýändigini düşündirýär we hemme talaplary ýerine ýetirmeklerini tabşyrýar, ýagny her bir gürrüňi üns berip diňlemelidigini, tertipli bolmalydygyny, berilýän soraglara dogry jogap tapmaga çalyşmalydyklaryny düşündirýär.Gezelençde, ýolda tertip-düzgüni bozmaly däl, sehlere aýlananlarynda ýuwaş we tertipli geçmeli, mugallymyň diýenini diňlemeli.Gözegçilik edýän wagtlary okuwçylara iş prosesi görünýän bolmaly.Şonuň üçin okuwçylar hatara düzülip ýa-da aýlawda durmalydyrlar.Mugallym okuwçylara howpsuzlyk düzgünlerini berk ýatlatmalydyr.

### Gezelenji geçirmek we jemlemek

1. Gezelenç düzülen meýilnama esasynda geçirilýär.
2. Mugallym gezelenjiň bellenen ýerine baranda okuwçylar bilen gysga gürrüň geçirýär, gezelenjiň maksadyny belleýär we gözegçilik etmeli ýerlerini düşündirýär.
3. Gürrüň geçirilenden soň okuwçylar ekskursowod bilen tanyşýarlar we gözegçilik edip başlaýarlar.
4. Gezelenç hormat tagtasyndan başlanýar.
5. Kiçi ýaşly okuwçylaryň ünsi durnukly bolmaýar, şonuň üçin ekskursowodyň iň möhüm meselesi – okuwçylara ugrukdyryjy soraglary bermek bilen birlikde, olarda gözegçilik edýän obýektlerine gyzyklanma döretmekdir.Gözegçilik edilýän wagtynda okuwçylar hem diňläp, hem seredip bilenoklar, olaryň ünsi ýadaýar, bölünýär.Şonuň üçin okuwçylara ilki düşündirmeli, ondan soň olar özbaşdak gözegçilik etmeli.Şonda okuwçylara gezelenjiň iş prosesi has düşnükli hem ähmiýetli bolar.

Önümçilikde geçirilýän gezelençleriň esasy maksady – işgärleriň işi bilen okuwçylary tanyşdyrmakdan, olarda zähmete söýgini, zähmet çekýän adamlara hormat goýmaklygy terbiýelemekden ybaratdyr.Şonuň üçin önümçilik prosesleri bilen okuwçylary umumylykda tanyşdyrýarlar, olaryň ünsüni işgärleriň agzybir bolup işlemeklerine gönükdirýärler.Her bir işgär öz işini jogapkärli ýerine ýetirýär.Işgärleriň işine syn edilýän wagty okuwçylar ýurdumyzda, durmuşda gazanylan baýlyklaryň zähmetiň kömegi bilen gazanylýandygyna aýdyň göz ýetirýärler.Şonuň üçin hem biziň ýurdumyzda zähmet çekýän adamlara uly hormat goýulýandygyny, sylaglar berilýändigini, hormatly atlar dakylýandygyny, medallar, hormat hatlary gowşurylýandygyny mugallym okuwçylara düşündirmelidir.

Gezelenç geçirilýän wagty mugallym we önümçilik işgärleri okuwçylara her bir işgäriň işde gowy üstünlikleri gazanmaklary üçin mekdepde öwrenilýän dersleri gowy okamalydyklaryny, özleşdirmelidiklerini düşündirýärler.Okuwçylar serişdeler toplumyny ýygnanlarynda, mugallymyň we ekskursowodyň rugsady bilen ýerine ýetirýärler.Okuwçylara rugsatsyz hiç zady ellemeli däldigini düşündirmeli.Gezelenç gutarandan soň, mugallym okuwçylar bilen jemleýji gürrüňini geçirýär.Mugallym okuwçylar bilen bilelikde ekskursowoda hem-de önümçilik işgärleriniň hemmesine minnetdarlyk bildirip mekdebe gaýdýarlar.

Mekdepde gezelenç barada jemleýji sapak geçirmek örän zerurdyr.Jemleýji sapaga okuwçylar ýygnan serişdeleriniň toplumyny taýýarlaýarlar.Önümçiligiň işgärleri barada gazetlerden makala ýygnaýarlar.Üçünji synpyň okuwçylary gezelenjiň netijesi boýunça düzme ýazýarlar.

Mazmunyna gabat gelýän gezelençleri bir jemleýji sapakda

jemlemek bolýar.Mysal üçin: tikin fabrigine gezelenç bilen fabrigiň medeniýet klubyna gözegçilik etmek gezelençlerini birikdirmek bolýar.

Jemleýji sapagy synpdan daşarda hem geçirmek bolar.Munuň ýaly çärelere okuwçylary taýýarlamaly: goşgy, aýdym aýtmaga taýýarlamak, gürrüň etdirmek.Bu çärelere ata-eneleri, mugallymlary, beýleki synpyň okuwçylaryny hem çagyrmak maslahat berilýär.

Önümçilikde geçirilýän gezelençler diňe zähmet sapaklary üçin däl-de, eýsem beýleki dersler (ene dili, matematika, edebiýat, şekillendiriş sungaty we ş.m.) üçin gowy material bolup durýar.Okuw sapaklarynda gezelenjiň temasyna gabat gelýän makalalary okamak bolýar.Önümçilik terminleriň dogry aýdylşy, ýazylşy sözlük işlerine degişlidir.Diwar gazeti üçin okuwçylar gezelenç barada gysgajyk beýan ýazýarlar.Gezelençde çekilen suratlary albom görnüşinde taýýarlamak bolýar.Gezelençde alan hasaplaýyş maglumatlary boýunça okuwçylar mysal, mesele düzüp bilerler. Mysal üçin: Bir sagadyň dowamynda, şeýle hem bir iş günüň, hepdäniň, aýyň dowamynda näçe sany köýnek tikilýär?

Şekillendiriş sungaty sapaklarynda uly höwes bilen plastilinden, toýundan gezelençde gören zatlarynyň şekillerini ýasaýarlar.

## Awtobus parkyna guraljak gezelenjiň mysaly ýazylyşy

Gezelenjiň maksady-okuwçylary sürüjileriň işi we parkyň işgärleri bilen tanyşdyrmak.

Giriş gürrüňinde mugallym okuwçylar bilen sorag-jogap alyşýar.Okuwçylar ulag barada gürrüň edýärler.Mugallym çagalara belli bolan şäher ulaglarynyň işi barasyndaky (oba ýerlerinde, etrap arasynda gatnaýan ulaglaryň işi barasynda) düşünjelerini aýdyňlaşdyrýar.Çagalar awtobusy kimiň sürýändigi, kimiň oňa hyzmat edýändigi, kimiň sürüşe taýýarlaýandygy, awtobuslaryň gije nirede saklanylýandygy barada gürrüň edýärler.Adamlaryň rahat, çalt, howpsuz gatnamagy üçin birnäçe adamlaryň alada edýändigini mugallym okuwçylara düşündirýär.Mehanikler awtobusyň kemçilikli ýerlerini bejerýärler.Ol adamlaryň işi bilen okuwçylar gezelenç döwründe tanyş bolýarlar.

Mekdepden çykyp awtobus parkyna gelinmeginiň özi okuwçylaryň köçe-ýol hereketiniň düzgünleri baradaky bilimlerini berkitmek maksadyny göz öňünde tutýandygynyň alamatydyr.Awtobuslaryň arassaçylygyna uly üns berilýär.Awtobusyň içinde garrylar, çagalar, maýyplar üçin ýörite ýerler bellenen we arassaçylyk düzgünlerini saklamak üçin ýazgylar bar „Çilim çekme, hapalama“.Iş wagty gutarandan soň awtobuslary awtoparka eltip goýýarlar.Olary slesarlar, mehanikler gözden geçirýär we ertirki işe taýýarlaýarlar.Mugallym giriş gürrüňinde awtobusyň içinde ululara, garrylara, ýaş çagaly

aýallara ýer bermelidigini ýatladýar.Bu gürrüňiň terbiýeçilik taraplary uludyr: hünäre ugrukdyrmak, ululara hormat goýmak, jemgyýetçilik ulaglarynda arassaçylyk düzgünlerini berjaý etmek, awtobusyň içinde özüni tertipli alyp barmak we ş.m.

Giriş gürrüňi gutarandan soň, okuwçylar gözegçilik edip başlaýarlar.Mugallym okuwçylary sürüjiler, mehanikler, slesarlar we garažyň baş işgärleri bilen tanyşdyrýar.Olaryň her haýsy öz işleri barada okuwçylara gürrüň berýärler. Mehanikler, slesarlar maşynlaryň kemciligini düzetmek ücin bejeriş işlerini alyp barýarlar.Sürüji okuwçylara awtobusa haýsy gapydan münmelidigini hem-de haýsy gapydan çykmalydygyny, awtobusda ýerbe-ýer oturmalydygyny düşündirýär.

Gezelenç gutarandan soň mugallym okuwçylar bilen sorag-jogap alyşýar: Maşynlaryň durýan ýerine näme diýilýär? Awtoparka awtobuslar gaýdyp gelenden soň, oňa kim gözegçilik edýär? Awtobusy kim sürýär? Awtobusyň içinde özüňi nähili alyp barmaly?

Gezelençde okuwçylar gören zatlarynyň (awtobusyň, garažyň) suratyny şekillendiriş sungaty sapaklarynda çekýärler. Zähmet sapaklarynda maşynlaryň, awtobuslaryň şekillerini ýasap alboma ýelmeýärler, toýundan, plastelinden olaryň modelini ýasaýarlar ýa-da konstruktordan maşynlaryň modelini düzýärler.

Oba mekdepleriniň çagalaryny obadaky oba hojalyk maşynlarynyň garažlaryna gezelenje äkitmek göz öňünde tutulýar.

**Ýumuşlar:**

1. Gezelenjiň bilim berijilik, terbiýeleýjilik, ösdürijilik ähmiýetini düşündiriň.
2. Gezelenje taýýarlygyň etaplaryny amaly iş depdere ýazyň.
3. Guralýan gezelençden edilýän talaplary ýazyň.
4. Belli bir edara ýa-da önümçilige guralýan gezelenjiň meýilnamasyny düzüň.

## Zähmet okuwynda synpdan daşary işleri geçirmek. Synpdan daşary işleri guramak.Synpdan daşary işleriň mazmuny we meseleleri.

Hemmetaraplaýyn sazlaşykly ösen kämil şahsyýeti terbiýeläp ýetişdirmek wezipesini diňe bir sapak döwründe, bilimiň mazmunyny özleşdirýän döwründe berjaý etmek mümkin däl.Bu möhüm wezipäni amal etmekde synpdan daşary geçirilýän terbiýeçilik çäreleri aýratyn ähmiýet berýär.

Sapakdan beýleki wagtlarda okuwçylar bilen geçirilýän dürli mazmundaky, dürli häsiýetdäki okuw terbiýeçilik çärelerine „Synpdan daşary işler“ diýlip atlandyrylýar.Synpdan daşary işler bir synpyň okuwçylary bilen hem, birnäçe synplaryň okuwçylary bilen hem,

umumy mekdep möçberinde hem guralyp bilner.

Synpdan daşary işler okuwçylaryň islegleri boýunça guralýar.Şonuň üçin synpdan daşary işler okuwçylaryň köplenç halatlarda tehniki indiwidual (ýeketäkleýin) höwesine baglydyr.Synpdan daşary işler mugallym üçin dürli-dürli çäreleri geçirmeklige mümkinçilik berýär, çagalaryň tehniki ukyplaryny ösdürýär, ylma, tehnika, döredijilik işlerine söýgini terbiýeleýär.

Synpdan daşary işleri guramakda mugallym şu aşakdaky ýörelgeleri göz öňünde tutýar:

- okuwçylaryň ukyplaryny göz öňünde tutup, olaryň işlegleri boýunça işiň mazmunyny, usullaryny saýlap almaly;
- synpdan daşary işlere okuwçylary köpçülikleýin gatnaşdyrmaly;
- çagalaryň özbaşdak, döredijilik isleglerine daýanmaly;
- synpdan daşary işlerde ýasalan zatlaryň hemmesi jemgyýete peýdaly bolmaly;
- okuwçylary önümçilik bilen tanyşdyrmaly;
- synpdan daşary işleriň hemme görnüşi okuw-terbiýeçilik meseleleri bilen bilelikde alnyp barylmalydyr.

Synpdan daşary işleriň mazmunyna kagyz, mata, dürli serişdeler bilen işlemeklik goşulýar, ýöne sapakda ýasalan zatlar synpdan daşary işlerde gaýtalanmaly däldir.

Zähmet okuwy boýunça synpdan daşary işleriň mazmunyna kagyzdan, kartondan, matadan we dürli serişdelerden şu aşakdaky önümleri taýýarlamak maslahat berilýär:

**Kagyzdan we kartondan:**

1.Kagyzlaryň toplumyny düzmek;
2.Kartondan toplum düzmek;
3.Göwrümli geometrik figuralary taýýarlamak.

**Matadan:**

1.Diwar üçin matadan toplum taýýarlamak;
2.Örüm işlerini geçirmek( makrame);
3.Gurjak teatry üçin gurjaklary tikmek;
4.Ýumşak oýunjaklary tikmek.

**Dürli serişdeler bilen işlemek:**

1.Toýundan, plastelinden dürli önümleri taýýarlamak;
2.Tebigy serişdelerden (samandan, şişkalardan, hozuň gabygyndan) dürli önümleri taýýarlamak;
3.Dürli serişdelerden toplum döretmek;
4.Guradylan ýapraklardan ýelimlemek işlerini geçirmek.

Zähmet okuwy boýunça mekdep işlerinde synpdan daşary işlerde şu aşakdakylar geçirilýär:

1.Mugallymyň ýumuşlary boýunça ýeketäkleýin işleri geçirmek;

2.Gurnak işlerini geçirmek;
3.Köpçülikleýin synpdan daşary işleri geçirmek.

Synpdan daşary işler meýilnamalaşdyrylanda, başlangyç synp mugallymlarynyň ukyplaryny we mümkünçiliklerini göz öňünde tutmaly.Birnäçe mugallymlar ýeketäkleýin işlerini geçirýärler, beýleki mugallymlar bolsa, gurnak işlerini geçirýärler, ýene-de birnäçesi köpçülikleýin işlerini geçirmekligi göz öňünde tutýarlar.Umumy mekdep meýilnamasynda synpdan daşary işleriň mazmuny, gerekli serişdeleriň, gurallaryň, enjamlaryň görnüşleri görkezilendir.Synpdan daşary işleri geçirmek üçin ýörite onuň rejesi düzülýär.

## Sapakdan daşary işlerde ýeketäkleýin işleri geçirmek

Ýeketäkleýin işler mugallymyň ýörite düzülen meýilnamasy boýunça geçirilýär.Mugallymyň maslahaty boýunça okuwçylar özbaşdak görkezme esbaplary taýýarlaýarlar.

Işi başlamazdan öň mugallym giriş gürrüňini geçirýär we ýumuşlaryň meseleleri, maksady bilen tanyşdyrýar.Okuwçylar umumylykda işi düzýärler, gerekli serişdeleri, gurallary belleýärler.Birnäçe önümleri ýasamak üçin okuwçylar özlerinden serişdeleri goşýarlar.Mysal üçin: otkrytkalar, reňkli sapaklary, tebigy serişdeleri we ş.m.Saýlap alan ýumuşlary okuwçylar özbaşdak taýýarlaýarlar, sapakda ulanylýan serişdeleri ýeketäkleýin işlerde ulanmak bolýar.Ýöne mazmunyna görä sapakda geçilen temany ýeketäkleýin işlerde ulanmak bolanok.

Birnäçe sebäplere görä sapakda okuwçylar işi doly ýerine ýetirip ýetişmeýärler.Mysal üçin: predmeti reňklemek, şol ýagdaýda ýeketäkleýin işlerinde birnäçe okuwçylara dowam etmek üçin tabşyryp bolýar.Munuň ýaly ýumuşlary doly pikirlenip ýerine ýetirmeli.Mysal üçin: keşdeleri reňklemek, ýelimlemek işini geçirmek, okuwçylar bilen instruktaž geçirmek. Işi nähili owadan, gelişikli we çalt ýerine ýetirip bolýandygyna okuwçylar düşünmelidirler.

Ýasalan zatlaryň birnäçesini amaly işlerde ulanyp bolýar.Mysal üçin: eplenýän metr ýasalan bolsa, okuwçylar jaýyň inini we uzynlygyny ölçäp bilerler.Şunuň ýaly ýeketäkleýin berilýän ýumuşlar zähmet okuwynyň ähmiýetini çagalaryň öňünde has hem ýokary göterýär.Özbaşdak görkezme esbaplary taýýarlamaklygyň uly terbiýeçilik ähmiýeti bardyr: matematika üçin-sanawaçlar; ene dili üçin-didaktiki oýunlar, gerekli esbaplar; şekillendiriş sungaty dersi üçin-toýundan, plastelinden dürli şekilleri ; tebigaty öwreniş dersi üçin-dürli toplumlary ýygnamak we ş.m. Ösümlikleri ösdürip ýetişdirmegiň uly okuw-terbiýeçilik ähmiýeti bar.Beýleki işlere garanyňda, ösümlikleri ýetişdirmek uzak wagta çekýär, şonuň üçin okuwçylaryň başarnyklaryny, endiklerini berkitmäge ukyp döredýär.Ýeketäkleýin ýumuşlar berlende okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryny göz öňünde tutmaly we olara güýçýetrli işleri tabşyrmaly.

Ýeketäkleýin işler gurnak işleriniň birinji basgançagydyr diýip

hasaplamak bolar.Ýeketäkleýin işleri gowy ýerine ýetirýän okuwçylar gurnak işlerine goşulyp, olar iň işjeň okuwçylar bolýarlar.

## Sapakdan daşary işlerde gurnak işlerini geçirmek

Ders boýunça gurnalýan gurnak işleri esasan isleg bildiren okuwçylary özüne çekýär.Gurnagyň aýratyn zehinli, yhlasly, başarjaň okuwçylary ýüze çykarmakda möhüm ähmiýeti bardyr.

Başlangyç synplarda oýunjak taýýarlamagyň, görkezme esbap ýasamagyň, tehniki modelirlemegiň, amaly-haşam sungatynyň gurnak işleri giňden ýaýrandyr.

„Oýunjak taýýarlamak“ diýen gurnakda okuwçylar kagyzdan, matadan, tebigy serişdelerden oýunjaklary ýasamagy öwrenýärler. „Görkezme esbap taýýarlamak“ atly gurnakda okuwçylar dürli serişdelerden tekiz we göwrümli görkezme esbaplary taýýarlaýarlar. „Tehniki modelirlemek“ gurnagynda okuwçylar dürli maketleri, modelleri ýasamagy öwrenýärler. „Amaly haşam sungaty“ gurnagynda olar gurjak teatry üçin gurjaklary, samandan, toýundan, dürli serişdelerden predmetleri ýasamagy öwrenýärler.

Gurnak işleriniň mazmuny ýerli şertlere, okuwçylaryň isleglerine we mugallymyň taýýarlygyna baglydyr.

Gurnak işlerini nämeden başlamaly?

1.Okuwçylaryň höwesini öwrenmeli.
2.Gurnagyň agzalaryny saýlamaly.
3.Gurnagyň ekabyryny bellemeli.
4.Gerekli serişdeleri, gurallary taýýarlamaly.

Gurnak işleri hepdede bir gezek geçirilýär, dowamlylygy 1,5-2sagat bolup biler.Birinji sapaklarda okuwçylar nusga boýunça amaly ýumuşlary ýerine ýetirýärler, çyzgylar hem-de tehnologik karta bilen işleýärler.Indiki sapaklarda öňki işlerine üýtgeşmeleri goşmaklyk rugsat berilýär.Soňabaka okuwçylara özbaşdak işleri proektirlemek tabşyrylýar.

„Oýunjak ýasamak“ gurnagynda mugallym okuwçylar bilen ýumşak oýunjagy tikmek üçin gürrüň geçirýär.Haýsy oýunjagy tikjekdiklerini okuwçylar bilen bilelikde saýlaýarlar.Oýunjagy tikmek üçin nähili matalar gerek bolýar, haýsy serişdeleri saýlap almaly(pagta, sim bölekleri we ş.m.).Serişdeleri saýlap alnandan soň oýunjagyň ülňisini taýýarlamaly, ülňi boýunça tikin işlerine başlamaly.Amaly iş döwründe mugallym okuwçylar bilen oýunjaklar barada, matalaryň hilleri barada, olaryň taýýarlanyşy barada sorag-jogap alşyp biler.

Gurnak işinde „Jadygöý“ diýen wiktorinany geçirmek bolar:

1.Nebitden kim jorap örüp bilýär?
2.Agaçdan kim köýnek tikýär?
3.Kartoşkadan kim kaloş ýasaýar?
4.Kim görünmeýän gazy gap-gaçlara öwürýär?

Belkem Jadygöýler! Ýöne olar ertekilerden däl.Olar häzirki döwrüň jadygöýleri.Olaryň ady himikler.Olar örän oýlap tapyjy adamlar.

Plasmasdan ýasalýan süýümlerden egin-eşik üçin mata dokaýarlar, jorap örýärler, plaşlar, palatkalar üçin ýörite brezent mata dokalýar.Ony ýükleri ýagyşdan, çygdan goramak üçin ulanýarlar.Egin-eşikler, joraplar emeli plasmas ýüplerden dokalsa, örän owadan we berk bolýar, ýöne olar howany goýbermeýär, adam bedeni üçin ýakymsyz bolýar diýip okuwçylara düşündirmeli.Himikler we tekstil önümlerini öndürýän adamlar bu kemçiligi düzetmegiň ýoluny tapdylar.Emeli süýümleriň düzümine hakyky (pagta, ýüň) süýümleri goşdular.

Bu matalaryň hemmmesini alymlar, inženerler, himikler himiki zawodlarda, laboratoriýalarda oýlap işlediler.

Gurnak işlerinde mugallym okuwçylara wiktorinalar üçin özbaşdak soraglary düzmegi tabşyryp biler.Wiktorinanyň temalaryny okuwçylar özleri saýlap almaly.

Okuwçylaryň endiklerini berkitmek üçin her bir tema boýunça meýilnama düzmeli.

**Mysaly meýilnama:**

Ýumşak oýunjaklary biçmek we tikmek („tilkijik“)

1- nji sapak –Serişdeler we guralllar bilen tanyşmak.
2- nji sapak – matany biçime taýýarlamak, ülňileri matanyň ýüzünde ýerleşdirmek we olary gyrkmak.
3- nji sapak - „tilkiniň“ böleklerini birleşdirmek.
4- nji sapak - işi gutarnykly ýerine ýetirmek: „gözüni“, „burnuny“, „agzyny“ bejermek.Başga-da maýda bölekleri goşmak.

Her bir temanyň üstünde işläp bolandan soň, mugallym jemleýji sapagy geçirýär.

## Sapakdan daşary işlerde köpçülikleýin işleri geçirmek

Sapakdan daşary işleriň ýene-de bir görnüşi – köpçülikleýin iş geçirmekdir. Olara söhbetdeşlik, zähmetkeş adamlar barada gürrüň geçirmek, öňdebaryjy işgärler bilen duşuşyk guramak, bäsleşikler, önümçilik barada kinofilm görkezmek, okuwçylaryň döredijilik işleriniň sergisini guramak we ş.m. degişlidir.

Köpçülikleýin işler guralanda zähmet we tehnika barada zähmetkeş adamlar bilen söhbetdeşlik geçirmek iň uly orny tutýar. Söhbetdeşlik geçirilýän wagty mugallym tehniki serişdeleri (wideo ýazgylary), dürli görkezme esbaplary (suratlary we ş.m.) ulanmalydyr.Mysal üçin: Gaýyk ýasalanda mugallym okuwçylara gadym döwürdäki gaýyklaryň suratlaryny görkezýär, olaryň nämeden ýasalandygyny, ulanylyş tärlerini suratlaryň kömegi bilen görkezýär. Mümkinçilik bolsa mugallym okuwçylara Magellanyň, Kolumbyň gaýykda ýer şaryna aýlanandyklary barada gürrüň edip biler. Şonuň ýaly gürrüňler kiçi ýaşly okuwçylarda köpçülikleýin

işlere höwes döredýär.

Söhbetdeşlik geçirmek üçin önümçilik we daýhan birleşiginiň işgärlerini gatnaşdyrmak zerurdyr.Önümçilik işgärleri täze tehnika barada okuwçylar bilen gürrüň geçirmeli. Eger-de gürrüň geçirilýän wagty öndürilýän önümler ýa-da suratlar görkezilse okuwçylar üçin has hem täsirli bolar.

Häzirki döwürde wideo ýazgylary görkezmeklik giňden ýaýran.Şonuň üçin wideo görkezmekden öň okuwçylar bilen gysgaça gürrüň geçirmeli.Okuwçylar ýazgyny görýän wagty mugallym esasy kagyzlar boýunça ýörite düşündiriş geçirýär.Wideo ýazgy görenden soň, okuwçylar bilen jemleýji gürrüňi geçirmeli, soraglara jogap bermeli we goşmaça düşündiriş geçirmeli.

Synpdan daşary işleriň köpçülikleýin işlerini gyzykly we peýdaly guramak üçin şu aşakdaky çäreleri geçirmeli: oýunjak taýýarlamagyň, görkezme esbap toplumyny taýýarlamagyň bäsleşiklerini geçirmeli.Bäsleşigi topar arasynda geçirmek bolýar.Bäsleşikler birnäçe günüň dowamynda geçirilip bilner.

**Bäsleşikleriň mysaly temalary:**

1.Oýunjak taýýarlamagyň bäsleşigi(7-10 gün).

2.Tebigaty öwreniş sapaklary üçin ýasama priborlary taýýarlamak: gradusnik, kompas, soragnamalar(5-7 gün).

3.Matematika dersi üçin hasaplaýyş esbaplary taýýarlamak(5-7 gün).

4.Tebigy serişdelerden arça üçin oýunjaklary taýýarlamak(5-6 gün).

5.Guradylan ýapraklardan nanno düzmek(7 gün).

6.Dürli serişdelerden toplum döretmek(6-7 gün).

Bäsleşikleriň mazmuny dürli-dürli bolup biler. Mysal üçin: „Biziň iň gowy görýän ertekilerimiz“, „Meniň ülkäm“, „Çörek mukaddesdir“.

Bäsleşikden öň owadan ýazgy taýýarlamaly.Şol ýazgyda bäsleşigiň şertlerini ýazmaly, gerekli serişdeleri görkezmeli we geçiriljek senesini bellemeli. Bir hepde geçenden soň bäsleşige taýýarlan zatlaryny tabşyrýarlar. Barlag geçenden soň her bir işe ýer berilýär.

Başlangyç synplarda bäsleşigi synplaryň arasynda hem geçirmek bolýar.Mekdep möçberinde bäsleşikleri geçirmek örän zerur.Bäsleşikde 1-nji synpdan X- synpa çenli okuwçylary gatnaşdyryp bolar.Bäsleşigi bahalandyrmak üçin mugallymlary gatnaşdyrmaly.

Synpdan daşary işlere ata-eneleri hem işjeň gatnaşdyrmaly.Mugallym ata-eneleriň hünärleri bilen, işleýän ýerleri bilen tanyşýar, çagalaryň öý işlerini ýerine ýetirişleri bilen gyzyklanýar.Mugallym ata-eneler bilen öz boş wagtlarynda çagalara nähili kömek edýändikleri, nämeleri öwredýändikleri, çagalaryň näme bilen meşgullanýandyklary barada gürrüň geçirýär.Ata-eneler ýygnagynda mugallym olary maksatnama bilen tanyşdyrýar.Maksatnamada şeýle soraglar bar: „Maşgalada zähmet işleriniň guralyşy we şol işlere çagalary çekmek“.

Maşgalada zähmet işleriniň mazmunyna şu aşakdakylar girýär: öýleri ýuwmak we arassa saklamak, ekin meýdançada işlemek, howlyny arassa saklamak, hojalyk işlerine kömekleşmek, tikin-çatyn, örüm işlerini öwrenmek.

Mekdepde okuwçylar synpdan daşary işlerde diwar gazetini goýbermäge kömek edýärler, dürli serişdelerden täze ýyl baýramçylygyna oýunjak taýýarlaýarlar.

Ata-eneleriň mugallym bilen bileleşik işleriniň mazmunyna okuwçylary ata-eneleriniň işleýän ýerleri bilen tanyşdyrmak hem girýär.Ata-eneler öz işleýän ýerlerine gezelenji gurap bilerler.Okuwçylar öz güýçýeterliginde otag ösümliklerine ideg etmeklige, meýdançada gülleri ösdürmeklige, synpyň içini arassa saklamaklyga kömekleşýärler.

Jemgyýete peýdaly işleri guramakda gurnak işleri uly kömek berýär. Başlangyç synplarda „Erkin ussahana“ atly işleri geçirmek bolýar. Erkin ussahana okuwçylar belli bir wagtda we günde sapagyň rejesi boýunça gelip bilerler. Mugallym okuwçylara kömek we maslahat bermeli, gerekli serişdeleri saýlap almaklyga ugrukdyrmaly. Erkin ussahanada okuwçylara mugallym belli bir ýumuşlary berip biler.

Köpçülikleýin işlerde iň wajyp orny mekdeplerde guralýan sergiler tutýar.Sergiler dürli maksat bilen guralýar. Esasan okuwçylaryň döredijilik işlerini görkezmek üçin belli bir wakalara, baýramçylyklara salgylanmak bolar.Ýylyň soňunda jemleýji sergiler guralýar.

Sergiler diňe bir eksponatlara görä gelenleriň ünsüni çekmän, eýsem gözellik taýdan hem gelşikli bolmalydyr. Eksponatlaryň ýerleşişi ýerbe-ýer bolmaly.Her eksponatda okuwçynyň ady, familiýasy, synpy ýazylmaly.Sergilerde ýörite hormat haty diýen kitapça tutulmaly, şol kitapça gelenler öz isleglerini we maslahatlaryny ýazmaly.Sergi barada gürrüň bermekligi ökde okuwçylara tabşyrmaly.

Synpdan daşary işlerde zähmet okuwynyň dürli usullaryny we tärlerini ulanmaklyklyga, jemgyýete peýdaly işleri geçirmeklik, I-X synpa çenli okuwçylary gatnaşdyrmaklyga mümkinçilik berilýär.

**Ýumuşlar:**

1. Zähmet okuwy boýunça synpdan daşary işleriň esasy görnüşlerini häsiýetlendiriň.
2. Synpdan daşary işiň bir meýilnamasyny düzmeli.
3. Synpdan daşary işiň bir çäresini takyk düzmeli: taýýarlanyşyny, geçirilişini we jemlenilişini.

### Interaktiw usulda multimediýa tagtasynyň kömegi bilen geçiriljek sapagyň mysaly meýilnamasy

**Sapagyň mazmuny:** Kagyz bilen işlemek.

**Sapagyň temasy:** Ýol belgilerini ýelimleme usulynda ýasamak. Multimedia tagtasynyň kömegi bilen şekilleri suratlandyrmak.

**Sapaga gerekli enjamlar we serişdeler:** multimedia tagtasy, reňkli kagyz, gaýçy, galam, ýelim.

**Sapagyň maksady:** Multimedia tagta barada okuwçylara düşünje bermek we işlemek düzgünlerini öwretmek; okuwçylaryň başarnyklaryny we bilimlerini ösdürmek; ýol hereketleriniň düzgünleri bilen okuwçylary tanyş etmek; ýol belgileriniň ýasalyşyny öwretmek;

Sapagyň gidişi:

**I.Guramaçylyk döwri.** Okuwçylaryň sapaga taýýarlygyny barlamak. Multimedia tagtasyny taýýarlamak, gerekli şekilleri ýerleşdirmek.

**II.Täze temany beýan etmek.**

1. **Giriş gürrüňi.** Mugallym multimedia tagtasy barada okuwçylara düşünje berýär. „Multimedia“ sözi iňlisçeden terjime edilende, maglumatlaryň we okatmagyň dürli görnüşli serişdeleriniň bir wagtda ulanylmagy diýmekdir.
   Multimedia tagtanyň enjamlaşdyrylyşy barada düşünje berýär. Tagtanyň ýüzünde elektron galam bilen işlemegi (çyzgy çyzmagy, surat çekmegi) görkezýär. Kompýuteriň kömegi bilen ekranda dürli şekilleri görkezýär. Multimediýa tagtasyny işe taýýarlamagy we öçürilişini mugallym görkezýär.
2. Ekranda mugallym ýol belgileriniň birnäçesini görkezýär we ölçeglerini tagtada ýazýar.

- demir ýol geçelgesine ýakynlaşýarys,
- durmak gadagan,
- durulýan ýer,
- ilkinji medisina kömeginiň punkty.

Her bir belgi boýunça düşündiriş berýär we seresaplyk düzgünlerini düşündirýär.

3. Belgileriň ýasalyş usullaryny mugallym düşündirýär we öwredýär.

III.Amaly iş.

1. Okuwçylar tagtanyň ýüzünde belgileriň şekillerini çekýärler. Mugallym birnäçe okuwçylary elektron galam bilen tagtada surat çekmegi öwredýär.
2. Iş ýerlerinde okuwçylar kagyzdan ýol belgileriniň şekillerini gyrkyp, alboma ýelmeýärler. Mugallym hatarlaryň arasynda aýlanyp, okuwçylaryň işlerine gözegçilik edýär we gerekli ýerinde kömek berýär.

**IV.** Ýerine ýetirilen işleri barlamak.
Kompýuteriň kömegi bilen iň gowy işleri multimediýa tagtasynda görkezmek. Okuwçylar ýerine ýetirilen işlere özleri seljerme berýärler. Has gowy ýerine ýetirilen işi ýüze çykarýarlar.

**V.** Sapagy jemlemek.

1. Sorag-jogap alyşmak.

- Multimediýa tagtasy nähili işleýär?
- Multimediýanyň ekrany näme üçin gerek?
- Ýol hereketleriniň belgilerinden ýene-de haýsylary bilýärsiňiz?
- Ýol hereketiniň düzgünlerini görkezýän belgiler näme üçin gerek?

Mugallym okuwçylaryň işlerini bahalandyrýar we tapawutlanan okuwçylara berekella sözi bilen sapagy jemleýär.

**Zähmet sapagynyň mysaly meýilnamasy ( 1-nji synp üçin)**

**Sapagyň mazmuny:** Dürli serişdeler bilen işlemek.

**Sapagyň temasy:** Plastilinden „balygyň“ şekilini ýasamak.

**Sapagyň maksady:** okuwçylara plastilin barada düşünje bermek;
„balygy “ ýasamagy öwretmek;
okuwçylaryň başarnyklaryny we endiklerini ösdürmek;
balyklara ideg edilişini öwretmek;
haýwanlara bolan söýgini artdyrmak.

**Sapaga gerekli esbaplar we serişdeler:** plastilin, klýonka, taýýar nusgalar.

**Sapagyň görnüşi: garyşyk.**

**Sapagyň meýilnamasy:**

**I.Guramaçylyk döwri.**

**II.Täze temany beýan etmek:**

a) giriş gürrüňi;
b) nusgany görkezmek;
ç) nusga boýunça düşündiriş.

**III.Amaly iş.**

**IV.Ýerine ýetirilen işlere seljerme bermek.**

**V.Sapagy jemlemek.**

**Sapagyň gidişi**

I. **Guramaçylyk döwri.** Okuwçylar bilen salamlaşmak, nobatçynyň kömegi bilen okuwçylaryň sapaga gatnaşygyny barlamak we olara gerekli serişdeleri paýlamak, synp tagtasyny sapaga taýýarlamak.Okuwçylaryň iş ýerlerinde esbaplarynyň ýerleşdirilişini gözden geçirmek.

**II.Täze temany beýan etmek.**

a) **giriş gürrüňi:** mugallym okuwçylar bilen balyklar barada sorag-jogap alyşýar(Balyklar nirelerde ýaşaýarlar? Balyklaryň nähili görnüşleri bar? Olar näme bilen iýmitlenýärler?). Plastilin toýun palçygyna meňzeş bolup, ondan dürli oýnawaçlary, şekilleri ýasamak üçin peýdalanylýar.Plastilin zolak-zolak görnüşde bolup, dürli reňklidir. Ol gutynyň içinde ýerleşýär(mugallym gutyny görkezýär) Plastiliniň dürli reňkli zolaklardan ýasalmagy ondan dürli reňkli oýnawaçlary ýasamaga mümkinçilik berýär. Dürli oýnawaçlar bilen birlikde kiçijik haýwanjyklaryň, gap-gaçlaryň we başga-da birnäçe zatlaryň şekillerini ýasamak hem bolýar. Plastilin bilen işlenende şahsy arassaçylyk düzgünini berjaý etmek zerurdyr.

**b) nusgagany görkezmek.** Synp tagtasynda „balyklaryň“ dürli suratlary ýerleşen. Balygyň oýunjak görnüşini okuwçylara görkezmek.

**ç) nusga boýunça düşündiriş.** Mugallym „balygy“ görkezip, onuň näçe böleklerden duryandygyny görkezýär. „Balygy“ ýasamak üçin plastiliniň haýsy reňkiniň gelişýändigini düşündirýär (sary, gyzyl). Düşündirişden soň okuwçylar amaly işe başlaýarlar.

**III. Amaly iş.**

**Işiň yzygiderligi**

1. Plastiliniň gerekli reňkini saýlap almaly.
2. Eliň bilen ony ýumşatmaly.
3. Iki eliň arasynda plastilini süýrüje görnüşine getirmeli.
4. Balygyň kellesini, guýrugyny, ýüzgüjini ýasamak
5. Işi gutarnykly ýerine ýetirmek.
6. Iş ýerini arassalamak.

Amaly iş döwründe mugallym hatarlaryň arasynda aýlanýar. Kynçylyk çekýän Okuwçylara kömek edýär, okuwçylaryň dogry oturmaklaryny talap edýär we arassaçylyk düzgünlerini ýatladýar.

**IV. Ýerine ýetirilen işlere seljerme bermek.**

Sapagyň bu döwründe mugallym hatarlaryň arasynda ýaryş geçirip biler, sergi gurap deňeşdirme usulda ýasan seljerme berer. Umuman, seljerme bermekligi okuwçylary gatnaşdyrmaly.

**V. Sapagy jemlemek.**

Mugallym okuwcylar bilen sorag-jogap alyşýar:

1. Balyklaryň nähili görnüşleri bar?
2. Balyklar nirelerde ýaşaýarlar?
3. Sen öýde balyk saklaýarmyň?
4. Balyklar haýsy reňklerde bolýarlar?

Sapagyň jeminde mugallym okuwçylaryň ýasan zatlaryny gözden geçirýär we bahalaryny aýdýp berýär.

**Zähmet sapagynyň mysaly meýilnamasy (2-nji synp üçin)**

**Sapagyň mazmuny:** Kagyz bilen ýelimlemek işlerini geçirmek.

**Sapagyň temasy:** Gap-gaçlaryň şekilini ýasamak we alboma ýelimlemek. Çäýnegiň we käsäniň şekilini gyrkmak, alboma ýelimlemek we çeper bezeg işlerini geçirmek.

**Sapagyň maksady:** okuwçylara gap-gaçlar barada düşünje bermek we gyrkyp ýelimlemegi öwretmek;
okuwçylaryň başarnyklaryny we endiklerini ösdürmek;
zähmete, zähmet çekýän adamlara, olaryň işlerine söýgi döretmek.

**Sapaga gerekli esbaplar, serişdeler:** reňkli kagyz, albom, gaýçy, galam, ýelim, taýýar nusgalar, hakyky predmetler (çäýnek-käse), şablonlar.

**Sapagyň görnüşi: garyşyk.**

**Sapagyň meýilnamasy:**

**I.Guramaçylyk döwri.**

**II.Täze temany beýan etmek:**

a) giriş gürrüňi;

b) nusgany görkezmek;

ç) nusga boýunça düşündiriş.

**III.Amaly iş.**

**IV.Ýerine ýetirilen işlere seljerme bermek.**

**V.Sapagy jemlemek.**

**Sapagyň gidişi:**

**I. Guramaçylyk döwri.** Okuwçylar bilen salamlaşmak, nobatçynyň kömegi bilen okuwçylaryň sapaga gatnaşygyny barlamak we olara gerekli serişdeleri paýlamak, synp tagtasyny sapaga taýýarlamak.Okuwçylaryň iş ýerlerinde esbaplarynyň ýerleşdirilişini gözden geçirmek.

**II.Täze temany beýan etmek.**

a) **giriş gürrüňi:** Gap-gaçlaryň bezegi aşhana görk berýär. Bezelgi gaplarda süýt-gatyk, çaý içmek, nahar iýmek adamyň işdäsini açýar.Gadym wagtlarda tabaklary, çemçeleri, susaklary agaçdan ýasapdyrlar. Olaryň ýüzlerini köwüp, kesip nagyşlapdyrlar.Gözel görnüşli gap-gaçlar sungat hökmünde sergilerde goýulýar.Olar muzeýlerde saklanylýar.Çaý içilýän käse-çäýnekler hem ýörite ak palçykdan ýasalýar. Oňa farfor, faýans diýilýär. Käsedir çäýnekler dürli görnüşde ýasalýar.Olar her hili nagyşlar bilen bezelýär.

b) **nusgany görkezmek.** Synp tagtasynda käse-çäýnegiň ýelimlenen görnüşinde görkezme esbaplary asylan bolmaly we hakyky çäýnek-käsäni okuwçylara görkezmeli.

c) **nusga boýunça düşündiriş:** Okuwçylar şablonlary alyp çäýnek-käsäniň şekilini yzarlap alýarlar. Soňra alboma ýelimlemeli.Şablon bilen işlemegiň usulyny mugallym goşmaça düşündirýär. Şablonlary

reňkli kagyzyň yzyna goýup yzarlamaly, ondan soň gyrkmaly. Şekilleri alboma ýelmänlerinden soň, reňkli kagyzdan güljagazy ýa-da nagyşlary gyrkyp ýelimlemeli. Işi owadan we arassa ýerine ýetirmekligi mugallym tabşyrmaly.

**III. Amaly iş.**

**Işiň yzygiderliligi**

1. Albomy işe taýýarlamaly (ramkany çyzmaly).
2. Albomda çäýnegiň, käsäniň ýerini bellemeli.
3. Çäýnegiň şablonyny alyp, reňkli kagyzyň ters ýüzünde goýmaly we yzarlamaly, soňra bolsa gyrkmaly.
4. Käsäniň şablonyny reňkli kagyzyň ters ýüzünde goýup yzarlamaly, soňra gyrkmaly we albomda çäýnegiň gapdalyna ýelimlemeli.
5. Reňkli kagyzdan gülleriň şekillerini, nagyşlary gyrkyp, çäýnegiň, käsäniň daşyna ýelimlemeli.
6. Işi gutarnykly ýerine ýetirmeli.
7. Iş ýerlerini arassalamak.

Amaly iş döwründe mugallym okuwçylaryň göni oturmaklaryny talap edýär. Howpsuzlyk düzgünlerini ýatladýar we kagyzy tygşytly peýdalanmagy talap edýär.

**IV. Ýerine ýetirilen işlere seljerme bermek.**

Sapagyň bu döwründe mugallym hatarlaryň arasynda ýaryş geçirip biler, sergi gurap biler ýa-da deňeşdirme usulda ýasalan işlere seljerme berer. Umuman, seljerme bermeklige okuwçylary gatnaşdyrmaly.

**V. Sapagy jemlemek.**

Mugallym okuwçylar bilen sorag-jogap alyşýar:
- Çäýnek-käse nämeden ýasalýar?
- Farfor, faýans diýip nämä aýdylýar?
- Gadym wagtlarda gap-gaçlary nämeden ýasapdyrlar?

Okuwçylara tema degişli sorag berilýär, olaryň ýasan işleri bahalandyrylýar we sapak jemlenilýär

## Zähmet sapagynyň mysaly meýilnamasy ( 3-nji synp üçin)

**Sapagyň mazmuny:** Mata bilen işlemek.

**Sapagyň temasy:** Tikinleriň görnüşlerini tikmek we toplumyny düzmek.

**Sapagyň maksady:** okuwçylary el tikinleri bilen tanyşdyrmak we tikmegi öwretmek;
okuwçylaryň başarnyklaryny we endiklerini ösdürmek;
serişdelerden tygşytly peýdalanmaklygy öwretmek;

tikin-çatyn işlerine höwes döretmek.

**Sapaga gerekli esbaplar, serişdeler:** mata bölekleri, iňňe, sapak, gaýçy, taýýar nusgalar, tablissa.

**Sapagyň görnüşi: garyşyk.**

**Sapagyň meýilnamasy:**

**I. Guramaçylyk döwri.**

**II. Täze temany beýan etmek:**

a) giriş gürrüňi;

b) nusgany görkezmek;

ç) nusga boýunça düşündiriş.

**III. Amaly iş.**

**IV. Ýerine ýetirilen işlere seljerme bermek.**

**V. Sapagy jemlemek.**

**Sapagyň gidişi:**

I.**Guramaçylyk döwri:** Okuwçylar bilen salamlaşmak, nobatçynyň kömegi bilen okuwçylaryň sapaga gatnaşygyny barlamak we olara gerekli serişdeleri paýlamak, synp tagtasyny sapaga taýýarlamak.Okuwçylaryň iş ýerlerinde esbaplarynyň ýerleşdirilişini gözden geçirmek.

**II. Täze temany beýan etmek:**

a) **giriş gürrüňi.** „Iňňe bilen sapagyň söhbeti“.

Nirä sümseň sümülýän,
Basyp gelýän ökjäňi.
Ýöne göremok sen dek,
Gaçmaklyga ökdäni.

Kowup ýörin näçe ýyl,
Ýetip bilmän deňiňe.
Asyl sypyp bilmersiň
Düşme meniň demime.

Işleseň, ilik tikýäň,
Ýa öwrülýäň keşdä sen.
Erk mendekä deňimden
Geçip bilseň, geç-dä sen.

Ýa çekize haltadyr,
Ýa-da ýassyk daşydyr.
Jigim şeýle zatlary
Başaraýjak kişidir.

Giriş gürrüňde mugallym Türkmenistanyň dokma senagaty, mata önümçiligi barasynda gysgaça gürrüň berýär. Matalaryň görnüşleri barada düşünje berýär, ýagny, matanyň nämeden edilýändigini, süýümleriň toparlary barada(hakyky we tebigy süýüm) we ş.m. barada gürrüň berýär.

**b) nusga görkezmek.**

**ç) nusga boýunça düşündiriş.** Elde tikilýän tikin işleriniň dürli görnüşleri bar.Olardan depjeme, halkalaýyn ildirme, kök atma, garalama we ş.m. görkezip bolar. Bir reňkli matanyň ýüzüne reňkli sapak bilen tikinleri göni çyzyk bilen tikmeli.Soňra bir gyrasyna kagyz ýelimläp, albomyň ýüzüne ýerleşdirmeli.

**III. Amaly iş.**

**Işiň gidişi:**

1. Matany işe taýýarlamak (7X10 sm. ölçegde matany gyrkmak).
2. Matanyň ýüzünde galam bilen göni çyzyk geçirmek.
3. Reňkli sapak bilen gerekli tikini tikmek.
4. Işi gutarnykly ýerine ýetirmek.
5. Iş ýerini arassalamak.

**IV. Ýerine ýetirilen işlere seljerme bermek.**

Mugallym dürli usullardan peýdalanyp, işiň netijesini barlamaly. Ýaryş, deňeşdirme, sergi guramak. Seljerme işlerine okuwçylary hem gatnaşdyrmak.

**V. Sapagy jemlemek.**

Mugallym okuwçylar bilen sorag-jogap alyşýar:

- Matalar nämeden öndürilýär?
- Süýümleriň nähili görnüşleri bar?
- Hakyky süýümler nämeden alynýar?
- Himiki süýümler nähili usulda alynýar?

Okuwçylara tema degişli soraglar berip, olaryň ýasan işleri bahalandyrylýar we sapak jemlenilýär.

**Geçilen temalar boýunça barlagnamalar**

**1.Maksatnama kim tarapyndan tassyklanylýar?**

a) mekdebiň müdiri; ç) mekdebiň okuw işleri boýunça orunbasary;

b) mugallym; d) bilim ministrligi.

**2. Görkezip okatmak ýörelgesi haýsy usul bilen baglanyşykly?**

a) görkezme usuly; ç) kyn mesele usuly;

b) amaly usul; d) dilden sözleýiş usuly.

**3. Işleri ýerine ýetirilende ölçeg we hasap işlerini geçirmek üçin haýsy ders bilen arabaglanyşyk saklamaly?**

a) taryh; ç) şekillendiriş sungaty;

b) matematika; d) tebigaty öwreniş.

**4.Amaly taýýarlyk näçe funksiýadan durýar?**

a) 2; ç) 4;

b)6; d) 10;

**5.Zähmet sapagynda okuwçylarda oňyn häsiýetleri terbiýelemekligiň ugurlary haýsylar?**

a)okuw prosesinde, maşgala; b)arakesmede;

ç)okuw prosesinde, synpdan daşary işlerde, ata - eneler we jemgyýetçilik edaralar bilen geçirilende ; d) sapak döwründe.

**6. Zähmet sapagynda amaly işe näçe wagt berilýär?**

a) 10 - 15 minut b) 5 –minut ç) 20 minut; d) 30 minut

**7.Giriş, nusga görkezmek, nusga boýunça düşündiriş sapagyii haýsy etabyna degişli?**

a) guramaçylyk döwri; b) amaly iş;

ç) täze temany beýan etmek; d) sapagy jemlemek;

**8.Okuwçy matanyň ýukadygyny, galyňdygyny, gatydygyny, ýumşakdygyny psihologik prosesleriniň haýsysy bilen kesgitläp biler?**

a) psihomotorika   b) görüş

ç) kinesteziýa   d) eşidiş

1 synp.   Tehnologik karta.  Kagyzyň eplenilişi. Stakan ýasamak.



Eskiz boýunça i



Nusga. 1-umumy görnüşi, 2-nagşyň bölekleri.






100
100



1




2

## Sözlük

1. Politehnizm- tehnikanyň dürli görnüşleri;
2. Kinesteziýa- deri duýgusy;
3. Psihomotorika- adamyň hereketlerini öwrenýän ylym;
4. Estetika- gözellik baradaky ylym (gözellik duýgusy);
5. Applikasiýa- ýelimleme;
6. Ergonomika- adamlaryň boýuna laýyk iş ýerleriniň we enjamlarynyň amatly ýerleşişini öwrenýän ylym.
7. Antropometriýa- adam bedeniniň ölçeglerini kesgitleýän ylym;
8. Instruktaž- zähmet prosesiniň tärlerini düşündirmek;
9. Ewristik gürrüň- predmet barada hemmetaraplaýyn gürrüň bermek, sorag-jogap alyşmak;
10. Algoritm- meseläni çalt çözmekligiň aňsat ýoluny tapmak;
11. Eskiz- predmeti göniburçlugyň proýeksiýa düzgünleri boýunça şekillendirmek;
12. Kriteriýa- ölçeg, hakykat kriteriýasy, hakykatyň ölçegi;
13. Ekskursowod- gezelenji alypbaryjy;
14. Wiktorina- sorag-jogap alyşmak;
15. Kontur- sudur.
16. Kompleksleýin-toplumlaýyn.

## Edebiýat


1. Berdimuhamedow G.M. ,,Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr” Aşgabat, 2007.
2. Berdimuhamedow G.M. ,,Ösüşiň täze belentliklerine tarap” Saýlanan eserler. Aşgabat, 2008.
3.Ýakow A.R. Uçebnoýe posobiýe dlýa pedagogiçeskih uçiliş. „Metodika trudowogo obuçeniýa s praktikumom w uçebnyh mastersk`ih” M., ,,Prosweşşeniýe” 1988.
4. Trudowoýe obuçeniýe w naçalnyh klassah. M., ,,Prosweşşeniýe” 1978.
5. Seýtlin N.E, Domidowa A.P. Sprawoçnik po trudowomu obuçeniýu. M., ,,Prosweşşeniýe” 1983.
6. Orta mekdepleriň I-VI synplary üçin zähmet okuwy dersi boýunça okuw maksatnamasy. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy. 2007.
7. Romanina W.I. „Didaktiçeskiý material po trudowomu obuçeniýu“ M., ,, Prosweşşeniýe“
8. Haljanow Ş. „Garaşsyzlyk pedagogikasy“.„Ruh“ Aşgabat, 1955.
9. Nobatow M., Çaryýew N., Jumaýewa O. Zähmet okuwy – I synp. Aşgabat, 2005.
10. Nobatow M., Çaryýew N., Jumaýewa O. Zähmet okuwy- II synp. a Aşgabat, 2005.
11. Nobatow M., Çaryýew N., Jumaýewa O. Zähmet okuwy- III synp. Aşgabat, 1997.
12. Şeblikyn. „Applikasionnyýe raboty w naçalnyh klassah“. M., 1990.
13. Paşalakow B., Basarow B., Hydyrowa H. Çärjew. Umumy psihologiýa. 1992.

## Mazmuny

Giriş. Zähmet okuwynyň usuly, maksady we meseleleri--------- 3
Zähmeti okatmagyň usulyýeti dersiniň meseleleri------------------- 6
Okuwçylary zähmete politehniki taýdan taýýarlamak--------------- 7
Okuwçylary zähmete psihologik taýdan taýýarlamak---------------- 10
Zähmet sapagynda okuwçylary hemmetaraplaýyn ösdürmek------- 13
Zähmetde okuwçylary amaly taýdan taýýarlamak-------------------- 16
Zähmet okuwynyň maksatnamasy we bölümleri---------------------- 19
Politehniki bilimleriň we endikleriň mazmuny------------------------21
Zähmet sapaklarynyň beýleki dersler bilen arabaglanyşygy-------- 22
Zähmet okuwynyň mazmunyny kesgitleýän prinsipler--------------- 23
Mekdep, maşgala we jemgyýetçilik edaralar bilen aragatnaşyk saklamak------------------------------------------------------------------ 26
Zähmet okuwynyň otagy we onuň enjamlaşdyrylyşy--------------- 27
Zähmet okuwynyň otagyndaky içki düzgünler-------------------- 33
Zähmet otagyndan edilýän gigiýeniki talaplar----------------------- 35
Başlangyç synplarda zähmet sapagynda ulanylýan usullar------- 36
Maglumat çeşmesini kesgitleýän usullar-------------------------- 37
Okuwçylaryň döredijilik işlerini kesgitleýän usullar------------ 39
Okuwçylaryň işleriniň görnüşlerini kesgitleýän usullar--------- 41
Okatmaklygyň interaktiw usuly---------------------------------------- 43
Zähmet okuwy sapagy. Zähmet sapagynyň aýratynlyklary we görnüşleri--------------------------------------------------------------- 46
Zähmet sapagynyň gurluşy------------------------------------------- 47
Sapagyň gurluşynyň doly düşündirilişi------------------------------- 48
Mugallymyň zähmet sapagyna taýýarlygy.Zähmet okuwy sapaklaryny meýilnamalaşdyrmak------------------------------------ 50
Kalendar-tematik meýilnamanyň mysaly nusgasy------------------ 51
Zähmet okuwy sapaklarynda tehniki resminamalar we olar bilen işlemegiň usullary------------------------------------------------------ 52
Tehniki surat boýunça işler geçirmek.Eskizler boýunça işlemek- 54
Tehnologik karta boýunça işkemek.Kagyzdan stakan ýasamak.
Zähmet sapaklarynda howpsuzlyk düzgünleri----------------------- 55
Başlangyç synplarda zähmet okuwy boýunça guralýan gezelençler------------------------------------------------------------------ 57
Gezelenji geçirmek üçin taýýarlyk görmek------------------------- 58
Gezelenji geçirmek we jemlemek------------------------------------ 60
Awtobus parkyna guraljak gezelenjiň mysaly ýazylyşy---------- 61
Zähmet okuwynda synpdan daşary işleri geçirmek. Synpdan daşary işleri guramak. Synpdan daşary işleriň mazmuny we meseleleri---------------------------------------------------------------- 62
Zähmet okuwy boýunça mekdepde geçirilýän sapakdan daşary işleriň görnüşleri.Ýeketäkleýin işleri geçirmek ------------------------- 64
Sapakdan daşary işlerde gurnak işlerini geçirmek------------------ 65
Sapakdan daşary işlerde köpçülikleýin işleri geçirmek------------ 66
Interaktiw usulda multimediýa tagtasynyň kömegi bilen geçiriljek sapagyň mysaly meýilnamasy------------------------------------------ 68
Zähmet sapagynyň mysaly meýilnamasy (2-nji synp üçin)--------- 71

Zähmet sapagynyň mysaly meýilnamasy (3-nji synp üçin)--------- 73
Geçilen temalar boýunça barlagnamalar ------------------------ 75